TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK WE DAŞKY
GURŞAWY GORAMAK MINISTRLIGI
BÜTINDÜNÝÄ EKOLOGIK GAZNASY
TÜRKMENISTANDA BMG-niň ÖSÜŞ MAKSATNAMASY

# TÜRKMENISTAN

# BMG-niň BIOLOGIK DÜRLÜLIK HAKYNDAKY KONWENSIÝASYNYŇ ÇÖZGÜTLERINI ÝERINE ÝETIRMEK BOÝUNÇA ALTYNJY MILLI HASABAT

Aşgabat
2019



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

*Türkmenistanyň Prezidenti*
***Gurbanguly Berdimuhamedow:***

***Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça konwensiýalarynyň onlarçasyna goşulmak bilen, ýurdumyz durnukly ösüş babatda dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde goýlan meseleleri çözmäge düýpli çemeleşýär.***

BMG-niň Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýasynyň (BDK) 6-njy Milli hasabaty BMGÖM/BEG-iň «Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýasy boýunça 6-njy Milli hasabaty ýazmak boýunça ýurtlara tehniki goldaw» sebitara taslamasynyň çäginde taýýarlandy we çapdan çykaryldy. Hasabatda biodürlüligiň ýagdaýyna we başga tebigy baýlyklara (tokaý, öri meýdan, suw, aw baýlyklary goşmak bilen) baha berildi; tebigaty goramak kanunlaryna seljerme berildi. Şeýle hem hasabatda daşky gurşawy goramak babatda döwlet dolandyryş ulgamyna seredilýär; Biologik dürlülik konwensiýasyny amala aşyrmakda kabul edilen çäreler we ýüze çykýan bökdençlikler beýan edilýär; ýurduň ylmy we tehniki zerurlyklaryna seljerme berildi; şeýle hem ulgamlaýyn, gurluş we işgärler, şol sanda ylym, bilim we maglumatlar mümkinçilikleri görkezildi.

6-njy Milli hasabaty taýýarlamaga gatnaşdylar:

J.Saparmyradow Türkmenistanyň Oba hojalyk we Daşky gurşawy goramak ministrliginiň daşky gurşawy goramak we meteorologiýa müdirliginiň başlygy, Ş.B.Karryýewa, Biologik dürlülik baradaky konwensiýanyň YTTMKG-nyň bilermeni; J.H.Annaçaryýewa biodürlülik boýunça milli bilermeni, G.Gurbanmämmedowa ÇÖHDMI-iň uly ylmy işgäri, biodürlülik boýunça milli bilermeni; A. Rotaru Biologik dürlülik boýunça halkara maslahatçy.

Hasabat biodürlüligi gorap saklamaga we biodürlüligi hem-de beýleki tebigy baýlyklary peýdalanmaga jogapkär daşky gurşawy goramak pudagynyň işgärleri, jemgyýetçilik guramalaryň wekilleri, ylmy we bilim berýän institutlaryň işgärlerine, ýokary we orta okuw mekdepleriniň mugallymlary, talyplar, okuwçylar, şeýle hem biodürlülik we tebigy gurşawyň meseleleri boýunça gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenendir.

# GIRIŞ

Türkmenistan – Merkezi Aziýa döwletleriniň bäşisiniň biri we şolaryň arasynda meýdany boýunça ikinji ýerde durýar – sebitiň günorta-günbatar böleginde, çöllük zolakda, Türkmen-Horasan dag ulgamynyň Köpetdag gerşinden demirgazykda, günbatarda Hazar deňzi bilen demirgazyk-gündogarda Amyderýanyň aralygynda ýerleşýär. Türkmenistanyň çäklerinde üç sany uly ösümlik prowinsiýalarynyň: Köpetdag-Horasan, Orta Azia daglyk we Bathyz hem-de Garabil belentliklerine geçýän Turan araçäkleri kesişýär. Bu şol bir wagtyň özünde Ortaýer we Merkezi Aziýa çöllük Turanyň hem häsiýetlerini saklamak bilen biologik we landşaft dürlüliginiň özboluşlylygyna we aýratynlygyna täsir edýär.

Täsinligi we baýlygy bilen tapawutlanýan Türkmenistanyň tebigaty çöl, sähra we dag ekoulgamlaryň örän ynjykdygy we näzikdigi sebäpli daşky täsirlere çalt sezewar bolmagy bilen baglylykda ekoulgamlaryň zaýalanmagynyň ýaramaz täsirine örän bagly bolup durýar. Ekoulgamlaryň zaýalanmagy öz gezeginde ykdysadyýete, saglygy goraýyşa we azyk howpsuzlygyna ýaramaz täsirini ýetirýär. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ýokary depginleri türkmen halkynyň maddy-hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna hem-de tebigy serişdelere bolan isleginiň artmagyna getirdi.

Senagatyň, gazyp alýan pudaklaryň we oba hojalygynyň ösmegi netijesinde suw bilen we topragyň tebigy hasyllylygynyň üpjün edilmegi, ekinleriň we ýabany ösümlikleriň arylar tarapyndan tozanlandyrylmagy, genetiki dürlüligiň möhüm düzüm bölekleriniň saklanmagy, baglaryň tebigy hadysalardan goramagy ýaly we beýleki tebigy hyzmatlaryň peýdalanylyşy we olara baglylyk güýçlendi. Galyberse-de, senagat önümçiliginiň ýokarlanmagy netijesinde, bu pudaklardaky önümçilikleriň töwereginde ýaýran biodürlülige we olaryň daşyny gurşap alýan ekoulgamlara edýän täsiri hem artýar.

Şeýlelikde Türkmenistanyň biodürlüligini gorap saklamak we durnukly peýdalanmak diňe bir tebigaty goramak pudagynyň we onuň düzümleriniň netijeli işleri bilen gazanmak mümkin däl. Tebigy baýlyklary we hyzmatlary gorap saklamak we olaryň durnukly peýdalanylmagyny üpjün etmek boýunça çäreler meýilnamalaşdyrylanda we durmuşa geçirilende tebigy önümlerden we hyzmatlardan peýdalanýan ýa-da täsiri ýetýän ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryny çekmek döwletiň strategiýasynyň aýrylmaz bölegidir.

Türkmenistanyň uzakmöhletleýin ekologiýa syaýasatynyň ýörelgeleri we düzgünleri daşky gurşawy goramak babatda milli strategiýalarda we maksatnamalarda kesgitlenendir. Ýurtda Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen 2002-nji ýylda tassyklanan Türkmenistanda daş – töweregi goramak hereketleriniň milli meýilnamasy (TDGHMM) 2010-njy ýyla çenli hereket etdi. Soňra döwlet ekologiýa syýasatynyň esasy düzgünleri Türkmenistany 2011–2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda we döwletiň başga wajyp resminamalarynda kesgitlenildi.

Türkmenistan dünýäniň ýurtlarynyň ilkinjileriniň biri bolup 2015-nji ýylda milli ykdysadyýetde Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) uýgunlaşmak boýunça maslahata başlady. Bu maslahatyň işine halkara bilermenler, ministrliklerden we edara-kärhanalardan (şol sanda Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginden), jemgyýetçilik guramalaryndan we başga ähli gyzyklanýan taraplardan wekiller çekildi.

2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanda DÖM-iň gözegçilik ulgamynyň dolandyryş-guramaçylyk düzümini tassyklamak, şol sanda ýurtda DÖM-i durmuşa geçirmek maksady bilen DÖM boýunça Iş toparyny döretmek barada karary kabul edildi, onuň düzümine 57 sany milli ministrliklerden we edaralardan, welaýat häkimliklerinden, Aşgabat şäherinden, jemgyýetçilik guramalardan, ylmy-barlag institutlaryndan we ýokary okuw mekdeplerinden wekiller girýär.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi sazlaşdyryjy gurama hökmünde bellendi, ol DÖM-iň durmuşa geçirilmegi bilen öňe gidişliklere gözegçiligi amala aşyrýar, şeýle hem Türkmenistanyň Statistika boýunça döwlet komiteti döwlet we edara statistikasynyň usulyýetlerine jogapkärçiligi çekýär; döwlet hasabatyny ýygnamak we edaralaryň statistikasynyň we administrasiýa maglumatlarynynyň ýygnalşyny sazlaşdyrmak; DÖM-iň maglumatlar goruny döretmek we alyp barmak.

Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen ýurtda DÖM-i netijeli amala aşyrmak üçin zerur bolan mümkinçilikleri gazanylmagynyň uly ähmiýetiniň bardygyny bellemek bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklar institutynda Ylmy-usulyýet merkezi döredildi. 2018-nji ýylyň 16-njy awgustynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde DÖM boýunça Ýerine Ýetiriji toparyň duşuşygy boldy, netijede 187 görkezijiden 15 sanysy aýryldy, 14 sany görkeziji üýtgedildi hem-de 3 sanysy goşmaça girizildi. Şeýlelikde, Türkmenistan tarapyndan häzirki wagtda maksatlaryň 17-si, 148 wezipe we görkezijileriň hem 175 sanysy resmi taýdan kabul edildi.

Geljekki nesilleriň hatyrasyna durnukly we uzakmöhletleýin ösüşi gazanmak maksady bilen, howanyň üýtgemek hadysasynyň çaltlaşýan, ilatyň sanynyň artýan we maddy gymmatlyklaryň sarp edilişiniň ýokarlanýan şertlerinde, Türkmenistanyň milli bähbitleri hem-de ýurduň durnukly ösüşi üçin ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna biodürlüligi gorap saklamagyň we möhüm ekoulgam hyzmatlaryny goldamagyň iş ýüzündäki usullaryny göz öňünde tutýan syýasatyň we çäreleriň ornaşdyrylmagynyň aýratyn möhüm ähmiýeti bardyr. Bu bolsa biziň döwletimiziň uzak geljegi nazarlaýan maksady bolan ýurtda «ýaşyl ykdysadyýeti» döretmegiň esasy şertlerinden biridir.

BMG-niň ýerine ýetiriji agentlikleri we başga halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmekde Türkmenistanyň uly tejribesi bar. Häzirki wagtda Bütindünýä ekologik gaznasynyň (BEG), BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamalary (ÝUNEP), BMG-niň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM), BMG-niň Senagat Ösüşi boýunça maksatnamasy (BMGSÖ), BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO), Ýewropa Bileleşigi (ÝB), Guşlary goramagyň patyşalyk jemgyýeti (RSPB, Beýik Britaniýa), Halkara hyzmatdaşlyk boýunça Germaniýa jemgyýeti (GIZ), Uýgunlaşmak gaznasy (UG), Merkezi Aziýanyň sebitara ekologik merkezi (MASEM) we başgalaryň gatnaşmagynda biodürlüligi gorap saklamak, klimatyň üýtgemegi, ozon gatlagyny gorap saklamak we ozondargadyjy maddalary çykarmak, ýer, tokaý, suw baýlyklaryny durnukly dolandyrmak we ýerleriň zaýalanmagyna we çölleşmäge garşy göreşmek ýaly birnäçe milli we sebitara derejede bilelikde taslamalar ýerine ýetirilýär. Bu taslamalaryň möhüm düzüm bölegi halkara tejribeleri hasaba almak bilen tebigaty goramagyň milli kanunçylyk namalarynyň kämilleşdirilmegidir.

Türkmenistanyň täze ekologiýa kanunçylygy köp ýagdaýlarda halkara-hukuk kadalaryny göz öňünde tutýar we häzirki talaplary hasaba almak bilen kanunlaryň täzelenmegi işjeň dowam edýär. Şol bir wagtda-da, daşky gurşawy goramak babatda milli kanunçylyk

ekologiýanyň halkara-hukuk kadalary bilen mundan beýläk hem sazlaşdyrylmalydyr. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň halkara ekologiýa ylalaşyklarynyň we konwensiýalarynyň çäklerinde kabul eden borçnamalaryna ýeterlik ünsi üpjün etmek möhümdir.

Milli derejede ykdysadyýeti ösdürmekde syaýasy, durmuş, medeni, maliýe, ykdysady we tehniki meseleleriň ýerine ýetirilişi milli, şeýle hem sebitara serhetüsti tebigaty goramak meseleleriň çözülmegi we biodürlüligi gorap saklamagyň talaplaryna laýyklykda ýurtda durnukly ösüşiň gazanylmagy bilen amala aşyrylmalydyr.

1996-njy ýylda Türkmenistan Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýa goşulmak bilen biologik dürlüligiň her bir ülüşini gorap saklamagyň dünýä ähmiýetli meseleleriniň oňun çözülmegine özüniň işjeň garaýşyny hem-de ekologiýa taýdan durnukly we howpsuz ösüşe ygrarlydygyny iş ýüzünde subut etdi. Türkmenistan bu Konwensiýa biologik dürlüligi gorap saklamagyň bitewi hukuk binýadyny üpjün edýän halkara syýasy resminamalaryň biri hökmünde garaýar. Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmekde Türkmenistan Merkezi Aziýa we Hazarýaka ýurtlary bilen sebitleýin, şeýle hem halkara derejede hyzmatdaşlygy amala aşyrýar.

Şeýlelikde tebigata parhsyz garamaýan, kararlary kabul edýän, taslamalary durmuşa geçirýän we maliýe goldawyny berýän açyk, gyzyklanýan, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň esasynda biologik dürlüligi gorap saklamakda üstünlikleri gazanmaga mümkinçilikler bolar.

Aziýanyň täsin künjeklerinde ýaşaýan raýatlar bilen bilelikde hyzmatdaşlyk etmezden, ýerli ýaşaýjylar bilen ýakyndan işlemezden, tebigaty gorap saklamak babatynda-da, şeýle hem ýönekeýje durmuş-ykdysady meseleleri çözmekde hem üstünlikleri gazanmak mümkin däl.

Biziň günlerimizde diňe umumy tagallalar bilen bikanun düzgün bozujylara garşy göreşmek, tebigy baýlyklaryň dolandyrylmagyny gurnamak we üpjün etmek hem-de geljekki nesiller üçin tebigaty gorap saklamak ýoly bilen ýerli ýaşaýjylaryň maddy-hal ýagdaýynyň täze çeşmelerini tapmak mümkin. Şu ýagdaýda Merkezi Aziýa ýurtlarynda ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek görnüşleriniň populýasiýasyny, şeýle hem olaryň ýaşaýan ýerlerini gorap saklamak we dikeltmek boýunça edilýän tagallalarda hemişe ýerli bileleşikler bilen tebigaty gorap saklamak hem-de durmuşy meseleleriň çözgüdine gönükdirilen bilelikde ýerine ýetirilmeli hereketler göz öňünde tutulýar. Klimatyň üýtgemegi – aýratyn mesele däl-de, bu öri meýdanlaryň zaýalanmagy, suw düzüminiň üýtgemegi, çölleşmek ýaly köp meseleleriň toplumlaýyn ýetýän amatsyz täsirleridir, şolar bilen baglylykda adamlaryň durmuş we ykdysady meseleleri artdy.

Biodürlülik hakyndaky konwensiýany (BDK) tassyklamak bilen Türkmenistan öz üstüne kesgitli borçnamalary aldy, ýöne şonuň bilen bir hatarda dünýä tehnologiýalaryna, baýlyklaryna we maglumatlaryna, şeýle hem maliýe goldawyna hem ygtyýarlyk aldy. Türkmenistan Konwensiýa goşulan wagtyndan biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça dünýä ýüzinde alnyp barylýan işlere örän gyzyklanýar we işjeň gatnaşyp başlady. Biodürlülik boýunça Milli bilermenler biodürlüligi gorap saklamak bilen bagly anyk meseleleri ara-alyp maslahatlaşmak boýunça Iş toparyň düzümindäki halkara duşuşyklara we maslahatlara gatnaşýarlar. Türkmenistan BDK-ny amala aşyrmak maksady bilen biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça Milli resminamalary taýýarlamak we 2 sany Milli strategiýany we hereketler meýilnamasyny (BGMSHM) işläp taýýarlamak üçin Bütindünýä ekologik gaznadan dürli ýyllarda grant–goldawyny aldy. Biologik dürlülik boýunça ikinji Milli strategiýa işlenip taýýarlanyldy we ol häzirki wagtda ara-alyp maslahatlaşmak tapgyrynda dur.

BDK-yň Taraplarynyň borçnamalaryna laýyklykda, 1996 ýyldan bäri ýurt boýunça BDK-yň Kätipligine Türkmenistanyň biodürlüliginiň ýagdaýy barada dört sany Milli hasabat, şeýle hem soňky 2015 ýyldaky Bäşinji Milli hasabaty berildi.

# 1. 6-njy MILLI HASABATYŇ IŞLENIP TAÝÝARLANYŞY

Köptaraplaýyn meseleleri öz içine alýan 6-njy Milli hasabat (MH) taýýarlamak boýunça Türkmenistandan ähli gyzyklanýan taraplar gatnaşdyryldy. Türkmenistanda 6MH işläp taýýarlamak işi ýokary wekilçilikli derejede geçip onuň işine işjeň gatnaşdylar. Hasabaty işläp taýýarlamagyň dürli tapgyrlary boýunça gyzyklanýan taraplar gatnaşdyryldy we ilki bilen gyzyklanýan taraplaryň sanawy işlenip düzüldi (1-nji jetwel). Şeýle hem BGSHM–2 maksatlaýyn wezipelerini ýerine ýetirmek barada maglumatlary almak üçin ýörite sowalnamalar işlenip düzüldi we ýurduň gyzyklanýan ministrliklerine we edara-guramalaryna ugradyldy.

2018-nji ýylyň sentýabr-oktýabr aýlary aralygynda ýörite sowalnamalar ýurduň gyzyklanýan ministrlikleriniň we edara-guramalarynyň sanawyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Oba hojalygyny düýpli özgertmek we toplumlaýyn dolandyrmak baradaky 2019-njy ýylyň 29-njy ýanwaryndaky №PP–475 Permanyndan öň ugradyldy.

Prezidentiý Permanynyň esasynda düzümleriň üýtgedilip gurnalmagy tebigaty goramak, oba hojalygy, we başga pudaklara degişlidir. Şeýlelikde, mysal üçin Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Türkmenistanyň oOba we suw hojalyk ministrligine goşuldy, netijede täze Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi döredildi.

Şeýle hem 6 MH işlenip taýýarlanylanda Türkmenistanda ýerine ýetirilýän halkara taslamalar bilen bilelikde işleýän jogapkär adamlar we taslamalaryň bilermenleri (benefisar) bilen maslahatlaşmak boýunça duşuşyklar geçirildi:

- Atamyradowa G. – BMG-niň Ýer baýlyklary boýunça taslamasynyň bilermeni;
- Orazdurdyýewa G. – Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýanyň koordinatory-sazlaşdyryjysy (Tähran konwensiýasy);
- Karryýewa Ş. – Biodürlüligi gorap saklamak boýunça GGPJ/RSPB taslamasynyň milli iş dolandyryjysy.

Şeýle hem, Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň döredilmeginiň 50 ýyllygyna bagyşlanyp geçirlen Maslahatynda (2018 ý. 10–13-nji oktýabry) Tebigaty goramagyň halkara bileleşiginiň (TGHB) işjeň agzalaryndan düzülen halkara bilermenler bilen duşuşyklar geçirildi, olardan:

- Erg Boris – Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça (ECARO) TGHB sebitara bölüminiň direktory;

*1-nji jetwel*
*Gyzyklanýan taraplaryň sanawy*

| Pudak | Edaralar/ guramalar | Hasabaty işläp taýýarlamakda mümkinçilik ähmiýeti |
|---|---|---|
| Daşky gurşawy goramak; Biodürlüligi gorap saklamak | Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi (TOHDGGM) | Hasabaty işläp taýralamak boýunça ýerine ýetiriji, syýasy kanunlaryň işlenip düzülmegine jogapkär. Maglumatlar bilen üpjün ediji we maslahatlara gatnaşyjy |
| Aýratyn goralýan tebigy ýerler (AGTÝ) | TOHDGGM; AGTÝ-iň iş dolandyryjylary (9 goraghana) | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak; Maglumatlar bilen üpjün ediji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Durnukly oba hojalygy; Suw baýlyklary | TOHDGGM; Türkmenistanyň suw hojalyk döwlet komiteti (TSHDK) | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak; Maglumatlar bilen üpjün ediji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Klimatyň üýtgemegi | TOHDGGM; klimatyň üýtgemegi boýunça taslamalar | Maglumatlar bilen üpjün ediji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Tokaý hojalygy | TOHDGGM, Tokaý hojalygy müdirligini goşmak bilen | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak; Maglumatlar bilen üpjün ediji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Aw hojalyklary | Türkmenistanyň Awçylar we balykçylar birleşen jemgyýeti (TABBJ) | Maglumatlar bilen üpjün ediji |
| Balyk hojalygy | Senagat ministrliginiň balyk hojalyk pudagy | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak; Maglumatlar bilen üpjün ediji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Bilim | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, DTU we TDOHU goşmak bilen | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak. Maglumatlar bilen üpjün ediji |
| Syýahatçylyk | Türkmenistanyň Syýahatçylyk boýunça döwlet komiteti | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak. Maglumat bilen üpjün ediji |
| Medeniýet; maglumat bermek | Türkmenistanyň medeniýet merkezi we Türkmenistanyň teleýaýlym, radiýoýalym we kinomatografiýa boýunça döwlet komiteti | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak. Maglumat bilen üpjün ediji |
| Ulag | Türkmenistanyň demir ýol ulag ministrligi, «Türkmenawtoýollary» döwlet konserni | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak. Maglumatlar bilen üpjün ediji |
| Ykdysady ösüşler, maliýeleşdirmek, býujet | Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministrligi | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak. Maglumatlar bilen üpjün ediji |
| Energiýa, ýerasty baýlyklar | «Türkmennebit» döwlet konserni «Türkmengaz» döwlet konserni | Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamak. Maglumatlar bilen üpjün ediji |
| Çölleşmek; Ýer baýlyklary | TOHDGGM | Hasabaty işläp taýýarlamakda ýerine ýetiriji, Syýasaty we kanunlary işläp taýýarlamakda jogakär. Maglumatlar bilen üpjün ediji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Nazaryýet, ylym we barlag | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Umumy we düýpli biologiýa institutyny, Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar institutyny goşmak bilen | Taslamanyň bilermenleri, Ylmy maglumatlary beriji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Statistika | Türkmenistanyň Statistika boýunça döwlet komiteti | Maglumatlary üpjin ediji |
| Döwlete dahylsyz jemgyýetçilik guramalary (DDJG) | Ýerli DDJG, sebitara DDJG, halkara DDJG | Maglumat beriji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |
| Ýerli guramalar | Welaýatlar | Maglumat beriji we maslahat duşuşyklaryna gatnaşyjy |

- Hofman Marten – Görnüşleriň ýaşaýyş maksatnamasy (SOS) boýunça TGHB-niň bilermeni;
- Linnel Jon – TGHB-niň ýyrtyjy süýdemdiriji haýwanlar boýunça bilermeni, Norwegiýanyň tebigaty goramak institutynyň ylmy işgäri;
- Prof. Mihail Zukkow – Tebigaty goramak boýunça «Mihail Zukkow» (Germaniýa) gaznasynyň başlygy;
- Aşyrowa M. – Türkmenistanda GIZ maksatnamasynyň utgaşdyryjysy.

Maslahatda Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň sebitara, merkezi we welaýatlardaky, Türkmenistanyň Awçylar we balykçylar birleşen jemgyýetiniň, «Bosfor» kärhanasynyň, Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň wekilleri we Türkmenistanyň ähli goraghanalarynyň direktorlary maslahat alyşdylar.

6-njy Milli hasabaty tanyşdyrmak we ara-alyp maslahatlaşmak üçin ýurdyň welaýatlarynyň ýerli guramalarynyň wekilleri bilen maslahat-duşuşyklary geçiridli (2-nji jetwele serediň).

*2-nji jetwel*
*Ýurdyň welaýatlarynda geçirilen maslahatlara we hünär okuwlaryna gatnaşanlaryň sanawy*

| № | Edara – karhanalaryň ady |
|---|---|
| 1. | Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak müdirlikleri (5 sany welaýatlardaky bölümleri) |
| 2. | Döwlet tebigy goraghanalary (9 sany goraghana) |
| 3. | Tokaý hojalygy müdirligi (5 sany welaýatlardaky bölümleri) |
| 4. | Ýer serişdeleri müdirligi (5 sany welaýatlardaky bölümleri) |
| 5. | «Hazarekogözegçilik» Ekologik gullugy (Balkan welaýat Türkmenbaşy ş.) |
| 6. | Senagat ministrliginiň balyk hojalyk pudagy |
| 7. | Türkmenistanyň Syýahatçylyk boýunça döwlet komiteti (welaýat bölümleri) |
| 8. | Ýerli mekdepler |
| 9. | ÝOM mugallymlary, talyplary |
| 10. | Ýerli muzeýler |
| 11. | Türkmenistanyň Awçylar we balykçylar birleşen jemgyýeti (welaýatdaky bölümleri) |
| 12. | Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýeti (welaýatlardaky bölümleri) |

# 2. TÜRKMENISTANDA BIODÜRLÜLIGI GORAP SAKLAMAK BOÝUNÇA MILLI STRATEGIÝA WE HEREKETLER MEÝILNAMASY

2015-nji ýylda BMGÖM/BEG taslamasynyň çäginde 2016–2023-nji ýylary öz içine alýan Türkmenistanyň biodürlüligini gorap saklamagyň Milli strategiýasy we hereketler meýilnamasy (BGMSHM–2) işlenip düzüldi. Milli strategiýa Biodürlülik hakyndaky konwensiýadan gelip çykýan borçnamalara esaslanmak bilen, biziň ýurdumyzda biodürlüligi gorap saklamak boýunça esasy ugurlary kesgitleýär. Biodürlüligi gorap saklamak boýunça Milli strategiýa laýyklykda 2025-nji ýyla çenli ykdysady ösüş bilen ekoulgamlaryň üznüksiz hereketiniň arasyndaky durnukly deňagramlylygy gazanmak biziň ýurdumyzyň öňünde duran esasy maksatlaryň biri hökmünde kesgitlenilýär.

Milli strategiýanyň maksatlary we wezipeleri häzirki wagtda Türkmenistanda biodürlülige we ekoulgam hyzmatlaryna ýetýän amatsyz täsirlere baha bermeklige we ol täsirleriň döremeginiň sebäpleriniň seljermesine esaslanandyr.

Amatsyz täsirleri peseltmek üçin aşakdaky wezipeleriň ýerine ýetirilmegi zerurdyr:

1. Biodürlüligi gorap saklamak we biodürlüligiň peýdalanylyşyny kadalaşdyrmak boýunça kanunçylygyň hukuk ulanylyş derejesiniň güýçlendirilmegi;
2. Tebigy serişdeleri (hususan-da öri meýdanlary, tokaýlary, suw serişdeleri we başgalar) ulanýan pudaklaryň durnukly ösüşi üçin, şeýle hem bu pudaklaryň ösüşine gönüden göni täsir edýän tebigy hyzmatlaryň hem-de möhüm medeni ösümlikleriň we oba hojalyk mallarynyň genetiki gorlarynyň saklanyp galmagyny üpjün etmek maksady bilen, biodürlüligiň we ekoulgam hyzmatlarynyň durnukly peýdalanylmagy;
3. Biodürlülige bolan ýaramaz täsiri azaltmak ýa-da aradan aýyrmak hem-de wajyp ekoulgam hyzmatlaryny saklap galmak üçin nebitgaz, himiýa, ulag we gurluşyk ýaly ulgamlary hem goşmak bilen senagat pudaklarynyň wekilleriniň mümkinçilikleriniň ýokarlandyrylmagy;
4. Döwletiň ähli derejelerindäki işgärleriň we tutuş jemgyýetiň biodürlüligiň hem-de ekoulgam hyzmatlarynyň ykdysady gymmatygynyň möhümligi baradaky düşünjeleriniň we habarlylygynyň ýokarlandyrylmagy.

Bu wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Milli strategiýada 2025-nji ýyla çenli döwürde berjaý edilmegi göz öňünde tutulýan 5 sany strategik maksatlar we 13 sany esasy maksatlaýyn wezipeler kesgitlenen. Bu maksatlar we wezipeler 2011–2020-nji ýyllar döwür üçin biodürlüligi gorap saklamak boýunça Biodürlülik konwensiýasynyň («Aýti» maksatlary) Strategik meýilnamasynyň 20 sany maksatlaryna esaslanandyr, şol bir wagtda hem Türkmenistanyň milli ösüşine we biodürlüligi gorap saklamagyň ileri tutulýan ugurlarynyň talaplaryna uýgunlaşdyrylandyr.

Hususan-da, ol maksatlar we wezipeler ykdysadyýetiň esasy önümçilik pudaklarynda biodürlüligi gorap saklamaga we ekoulgamlaryň goldanmagyna ýa-da dikeldilmegine, şeýle hem ekoulgamlaryň we biodürlüligiň gymmatlyklaryny ykdysady meýilnamalara has netijeli ornaşdyrylmagyna gönükdirilendirler.

Milli strategiýanyň maksatlary we wezipeleri, olary ýerine ýetirmek boýunça çemeleşikler, ýagny biodürlüligi gorap saklamak meselelerini pudaklaryň ösüş maksatnamalaryna we meýilnamalaryna ornaşdyrmak çemeleşiklerini ulanmak we onuň zerurlygyna seljerme bermek arkaly ýurduň meýilnamalaşdyryş we maliýeleşdiriş guramalarynyň maslahatlaryny peýdalanmak arkaly möhüm pudaklaryň hünärmenlerini çekmek bilen işlenip düzüldi.

Bu ileri tutulýan ugurlardaky meseleleri çözmek maksady bilen, aşakdaky strategik maksatlar we milli wezipeler saýlanylyp alyndy, ýagny:

## I-nji maksat. Biodürlülik bilen bagly tebigaty goramak kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirmek

***1-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanyň tebigaty goramak babatda kanunçylygynyň ähli talaplaryny göz öňünde tutýan kanunçylyk namalary (şol sanda düzgünler we kadalar) täzelener;

***2-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli biodürlüligiň goralyp saklanmagyny üpjün etmek üçin maddy-tehniki binýadyň we tejribe alyşmagyň guramaçylyk düzümi, şeýle hem kanunçylyk boýunça pudagara gatnaşyklar gowulanar.

## II-nji maksat. Adam täsiri astyndaky ýaşaýyş ýerleriniň (öri meýdanlary, sürüm ýerleri, suw ýataklary, tokaýlar, awlaglar) we biodürlüligiň durnukly peýdalanylmagy

***3-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda tebigy öri meýdanlaryny durnukly dolandyrmak boýunça uzakmöhletleýin maksatnamany işläp taýýarlamak we kabul etmek;

***4-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda tokaý hojalygyny ösdürmekligiň esasy düzgünlerini durmuşa geçirmek;

***5-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli biodürlüligiň meselelerini degişlilikde göz öňünde tutýan Türkmenistanyň suw serişdlerini (baýlyklaryny) tygşytly peýdalanmak boýunça maksatnamany işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek;

***6-njy wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli suw we biologik serişdeleri (baýlyklary) rejeli peýdalanmaklygy işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek;

***7-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda haýwanlaryň awlanylýan görnüşlerinden peýdalanmagyň ylmy taýdan esaslandyrylan ulgamyny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak.

## III-nji maksat. Senagatyň gazyp alynýan pudagyny ösdürmekde ykdysadyýet bilen biodürlüligiň arasyndaky deňagramlylygy saklamak

***8-nji wezipe:*** 2022-nji ýyla çenli gazyp alynýan pudaklaryň daşky gurşawa täsirine baha bermekligiň we ekologiýa taýdan dolandyrmagyň çäklerinde gözegçiligi güýçlendirmek we biodürlüliligi gorap saklamak boýunça kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň binýadynyň gowulandyrylmagy;

***9-njy wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli ykdysadyýetiň biodürlülige güýçli derejede täsir edýän pudaklaryndan alynýan girdejileriň hasabyna biodürlüligi gorap saklamaklygy maliýeleşdirmegiň usulyny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak.

## IV-nji maksat. Tebigatyň goraglylygyny we biodürlülikden alynýan durmuş-ykdysady peýdany ýokarlandyrmak üçin goralýan tebigy ýerleri ösdürmek

***10-njy wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny dolandyrmagyň netijeliligi has ýokarlandyrylar;

***11-nji wezipe:*** 2030-njy ýyla çenli ýitmek howpy astyndaky görnüşleriň 95%-ni öz içine alýan we möhüm ekologik wezipeleri (suw ýataklaryny goramak, topragyň zaýalanmagyna garşy göreş, çölleşmegiň öňüni almak we başg.) üpjün edýän goralýan tebigy ýerleriň, şol sanda milli tebigy seýilgähleriň, tebigat ýadygärlikleriniň, tebigy çäkli goraghanalaryň meýdanyny 10–12% giňeltmek;

***12-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli goralýan tebigy ýerleriň ulgamy durmuş-ykdysady taýdan kesgitli, şol sanda ekologik syýahatçylyk we ekoulgam hyzmatlary bilen baglylykda dürli peýdalary getirýär.

## V-nji maksat. Biodürlüligiň hem-de ekoulgam hyzmatlaryň möhümligi we artykmaçlyklary bilen bagly meselelere düşünmeklik we habarly bolmaklyk

***13-nji wezipe:*** 2023-nji ýyla çenli jemgyýetçiligiň, şol sanda çözgütleri kabul edýän wezipeli adamlaryň biodürlüligiň we ekoulgam hyzmatlarynyň möhüm ähmiýeti (pul görnüşinde aňladylan) barada habarlylygyny ýokarlandyrmak.

# 3. BIODÜRLÜLIGI GORAP SAKLAMAK BOÝUNÇA MILLI STRATEGIÝANYŇ WE HEREKETLER MEÝILNAMASYNYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINI SELJERMEK WE BAHA BERMEK

## 3.1. I-nji maksat. Biodürlülik bilen bagly tebigaty goramak kanunçylygynyň ýerine ýetilişine gözegçiligi güýçlendirmek

### 3.1.1. 1-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanyň tebigaty goramak babatda kanunçylygynyň ähli talaplaryny göz öňünde tutýan kanunçylyk namalary (şol sanda düzgünler we kadalar) täzelener

Soňky ýyllarda Türkmenistanda daşky gurşawy goramak hem-de biodürlülik meseleri babatda birnäçe täze kanunlar, kadalaşdyryjy namalar, daşky gurşawy goramakda ekologiýa meselelerini açyk görkezýän milli ileri tutulmalaryň ugruny kesgitlemäge, şeýle hem döwlet derejesinde halkara-hukuk ýörelgeleriniň amala aşyrylyşyny göz öňünde tutýan milli, ýerli we pudagara milli strategiýalar, maksatnamalar we meýilnamalar işlenip taýýarlanyldy.

Bu ýagdaý ýurdyň ekologiýa boýunça strategiýalarynyň, maksatnamalarynyň we meýilnamalarynyň halkara ýörelgelerine daýanýandygyny we halkara ylalaşyklara we konwensiýalara laýyklykda kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň emele gelýändigini bellemäge mümkinçilik berýär.

Şonuň bilen birlikde-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň derejesinde degişli meýilnamalaýyn resminamalary taýýarlamak we ýerine ýetirmek tejribesini kämilleşdirmegiň, pudaklarda ekologiýanyň talaplaryny güýçlendirmegiň, pudaklar derejesinde daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklardan durnukly peýdalanmak boýunça çäreleriň giňeldilmeginiň zerurdygyny bellemek gerek. Şeýle hem biodürlüligi gorap saklamak boýunça çäreleri amala aşyrmak üçin kanunçylyk meseleleri boýunça pudagaralaryň özara hereketini, üstünlikli guramaçylyk düzümini we maddy-tehniki esasyny hem-de tejribesini döretmek üçin häkimiýetiň merkezi guramalarynyň we beýleki döwlet edara düzümleriniň hem-de ylmy institutlaryň işleri boýunça kabul edilýän täze özgermtleri hem bellemek gerek.

Häzirki wagtda Türkmenistanda biodürlülik meseleleri bilen gös-göni bagly kadalar we düzgünler täzelendi we 1-nji wezipäni durmuşa geçirmek babatda hem uly öňe gidişlikler bar. Ekologiýa kanunçylygynyň emele gelmeginde we ösmeginde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda rejelenen görnüşiniň kabul edilmeginiň uly ähmiýeti bardyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasy kadalaşdyryş hukuk namalaryny aýdyňlaşdyrmak ýoly bilen häzirki zaman ekologik meselelerini çözmek üçin hukuk esaslaryny döredýär. Ol ekologiki görkezmeleri has-da güýçlendirmek bilen daşky gurşawy goramak baradaky kanunçylygyň ösmegine özüniň binýatlyk täsirini ýokarlandyrýar. Baş kanun döwletiň daşky gurşawynyň goralyp saklanmagyna bolan jogapkärçiligini berkidýär (15-nji madda), ýurdyň çäklerinde alnyp barylýan hojalyk işleriniň tebigata, onuň obýektlerine zyýan ýetirmeli däldigini aňladýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, tebigaty goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda ýurtda ilkinji gezek şu kanunlar kabul edildi: «Radiasiýa howpsuzlygy hakynda» (15.08.2009 ý.), «Ozon gatlagyny goramak hakynda» (15.08.2009 ý.), «Agyz suwy hakynda» (25.09.2010 ý.), «Himiýa howpsuzlygy hakynda» (21.03.2011 ý.), «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» (21.05.2011 ý.), «Galyndylar hakynda» 23.05.2015 ý.), «Öri meýdanlar hakynda» (18.08.2015 ý.), «Ösümlikleri goramak hakynda» (18.06.2016 ý.), «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda» (04.02.2017 ý.), «Däneçilik hakynda» (20.03.2017 ý.), «Ekologik howpsuzlygy hakynda» (03.06.2017 ý.), «Döwlet ýer kadastry hakynda» (25.11.2017 ý.), «Oba hojalygy ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda» (09.06.2018 ý.), «Ulag syýasatynyň esaslary hakynda» (09.06.2018 ý.), «Ekologiýa auditi hakynda» (11.03.2019).

Şeýle hem öň bilelikde hereket edýän kanunlaryň täze redaksiýasy işlenip taýýarlanyldy we kabul edildi: «Uglewodorod serişdeleri hakynda» (18.08.2008 ý.), «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» (31.05.2012 ý.), «Ösümlik dünýäsi hakynda» (04.08.2012 ý.), «Haýwanat dünýäsi hakynda» (02.03.2013 ý.), «Tebigaty goramak hakynda» (1.03.2014 ý.), «Ekologiýa seljermesi hakynda» (16.08.2014 ý.), «Atmosfera howasyny goramak hakynda» (26.03.2016 ý.), şeýle hem Sanitariýa kodeksi (21.11.2009 ý.), «Ýer hakynda» Türkmenistanyň Bütewi kanuny (25.10.2004 ý.), Tokaý kodeksi (25.03.2011 ý.) we Türkmenistanyň Suw kodeksi (15.10.2016 ý.).

Ekologik kanunlarynyň düýpli kämilleşdirilmegi häzirki güne çenli dowam edýär. 2018-nji ýylyň 1-nji oktyabryna çenli Türkmenistanda daşky gurşawy goramak we tebigatdan peýdalanmak babatda 27 sany kanun kabul edildi we hereket edýär. Bulardan başga-da tebigaty goramak pudagyna käbir derejede degişli aýratyn kadalaşdyryjy-hukuk namalary hem bar.

Türkmenistanda biodürlüligi gorap saklamak meselelerine gönüden-göni we kem-käsleýin degişli esasy hereket edýän syýasy we strategiki resminamalar şu aşakdakylar:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Türkmenistanyň 2011–2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 14-nji maýyndaky №11061 karary bilen tassyklanan |
| 2 | Ýurdumyzyň ilatly nokatlaryny arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş maksatnamasy | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň10-njy ýanwaryndaky №11457, ütgetmeler 22.02.2016 ý. №14616 karary bilen tassyklanan |
| 3 | Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 15-nji iýunyndaky№12366 karary bilen |
| 4 | Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndaky №12768 karary bilen tassyklanan |

| | | |
|---|---|---|
| 5 | Suw serişdelerini rejeli peýdalanmak we Garagum derýasynyň suw geçirijilik ukyplylygyny ýokarlandyrmak boýunça işleriň 2015–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 9-njy ýanwaryndaky №14047 karary bilen tassyklanan |
| 6 | Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy (rejelenen görnüşi) | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 20-nji fewralyndaky №14127 karary bilen tassyklanan |
| 7 | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-nji ýylyň 1-nji fewralynda №1111 karary bilen tassyklanan |
| 8 | Türkmenistanda aýratyn goralýan tebigy ýerleri ösdürmegiň maksatnamasy | Taslama |
| 9 | Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň 2019–2025-njy ýyllar üçin Maksatnamasy | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-nji ýylyň 1-nji fewralynda №1111 karary bilen |

Sanalyp geçilen kanunlardan başga ýurtda biodürlüligi gorap saklamakda kadalaşdyryjy binýady güýçlendirmek üçin usulyýet gollanmalaryň we düzgünleriň birnäçesi işlenip taýýarlanyldy. Olara şular goşulýar: biodürlülige zeper ýetirilmegi we/ýa-da onuň ýok edilmegi bilen ýetirilýän zyýana ykdysady taýdan baha bermegiň usulyýeti, suw desgalarynyň hapalanmagy netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň usulyýeti, topragyň hapalanmagy netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň usulyýeti, ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleriniň bikanun alynmagy, ýok edilmegi we tebigy baýlyklaryň ulanylmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin ölçeglerini kesgitlemek boýunça nyrhnamalaryň taýýarlanylmagy: Türkmenistanyň suw biologik serişdelerini goramak boýunça we territorial suwlarynda hem-de içki suw ulgamlarynda balyk tutmagyň kadalalary hakynda düzgünnama.

### 3.1.2. 2-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli biodürlüligiň goralyp saklanmagyny üpjün etmek üçin maddy-tehniki binýadyň we tejribe alyşmagyň guramaçylyk düzümi, şeýle hem kanunçylyk boýunça pudagara gatnaşyklar gowulanar.

Türkmenistanyň merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň ulgamynda daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi (TOHDGGM) aýratyn orny eýeleýär. Ol Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2019-njy ýylyň 29-njy ýanwaryndaky №PP – 475 Permany esasynda döredildi we TOHDGGM oba hojalyk boýunça Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak we ýer serişdeler baradaky döwlet komitetiniň hukuk orun tutary diýip kesgitlendi.

Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tebigy baýlyklary netijeli ulanmak we goramak babatda, şol sanda tokaý gaznasyny goşmak bilen syýasaty we pudagara gözegçiligi amala aşyrýar, hem-de pudaga degişli başga guramalaryň işlerini utgaşdyrýar. ***Bu ulgamyň tabynlygyna degişli Daşky gurşawy goramak gullugy:*** 5-sany welaýat daşky gurşawy goramak müdirlikleri, 9 sany döwlet tebigy goraghanalary, Tokaý hojalygy müdirligi, Tokaý tohumçylyk we tebigy seýilgähleri gorag gullugy, Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty, «Hazarekogözegçilik» we Ekologiýa gözegçiligi gullugy, «Ekologiýa medeniýeti we daşky gurşawy goramak» žurnaly. ***Ýer serişdeler gullugy:*** Aşgabat ş. we 5 welaýat ýer serişdeler gullugy, «Türkmenýertaslama» döwlet taslama instituty, ***Gidrometeorologiýa gullugy.***

Her bir düzüm bölümi TOHDGGM-niň tutuş tebigaty goramak işlerinden gelip çykýan anyk tebigaty goramak wezipeleri ýerine ýetirýär. Dolandyryş edaralaryň düzümi guramaçylyk mehanizmdir, olaryň kömegi bilen wezipeleriň durmuşa geçirilmegi üpjün

edilýär. Ministrligiň tabynlygyndaky edaralaryň düzümi we ýerine ýetirýän wezipeleri bir meňzeş däl, olaryň her biri özleriniň düzgünnamalaryna laýyklykda anyk wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak babatda düýpli we amaly ylmy-barlag işleri alyp barýar; ylmy taslamalary ýerine ýetirýär, tokaýlary we öri meýdanlary dikeltmek, ösümlikleri we haýwanlary goramak, çölleşmä garşy göreşmek we daşky gurşawa gözegçilik etmek boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar; ösümlikleriň we haýwanlaryň zyýankeşlerini we kesellerini ýüze çykarmak boýunça ylmy-barlaglary gurnaýar we ýerine ýetirýär, olary goramak boýunça häzirki zaman ylmy teklipleri taýýarlaýar; Gyzyl kitaby taýýarlamak boýunça işleri gurnaýar we utgaşdyrýar.

TOHDGGM-den başga-da käbir tebigaty goramak wezipeleri beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň hem üstüne ýüklenendir. Adatça olar daşky gurşawa täsir etmek bilen baglanyşykly, käbir tebigy desgalara ýa-da işiň görnüşlerine degişli ekologik wezipeleri ýerine ýetirýän pudagara ygtyýarly edaralardyr. Olaryň sanawyna aşakdaky döwlet dolandyryş edaralary: Türkmenistanyň Suw hojalyk döwlet komiteti; Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi; «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy; «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy degişlidir.

BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň1999-njy ýylyň 3-nji martyndaky 4091 belgili karary bilen Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek boýunça Döwlet topary (mundan soňra Döwlet topary) döredildi. Döwlet toparynyň düzüminde BMG-niň ähli tebigaty goramak konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan kätiplik we 9 sany iş topary hereket edýär. Olaryň agzalary şol resminamalardan gelip çykýan ýurdyň borçnamalarynyň ýeriýe ýetirilişini utgaşdyrmaga, dolandyrmaga, maglumatlary ýaýratmaga we gözegçilik geçirmäge jogapkärdirler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Hazar deňziniň meseleleri boýunça Türkmenistanda pudagara toparyny (PT) (2007 ý.) döretmek baradaky kabul eden karary örän wajypdyr, onuň maksady Hazar deňziniň türkmen böleginde ähli alnyp barylýan hojalyk işleri, şol sanda Tähran konwensiýasynyň we onuň teswirnamalarynyň,Türkmenistanyň Milli Hazar hereketleriniň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişini utgaşdyrmakdan, deňziň daşky gurşawyny we onuň biologik baýlyklaryny goramakdan, Hazar deňziniň türkmen böleginiň we onuň kenarýakasynyň işlerini amala aşyrmak bilen bagly milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamakdan ybaratdyr. PT düzümine döwlet dolandyryşynyň merkezi guramalary bolan ministrlikler we edara-kärhanalar girýär, olaryň ygtyýarlygy, hukugy we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygynda we Türkmenistanyň Prezidentiniň karary esasynda her bir dolandyryş guramanyň tassyklanan düzgünnamasynda kesgitlenýär.

**Kabul edilen çäreler bilen bagly bökdençlikler we ylmy hem-de tehniki goldawlar**

Tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak, halkara kadalara laýyklykda biodürlüligi gorap saklamak, şeýle hem tebigy baýlyklary goramak we ekologik ulgamyň hyzmatlaryna töleg üçin höweslendirmeler mehanizmini güýçlendirmek boýunça milli kanunçylygyň kämilleşdirilmegi zerurdyr. Bu babatda geljekde tokaý pudagynyň ösüşini kesgitleýän esasy strategik resminamalaryň (Milli tokaý maksatnamasy, Klimatyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy we başg.) kabul edilmeginiň özi hem ýurtda gazanylýan öňe gidişliklerdigini bellemek gerek.

Biodürlülik, tokaýlary gorap saklamak, çölleşmäge garşy göreş meselelerini durmuşa geçirmek boýunça ylmy başlangyçlar, şeýle hem tokaýlar, klimatyň üýtgemegi we başgalar boýunça esasy strategik resminamalara goşuldy.

Şeýle hem Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynda bellenen birnäçe maksatlaryň tokaýlary köpeltmek pudagynda ylmy-barlaglary geçirmäge gönükdirilendigi möhümdir. Olaryň arasynda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň zeýakaba ulgamlarynyň zolaklarynda miweli, ýaprakly we çöl ösümliklerini, şeýle hem şora çydamly galofitleri ekmek, bu ýerlerde şora çydamly ösümlikleri ekmek ýoly bilen iýmitlik gory baýlaşdyrmak bilen öri meýdanlary dikeltmek: takyrlara ýygnanýan ygal suwlaryny peýdalanmagyň esasynda «Ýaşyl saýawanlary« döretmek: soňlugy bilen tebigy ýerlerine ekmek üçin arçanyň tohumyny we şitillerini taýýarlamagyň tehnologiýasyny işläp taýýarlamak boýunça zerur işleri bellemek bolar. Bu strategiýalaryň durmuşa geçirilmegi Türkmenistan tarapyndan tassyklanan BMG-niň birnäçe konwensiýalarynyň düzgünleriniň çözülmegine uly ýardam berer. Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýa laýyklykda, çöl ösümliklerini ekmek bilen zaýalanan öri meýdanlaryň ösümlikleriniň dikeldilmegi güýçlendiriler, onuň netijesinde hojalyk işlerini hem dikeltmäge mümkinçilik dörär. Maksatnamada başga konwensiýanyň – ýagny BDK-nyň hem wezipleriniň çözgüdi göz öňünde tutulýar, sebäbi tokaýlaryň döredilmegi we dikeldilen ösümlik örtügi wagtyň geçmegi bilen bu ýerde dürli haýwanlaryň, şol sanda «Gyzyl kitaba girizilen» görnüşleriň ýaýramagyna uly şertleri döredýär. Tokaýlaryň döredilmegi BMG-niň Klimatyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň düzgünnamasynda görkezilen meseleleri çözmäge hyzmat edýär, sebäbi tokaý massiwleri uglerody esasy özüne siňdiriji bolup durýar. Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynyň wezipelerini ýerine ýetirmek ýurtda tokaýly ýerleri – azyk önümleriniň çeşmesini, saglygy goraýyş we boýag önümçiliginiň çig malyny we başga-da ekoulgam hyzmatlaryny döretmäge mümkinçilik berýär.

Biodürlüligi gorap saklamak we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak meselelerini pudaklaryň ösüş maksatnamalaryna we meýilnamalaryna goşmak wajypdyr. Şeýlelikde esasy strategik resminamalaryň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek we höweslendirmek üçin döwlet düzümlerini üýtgedip gurnamak boýunça esasy özgertmeleriň kabul edilmeginiň ýurtda gazanylýan sepgitlerdigini bellemän geçmek bolmaz.

BGMSHM–2 taslamasynda biodürlüligi gorap saklamagyň ýörelgelerini syýasata, meýilnamalara, ösüş tejribesine, pudaklaýyn meýilnamalara we strategiýalara ornaşdyrmak meýilnamalaşdyryldy. Bu işiň çäginde biodürlüligi gorap saklamak meselesi ykdysadyýetiň şu aşakdaky pudaklarynda jemlelendir: oba hojalygy, tokaý hojalygy, aw hojalygy, maldarçylyk, energetika, nebit we gaz hem-de suw baýlyklaryny dolandyrmak. Ösüş babatda şu aşakdaky pudaklaryň göz öňüne tutulmagy kesgitlenendir: ýerden peýdalanmagy dolandyrmak, infrastrukturanyň (önümçilige hyzmat edýän hojalyk pudaklaryň) ösüşini we giňişleýin meýilleşdirilmegini, maliýe ösüşini, obanyň ösüşini, azyk howpsuzlygyny, ýerlerdäki ösüşler we ýerlerde dolandyryş ulgamynyň ösdürilmegi, gender ösüşi, klimatyň üýtgemegine garşylykly hereketler we onuň ýaramaz täsirlerine uýgunlaşmak.

Bu işlerde anyk wezipelere goşulmaly:

1. biologik dürlüligi gorap saklamak we ösüş meselelerine höwesli degişli gyzyklanýan taraplaryň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek;
2. esasy gyzyklanýan taraplaryň bähbitlerini we garaşylýan netijeleri doly anyklamak;
3. özara kabul edilen çözgütlere ýetmek üçin ýüze çykýan jedelleri we ylalaşyklary hem-de anyk netijeleri gazanmaga we özara bäbitli gyzyklanmalar hökmünde hyzmat edýän strategiýalary kesgitlemek;
4. bu strategiýalary institutlara, syýasata, ylalaşyklara, maksatnamalara we her bir pudagyň mehanizmine girizmek hem-de hukuk dolandyryş taraplaryny kesgitlemek.

**Kemçilikler:**

Türkmenistanyň kanunlarynda geljekde awçylyk, balykçylyk ýaly pudaklaryň ösdürilmegi göz öňünde tutulmaly. Şeýle hem klimatyň üýtgemegi, howany goramak, AGTÝ-iň ulgamyny giňeltmek, aw hojalyklary, çölleşmek we ýerleriň zaýalanmagy bilen bagly meselelerde mümkinçilikleri güýçlendirmek boýunça meselelerde döwlet düzümindäki edaralar bilen jemgyýetçiligiň özara hereketleriniň kämilleşdirilmegi wajyp bolup durýär. Tokaý dikeldiş işleri boýunça gatnaşyklary sazlaşdyrmak babatda: tokaý we biologik baýlyklary gorap saklamak we durnukly peýdalanmak meseleleriniň sazlaşdyrylmagyny üpjün edýär. Ekoulgam hyzmatlaryna baha bermek bilen bagly käbir kynçylyklar bar. Awçylyk we balykçylyk babatda biodürlüligi gorap saklamak boýunça Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynda görkezilýän esasy talaplaryň kanunçylyk esasda görkezilmegi zerurdyr.

**Kynçylyklar:**

- Degişli mehanizmleri işläp taýýarlap kanunçylyga ornaşdyrmak üçin bilim derejesi ýokary hünärmenleriň ýetmezçilik etmegi.
- Esasan hem oba ýerlerinde adamlaryň kanunçylyk barada bilim derejesiniň ýokarlandyrylmagy zerur.

## 3.2. II-nji maksat. Adam täsiri astyndaky ýaşaýyş ýerleriniň (öri meýdanlary, sürüm ýerleri, suw ýataklary, tokaýlar, awlaglar) we biodürlüligiň durnukly peýdalanylmagy

### 3.2.1. 3-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda tebigy öri meýdanlary durnukly dolandyrmak boýunça uzakmöhletleýin maksatnamany işläp taýýarlamak we kabul etmek;

3-nji wezipäni durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanda soňky ýyllarda ýer baýlyklaryny goramak boýunça ileri tutulýan ugurlar kesgitlendi, ýagny: adamyň hojalyk işleriniň täsiriniň netijesinde ýerleriň şorlaşmagyna (suwy, mineral dökünleri, zeýakaba suwlary tygşytsyz ulanmak), şeýle hem tebigy täsirleriň bolmagy, öri meýdanlaryň zaýalanmagy, gyrymsy agaçlaryň çapylmagy bilen ýerleriň çölleşmegi, çöl meýdanlarynyň senagat taýdan özleşdirilmegi, topragyň tozamagy, suw we ýel erroziýalary hem-de başgalar.

Öri meýdanlar – ýurduň milli baýlygy hasaplanylýar, şonuň üçin hem onuň goragyny we tygşytly peýdalnylyşyny üpjün etmek döwletiň möhüm wezipeleriniň biridir.



*Çöl öri meýdanlary*

2015-nji ýylyň 18-nji awgustynda «Öri meýdanlar hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi öri meýdanlary goramak we netijeli peýdalanmak boýunça wajyp ädimleriň biridir. Kanun öri meýdanlary durnukly dolandyrmagyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär we öri meýdanlary rejeli peýdalanmak we goramak olaryň ekologik, ykdysady we şerişde mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Kanun peýdalanylýan öri meýdan ýerleri goramak boýunça çäreleri berkidýär. Olar öri meýdanlaryndan rejeli peýdalanmaklyga, gowulandyrmaklyga we serişde mümkinçiliklerini gorap saklamaklyga, öri meýdanlaryň zaýalanmagynyň, ýok edilmeginiň ýa-da beýleki ýetýän zyýanly täsirleriň öňüni almaklyga gönükdirilen çäreleriň toplumydyr. Öri meýdanlaryny gowulandyrmak – öri meýdanlarynyň serişde mümkinçiliklerini we hasyllylygyny ýokarlandyrmaga, topragyň önümliligini artdyrmaga we öri meýdanlaryny suwlulandyrmaga gönükdirilen çäreleriň toplumydyr. Kanun öri meýdanlary rejeli peýdalanmak we goramak maksady bilen, öri meýdanlaryň peýdalanylyşyny sazlaşdyrmak boýunça toparyň döredilmeginiň hökmanylygyny göz öňünde tutýar. Topar öz-özüni dolandyryş ýerli guramalarda (geňeşliklerde) ýa-da daýhan birleşiklerinde, döwlet maldarçylyk hojalyklarynda döredilýär. Olaryň düzümine öri meýdanlardan peýdalanyjylar we kärendeçiler, mal eýelerinden, ýerli bilelişikleden we maldarçylyk pudagyna jogapkär häkimliklerden hem-de geňeşlerden, ministrliklerden, edara-kärhanalardan wekiller girýär. Topar öri meýdanlary dolandyrmagyň meýilnamasyny taýýarlaýar we öri meýdanlary peýdalanyjylaryň arasyndaky jedelli meseleleri çözýär. Öri meýdanlary dolandyrmagyň meýilnamasynda öri meýdanlaryň ýerleşýän ýeriniň kartasy we çyzgysy (1); öri meýdanlardan peýdalanyjylar barada maglumat (2); öri meýdan üçin berlen ýeriň derejesi (3); mallaryň sürülip äkidilýän ýollary, öri suw güzeriniň ýeri we öri meýdanyň başga düzüm bölekleriniň desgalary (4); öri meýdan ýerleriniň ýagdaýy we hili (5) görkezilmelidir. Bulardan başga-da olar möwsümleýin öri meýdanlaryň ulanylşyny, öri meýdanlaryň dolanyşygyny, mallaryň bakylyşyny, şeýle hem öri meýdanlary gowulandyrmak boýunça geçirilmeli çäreleri goşmalydyrlar.

Klimatyň üýgemegi boýunça durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň Milli strategiýasynda (2012ý.) howanyň üýtgemegine toprak we ýer serişdeleriniň uýgunlaşmagy babatynda toprak we ýer serişdelerini tükellemek; topragyň şorlaşmagy, öri meýdanlaryň zaýalanmagy we ýerleriň çölleşme hadysalary bilen göreşmek boýunça çäreleri geçirmeklik göz öňünde tutulýar.

Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekligiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda hem çölleşmäge garşy göreş çäreleri, ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak bellenilýär. Ol ilatyň durmuş-ykdysady abadançylygyny we tebigy serişdeleriň rejeli peýdalanylmagyny kepillendirýär. Milli maksatnamanyň wezipeleriniň biri hem oba ýerlerini tölegsiz tebigy gaz bilen üpjün edip, dag we çöl ýerleriniň agaç we gyrmysy agaçlaryny, ösümliklerini kem-kemden dikeltmekdir.

Iň bir uly durmuşa geçirilýän döwlet maksatnamalaryň biri hem «Altyn asyr» Türkmen köli- ol suwarymly ýerlerden zeý we şorlaşan suwlaryň bu köle akdyrylmagy üçin gurnalan ulgamdyr. Her ýylda bu köle duzly zeýkeş suwlaryň millýardlarça kubometri akdyrylar, bu bolsa ähli sebitlerde suwarymly ýerleriň meliroatiw ýagdaýyny düýpli gowulandyrmaga, topragyň şorlaşmagy, batgalaşmagy we gurakçylyk bilen bagly meseleleri çözmäge ýardam eder. Şeýlelikde, ýurtda suwuň ätiýaçlyk gory döredilip, tebigy süzülmegiň we häzirki zaman tehnologiýalary peýdalanmagyň kömegi bilen ony oba hojalygyň zerurlyklary, zeý suwlaryny ekin meýdanlardan çykarmak, öri meýdanlaryny giňeltmek üçin peýdalanmak bolar. Bu maksatlar üçin «Altyn asyr» Türkmen kölüni we onuň zeýakabalaryny ulanmak mümkinçilikleri meseläni çözmegi ep-esli ýeňilleşdirer. Onuň täsiri 15 mln ga (tutuş öri meýdanlaryň 40%) ýaýraýar. Köl öri meýdanlaryň iýmitlik gorunyň ep-esli gowulandyrylmagyna ýardam berer we iýmitlik ösümlikleriň hasyllygyna howa şertleriniň (ilkinji bilen gurakçylyk) täsirini

peseltmäge mümkinçilik döreder. Umuman, bularyň ählisi örüde bakylýan maldarçylygyň ýurduň oba hojalygynyň durnukly ösýän pudagyna öwrülmegine ýardam eder.

Öri meýdanlary gorap saklamak we peýdalanmak babatynda degişli döwlet guramalary:

- Türkmenistanyň Ministrler Kabineti;
- Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň tebigaty goramak we ýer serişdelerini dolandyrmak babatynda döwlet ygtyýarlygyndaky gurama, ýagny topragyň önümliliginiň peselmeginiň öňümiň alynmagyna gözegçiligi, ýer serişdelerinden rejeli we netijeli peýdalanylmagyna we goralmagyna gözegçiligi amala aşyrýar; ýer gurluşygy boýunça, şeýle hem, topografiýa-geodeziýa, toprak, geobotaniki, kartalaşdyrmak we beýleki barlag we gözegçilik işlerini geçirýär; ýerleriň hususy eýeçilige, peýdalanmaga we kärendesine berilmegi hakyndaky maglumatlary resmileşdirýä ;
- Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň gidrometeorologiýa boýunça ygtyýarly müdirligi gidrometeorologiýa babatda döwlet syýasatyny amala aşyrýan hem-de Türkmenistanyň halk hojalygynyň pudaklarynyň we ilatynyň gidrometeorologiýa şertleriniň hakyky we garaşylýan üýtgemeleri we olaryň netijeleri barada maglumatlara zerurlyklaryny kanagatlandyrýan döwlet dolandyryş edarasydyr. Ol yzygiderli atmosferanyň, ionosferanyň, ýerüsti suwlaryň, oba hojalyk ekinleriň we öri meýdanlaryň ýagdaýyna gözegçiligi geçirýär;
- Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak babatda düýpli we amaly ylmy-barlag işleri alyp barýar; biodürlülik we ösümlik we haýwanat dünýäsiniň baýlyklary, şol sanda ýitmek howpy abanýan we seýrek görnüşler boýunça ylmy-barlaglary geçirýär; ylmy taslamalary durmuşa geçirýär, tokaýlary we öri meýdanlary dikeltmek boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar;
- Türkmenýertaslama» döwlet taslama instituty. Özüniň ygtyýarlygynyň çäginde ýer serişdelerini peýdalanmak we goramak boýunça sebitleýin we döwlet maksatnamalarynyň taýýarlanmagyny, gorag tokaý zolaklarynyň döredilmegini, öri meýdanlaryň gowulandyrylmagyny we peýdalanylmagynyamala aşyrýar. Şeýle hem, institutyň wezipesine ýerleri, şol sanda öri meýdanlary, tükellemek, topografiýa-geodeziýa, kartalaşdyrmak, toprak, erroziýa garşy geobotaniki we beýleki barlag işlerini alyp barmak hem degişlidir;
- Hökümetiň (häkimlikler) ýerli ýerine ýetiriji guramalary we ýerli özüni dolandyryş guramalary (geňeşlikler).

Şeýle hem, tebigy öri meýdanlaryň iýmitlik mümkinçiligini netijeli ulanmak boýunça çäreler toplumy durmuşa geçirilýär, bu işleriň ýerine ýetirilmegi örüleri suwlulandyrmaga, gowulandyrmak çärelerini geçirmäge we iýmitlik binýadyny artdyrmaga, öri dolanyşygyny ornaşdyrmaga we ot-iýmleriň ätiýaçlyk goruny döretmäge mümkinçilik berer. Ulanylýan öri meýdanlaryň çäklerini giňeltmek olary suwlulandyrmagyň hem-de haýwanlaryň suw içmegi üçin ýaramly bolan zeýakaba-zeýkeş suwlaryny ulanmak üçin, öri dolanyşygyna öň suwlulandyrylmadyk öri meýdanlary goşmagyň hasabyna amala aşyrylar.

Ýerden ilkinji peýdalanyjylaryň we öri meýdanlary peýdalanyjylaryň derejesinde öri meýdan baýlyklarynyny durnukly dolandyrmak babatynda bilimleri we oňyn netijelerini ýaýratmak uly ähmiýete eýedir. Soňky ýyllarda bu ugurdan anyk işler geçirildi we geçirilýär. Şol sanda, Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynda halkara guramalaryň gatnaşmagynda durmuş ähmiýetli birnäçe taslamalar durmuşa geçirildi. Olardan biri Uýgunlaşmak gaznasynyň (UG), BMG-niň ösüş Maksatnamasynyň (BMGÖM) we TOHDGGM-niň bilelikdäki

«Türkmenistanda milli we ýerli derejelerde daýhan hojalyk ulgamynda howanyň üýtgemegi bilen bagly ýüze çykýan meselelere jogap çäreleri» taslamasydyr (2012–2017 ýý.). Taslamanyň çäginde oba hojalyk pudagynda ýer baýlyklaryny durnukly dolandyrmak boýunça ýerli derejede uly tejribeler toplandy. «Durnukly ösüş» maslahat beriji hojalyk jemgyýetiniň (HJ) döredilmegi onuň esasy netijeleriniň biridir. HJ – niň esasy maksady suwarymly ýerleri, öri meýdanlary durnukly dolandyrmak, oba hojalyk pudagynda bilimleri we tejribeleri ýaýratmak, suwarymly ekerançylyga häzirki zaman tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýerli ilaty çekmek arkaly ýerli derejede mümkinçilikleri döretmek boýunça maslahat goldawuny berýär. «Durnukly ösüş» hojalyk jemgyýetiniň işleriniň esasy wajyp ugurlarynyň biri hem ýerli ilatyň arasynda okuw maslahatyny geçirmekdir, bu bolsa ýer we öri meýdan baýlyklaryny peýdalanmak bilen gönüden-göni baglydyr. Hünär bilimleri ýokarlandyrmak boýunça geçirilen çäreleriň hatarynda «Öri meýdanlary durnukly dolandyrmak» (2018 ý.) okuw maslahatyny görkezip bolar, işiň dowamynda mümkinçiliklere, oba we daýhan derejesinde öri meýdanlary dolandyrmagyň mümkinçiliklerine we kynçylyklaryna, mallaryň baş sanynyň köpelmegi bilen bu meýdanlaryň önümliliginiň we göwrüminiň arasyndaky deňagramlygyny gazanmagyň ýollary barada ilata maglumatlaryň berilmegi we ösümliklerden önümleriň öndürilmegi we öri meýdanlaryň önümligini ýokarlandyrmak boýunça çärelere seljerme berildi we ara-alyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistan çölleşmäge garşy göreş boýunça Merkezi Aziýanyň sebitara hereketler maksatnamasyny we ýer baýlyklaryny dolandyrmak baradaky Orta Aziýa ýurtlarynyň täze başlangyçlaryny (ÝBDOAÝB – 2) işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşýar. Bu hyzmatdaşlygyň esasy maksady Orta Aziýa ýurtlarynyň oba ilatynyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak. ÝBDOAÝB – 2 esasy wezipelerinde halkara hyzmatdaşlygy döretmek we ösdürmek, ýer baýlyklaryny durnukly dolandyrmak pudagynda milli ileri tutulmalary kesgitlemek hem-de olaryň netijeli we yzygiderli ýerine ýetirilmegi üçin strategiýalar işläp taýýarlamak bellendi. Bu bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek bilen bagly tebigy öri meýdanlary durnukly dolandyrmak boýunça uly işler geçirildi.

### 3.2.2. 4-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda tokaý hojalygyny ösdürmekligiň esasy düzgünlerini durmuşa geçirmek;

Gurak sebitleriň biri bolan Türkmenistan Merkezi Aziýada tokaý ýetmezçiligi duýulýan sebitleriň biridir. Tokaý agaçlary türkmen halkynyň milli baýlygydyr. 4-nji wezipäni durmuşa geçirmek babatda soňky ýyllarda Türkmenistanda tokaýlary köpeltmek we bagy-bossanlyga öwürmek ýoly bilen çölleşmäge garşy göreşmek boýunça uly işler ýerine ýetirildi. Gorag we halk hojalyk ähmiýetini, ýerine ýetirýän durmuşy wezipesini göz öňünde tutup, Türkmenistanyň tokaýlary 1-nji topara degişli edildi. Tokaý agaçlarynyň ähmiýeti Türkmenistanyň Tokaý hakyndaky Kodeksi, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň tokaýlardan rejeli peýdalanmaga, olary köpeltmäge, tokaý meýdanlaryny giňeltmäge, goramaga we aýawly saklamaga gönükdirilen birnäçe kararlary tarapyndan kanunlaşdyryldy.

Ýurduň tokaý gaznasynyň esasy bölegi Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Tokaý hojalygy müdirliginiň garamagyna degişlidir. Türkmenistanyň tokaýlarynyň esasy wezipesi – gorag ähmiýetli. Ýöne hoz miweli agaçlaryň (pisse, adaty hoz, badam) bolmagy bilen baglylykda, olaryň bir bölegini çig mal görnüşlere degişli etmek hem mümkin.

Bulardan başga-da, olary arassaçylyk işlerini geçirmek üçin, çapylanda agaçlary önümçilikde ulanmak bolar. Pisse nahallarynyň gür oturdylmagy pissäniň hasyllygynyň pes bolmagynyň esasy sebäbidir, bu ýagdaý işiň täzeden gurnalmagyny talap edýär. Ajy badam derman senagatynyň harajatlary we tohumçylyk maksatlary üçin taýýarlanylýar.

Onuň çig mallyk gorlary köp. Onuň her ýyldaky taýýarlanylýan möçberi 1 t. golaý. Süýji badamyň meýdanlary çäkli. Adaty hozuň bir ýylda ýygnalýan hasyly pes we 500–1000 kg-dan geçmeýär.

Türkmenistanyň tokaýlary dag, çöl we kenarýaka tokaýlara bölünýär. Türkmenistanyň dag tokaýlary ilki bilen çyglylygy saklamak, amatsyz howa şertleriniň üýtgemeginiň öňüni almak täsirleri bilen we gaýtadan dikeldilýän çig mal çeşmesi hökmünde ýurduň durmuş-ykdysady ýaşaýşynda uly ähmiýete eýedir. Ýerasty suwlaryň gorlary hem tokaýlaryň goralyp saklanyş derejesi we olaryň netijeli köpeldilmegi bilen baglydyr. Daglarda esasy tokaý emele getiriji agaçlar biri-birinden üzňe ýerleşip, tutuşlygyna tokaý massiwlerini döredip bilmeýärler.

Çäge-çöl tokaýlary sazaklardan (ak we gara), ýylgynlyklardan, gandymyň birnäçe görnüşlerinden we çerkezden emele gelendir. Çöl tokaýlarynyň köpüsi Günorta-Gündogar, Merkezi we Üňüz aňyrsy Garagumda ýerleşýär.

Toraňňy tokaýlary esasan hem derýa kenarýakalarynda duş gelýär. Tokaý emele getiriji agaçlar-toraňňy, igde, ýylgyn, söwüt we başgalar. Kenarýaka tokaýlaryň toplumy – agaçlara, gyrymsy agaçlara we otjumaklara bölünýärler. Häzirki wagtda Türkmenistanyň çäklerinde oturdylan agaç baýlyklarynyň gory 13,7 mln. $m^3$ gowrak. Şoňky ýyllarda çet we uzakdaky obalaryň merkezleşdirilen ýangyç bilen üpjün edilmegi we gazlaşdyrmagy bilen baglylykda agaç önümlerini taýýarlamagyň depgini peseldi. Häzirki wagtda diňe talap edilýän düzgünleriň esasynda arassaçylyk işleri üçin agaçlar çapylýar.

Türkmenistan Garaşsyzlyk alandan soňra «Türkmenistanda bagçylygy ösdürmek we agaç oturtmak hakynda» (1992 ý.) Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, şäherleriň we oba ýerleriň daş-töwereginde emeli tokaýlary döretmek boýunça Döwlet Maksatnamasy durmuşa geçirilip başlandy. Şu Maksatnama laýyklykda, her ýylda agaçlary oturtmak boýunça işler geçirilýär we 1992–2018-nji ýyllar aralygynda ýurtda 200 müň gektardan gowrak meýdanda 90 mln. gowrak pürli, ýaprakly, miweli, çöl agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň şitilleri we nahallary oturdyldy. Aşgabat ş. daş-töweregine golaý meýdanlarda we Ahal welaýatynyň dagetek ýerlerinde döredilen tokaý seýilgäh zolagy aýratyn ähmiýete eýedir. Bu täsin tokaý massiwiniň düýbüni tutmak boýunça işler 1998-nji ýylda başlandy we häzir hem dowam edýär. Şeýlelikde, ekilen agaçlaryň ýarysyndan gowragy pürli agaçlar – sosna *(Pinus eldarica)*, gündogar tuýasy *(Biota orientalis)*, wirgin arçasy *(Juniperus virginia)*, serwi agajy *(Cupressus)*. Ýaprakly we miweli agaçlardan esasan hem ýerli agaçlaryň görnüşleri: tut *(Morus alba & nigra)*, derek *(Populus alba)*, igde *(Eleagnus)*, meliýa *(Melia)*, pisse *(Pistacia)*, badam *(Amygdalus)*, bitlik *(Vitex)*, üzüm *(Vitis)*.



*Garagumyň sazak tokaýlygy*



*Toraňňy tokaýlygy*

Şeýle hem, tassyklanan Milli tokaý maksatnamasyna (2013 ý.) laýyklykda, 2020-nji ýyla çenli: ýurduň çägindäki tokaýlaryň ähli görnüşini, şol sanda emeli tokaýlary goşmak bilen tokav tükellemek işlerini geçirmek; şäherleriň we oba ýerleriniň daş-töweregini bagy-bossanlyga öwürmek boýunça 24 mln. düýp nahal oturtmak; tokaý gorag zolagy ähmiýetli agaçlaryň 4 mln. düýbini oturtmak we daglyk hem-de çöllük zaýalanan ýerlerde tokaýlary döretmek meýilnamalaşdyryldy. Maglumatlar 3-nji jetwelde görkezilýär.

*3-nji jetwel*
*2016–2017 ýý. Türkmenistanda tokaý hojalyklarynyň işiniň we tokaý agaçlarynyň göwrümi*

| **Görkezijileri** | **Mukdary** | | **2016-njy ýyla çenli %** |
|---|---|---|---|
| | **2016** | **2017** | |
| Tokaý agaçlaryň ekilen ýerlerinde bejergi geçirildi | 28,6 | 27,8 | 97,2 |
| Nahalhanalarda ekilen tohumlar , *ga* | 28,6 | 26,8 | 93,7 |
| Agaçlaryň, gyrymsy agaçlaryň, miweli-ir iýmişli agaçlaryň, tehniki ösümlikleriň şitilleri oturdyldy, *müň sany* | 4 202,1 | 4 882,7 | 116,2 |
| Olardan pürli agaçlar | 1 547,7 | 2 318,3 | 149,8 |
| Agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň tohumlary taýýarlandy – jemi, *кg* | 10 475,0 | 11 889,1 | 113,5 |
| Şol sanda | | | |
| *Pürliler* | 1 254,0 | 1 963,6 | 156,6 |
| Olardan tohumlar: | | | |
| *Sosnalar* | 127,0 | 359,2 | 2,8 e./p. |
| *Tuýalar* | 1 117, | 1 604,4 | 143,6 |
| Ýapraklylar, gyrymsyjalar – jemi, tehniki ösümlikleri goşmak bilen, *кg* | 9 221,0 | 9 925,5 | 107,6 |
| *Tut* | 344,0 | 126,5 | 36,8 |
| Çäge berkidiji agaçlar | 7 060,0 | 8 060,0 | 114,2 |
| Başgalar | 1 817,0 | 1 674,0 | 92,1 |

Her ýylda ýurt boýunça 3 mln. düýp mukdarda agaç oturtmak bilen bagy-bossanlyga öwürmek işleri meýilnamalaşdyryldy. Olaryň deň ýarysyndan gowragy Aşgabat ş. dagetek ýerlerinde we golaý çöl ýerlerinde, hem-de Ahal welaýatynyň Anew ş. we Bäherden aralygynda agaç oturtmak işleri alnyp barylýar. Galan 1,5 mln. başga welaýatlara paýlanyldy. Köpetdagyň we Köýtendagyň dag arça tokaýlygyny dikeltmek Türkmenistanyň daglyk sebitleriniň biologik dürlüligini, tokaý, ýer we suw baýlyklaryny gorap saklamakda esasy ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynyň aýratyn ähmiýeti Garagumda ýerleşýän senagat we önüm-çilige hyzmat edýän hojalyk pudaklara degişli desgalaryň, ilatly ýerleriň daş-töwereginiň çäge massiwlerini tokaýlaşdyrmakdan ybaratdyr. Süýşýän çägelerde şeýle mehaniki gorag usullaryny ornaşdyrmak we çöl agaçlaryny oturtmak bilen emeli çöl tokaýlary döredilýär.



*Aşgabat şäheriniň töwereginde döredilen emeli tokaýlar*

Öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmäge ýardam bermek maksady bilen Germaniýanyň daşky gurşawy, tebigaty goramak, ýader reaktorlarynyň gurluşygy we howpsuzlygy federal ministrliginiň maliýe goldaw bermegi bilen MASEM we Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň bilelikdäki «Ýer baýlyklarynyň durnukly dolandyrylyşyny güýçlendirmek» taslamasy öz işini tokaý hojalyklarynyň işgärleriniň mümkinçiliklerini berkitmäge we ekiş materiallaryny taýýrlamak üçin nahalhanalary döretmäge gönükdirilendir.

Emeli tokaý agaçlaryny döretmek boýunça meýilnamalaýyn we yzygiderli işler şulardan ybarat: daglarda, çäge–çöl we suwarymly ýerlerde tohumlary ekmek we nahallary oturtmak ýoly bilen tokaý dikeldiş işleri, şeýle hem oba hojalyk edara-kärhanalaryň suwarymly ýerlerinde gorag tokaýlary we çägelik ýerlerde öri meýdanlarda öri meýdan gorag tokaý zolaklaryny döretmek. Emeli tokaý agaçlary ekmek üçin esasy ekiş materialy: daglarda we dagetek ýerlerde türkmen arçasy *(Juniperus turcomanica)* we pisse *(Pistacia vera)*. Bu agaç ekilen we oturdylan meýdanlar häzirki günde doly emeli tokaýly ýerlere öwrüldi.

Tokaý plantasiýalarynyň döredilmeginiň esasy ähmiýeti BMG-niň Klimatyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň çözgütlerini çözmekde hem hyzmat edýär, sebäbi tokaý massiwleri uglerody esasy siňdirijidir. Milli tokaý maksatnamasynyň wezipeleriniň ýerine ýetirilmegi iýmitlik önümleriniň, medisina we boýag öndürmekde çig mal we başga ekoulgam hyzmatlarynyň çeşmesi hökmünde ýurtda tokaý meýdanlarynyň giňeldilmeginde uly mümkinçilikleri berýär.

Klimatyň üýtgemegi boýunça milli strategiýany we Tokaý maksatnamany ýerine ýetirmek maksady bilen ýurtda klimatyň üýtgemegi bilen bagly howplary azaltmaga gönükdirilen uýgunlaşdyryş çäreleriň birnäçesi eýýäm amala aşyryldy. Soňky ýyllarda (2013 ý.) dürli pudaklarda, şol sanda kenarýaka ekoulgamyň klimatyň üýtgemegine uýgunlaşdyrylmagy bilen baglylykda halkara taslamalary durmuşa geçirilýär.

TOHDGGM-niň ÇÖHDMI we tebigaty goramak boýunça Mihail Zukkowyň gaznasynyň (Germaniýa) bilelikdäki «Howanyň üýtgemegine uýgunlaşma hökmünde ýerli ilatyň durmuşyny gowulandyrmak üçin Amyderýa zolagynyň ýer we tokaý baýlyklaryny dolandyrmaga ekoulgamlaýyn çemeleşmek» (2015–2017 ýý.) taslamasynyň çäginde Lebap welaýatynyň Seýdi şäheriniň çet gyralarynda Dostluk d/b-niň 20 ga çäge çöl meýdanlarynda tokaýlary dikeldiş işleri amala aşyryldy; Gabakly d/b-niň 7.38 ga meýdanynda tut

plantasiýalarynyň birnäçesi döredildi. Taslamanyň çäge-çöl synag meýdançasynda gips çöllügi hökmünde häsiýetlendirilýän ýerinde 20 müň nahal oturdyldy. Sazagyň, gandymyň, sözeniň nahallaryny oturtmak bilen bilelikde ekiş üçin goşmaça çäre hökmünde keşlere bu ösümlikleriň tohumlary ekildi. Çäge-çöl öri meýdanlarda tokaý dikeldiş işleriniň geçirilmegi meýdanlaryň ot-iýmlik ösümlikleriniň hasyllygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berdi, öý mallaryny bakmak üçin ýeterlikli ot-iým ösümlikleri alyndy, bu bolsa kenarýaka ekoulgama ýetýän täsirleri azaltmaga ýardam berdi.

### 3.2.3. 5-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli biodürlüligiň meselelerini degişlilikde göz öňünde tutýan Türkmenistanyň suw baýlyklaryny tygşytly peýdalanmak boýunça maksatnamany işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek we

### 6-njy wezipe: 2023-nji ýyla çenli suw we biologik baýlyklary rejeli peýdalanmaklygy işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek;

Bu iki milli wezipeler öz maksatlary boýunça örän meňzeş, şonuň üçin hem bölümde suw we biologik baýlyklary rejeli peýdalanmak boýunça milli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi barada maglumatlar berildi.

Bu wezipeleri durmuşa geçirmek babatda suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak suw kanunçylygynyň esasy ýörelgeleriniň biri hasaplanýandygyny bellemek möhüm. Mundan başga-da, esasy ýörelgeleriň sanawynda «ilatyň suwa deň elýeterligi», «suw serişdelerini durnukly we rejeli peýdalanmak», «suw serişdelerini çäk we jülgeleýin dolandyrmak ýörelgeleriniň utgaşyklygy» we beýleki ýörelgeler göz öňünde tutulan.

Suw kodeksinde suw serişdelerini dolandyrmagyň jülgeleýin ýörelgesiniň berkidilendiginden ugur alyp, Kodeksde döwlet jülgeleýin suw hojalyk guramalaryny, şeýle hem, jülgeleýin geňeşlerini döretmek mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Olary döretmekde geografik, taryhy, gidrografik, durmuş, ykdysady we beýleki ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr. Bu bolsa, geljekde döwlet suw hojalyk edaralarynyň kem-kemden (welaýat suw hojalygy, etrap suw hojalygy) döwlet jülgeleýin suw hojalyk guramalaryna orun bermelidigini aňladýar.

2018-nji ýylyň 9-njy fewralynda bolan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet baştutany Türkmenistanyň suw hojalygyny 2018–2030-njy ýyllarda ösdürmegiň Maksatnamasyny işläp taýýarlamak boýunça tabşyryk berdi. Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň suw hojalygy pudagyndaky bar bolan mümkinçilikleriň netijeli ulanylmagyny we bu pudagyň işiniň kämilleşdirilmegine ýardam berilmegini bellemek bilen, birnäçe möhüm wezipeleri tabşyrdy. Olaryň hataryna ýurduň tebigy-howa şertlerini hasaba almak bilen suwarmagyň häzirki zaman usullaryny, suwdan tygşytly peýdalanmagyň öňde baryjy tehnologiýalaryny agroönümçilige ornaşdyrmak, ýerleriň melioratiw ýagdaýlaryny gowulandyrmak we başgalar. Bu maksatnama işlenip taýýarlandy we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda bellenilýär.

Şeýle hem 2010-njy ýylda Türkmenistanyň «Agyz suwy hakynda» kanuny kabul edildi. Ilaty döwlet tarapyndan kepillendirilen agyz suwy bilen doly üpjün etmeklige gönükdirilen bu Kanun agyz suwunyň hiline we onuň adam saglygyna howpsuzlygyna gözegçiligi amala aşyrmaklygyň talaplaryny, agyz suwunyň çeşmeleriniň goraglylygyny we olardan peýdalanmagyň düzgünlerini kesgitleýär, ol çeşmelerden rejeli peýdalanmaklygy we ekologiýa taýdan arassa saklanmagyny üpjün etmeklige, hapalanmagynyň, gömülmeginiň

we guramagynyň öňüni almaklyga gönükdirilen, şeýle hem agyz suwy bilen üpjün ediş ulgamynyň kadaly işlemeginiň we bu ulgamda işleýän subýektleriň özara gatnaşyklarynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny belleýär. Bu kanunyň hereket etmegi bilen ilaty ýokary hilli, arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça maksatnama işlenip taýýarlanyldy we häzirki wagtda üstünlikli çözülýär.

Häzirki wagtda güýçli depginde uly gidrotehniki desga bolan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň ikinji nobatdaky gurluşygy alnyp barylýar. Zeý suwlarynyň dogry işlenmegi bilen ýurduň ekin ýerlerinden şor suwlar köle akdyrylýar, bu ýerasty suwlaryň derejesiniň peselmegine getirer, netijede ýerleriň suwarymly ýagdaýyny gowulandyrar, oba hojalyk ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrar, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýerli görnüşleriniň artmagyna getirer.

Hazar deňzini goramak babatda, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýasy (Tähran konwensiýasy) Türkmenistan tarapyndan 2004-nji ýylyň 19-njy awgustynda tassyklandygyny bellemek gerek. Konwensiýanyň maksady Hazar deňziniň deňiz gurşawyny hapalanmakdan goramak, şol sanda onuň biologik baýlyklaryny goramak, aýap saklamak, dikeltmek, durnukly we rejeli peýdalanmakdyr.

Türkmenistan «Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak barada ylalaşyga» (2014-nji ýylyň 29-njy sentýabry, Astrahan ş.) gol çekdi. Ylalaşygyň esasy maksady – Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak, şol sanda suw biologik serişdelerini bilelikde dolandyrmak. Türkmenistan Ylalaşygy 2014-nji ýylyň 8-nji noýabrynda tassyklady. Ylalaşygyň çäginde Taraplar ylalaşylan ylmy barlaglary alyp barmak; suw biologik serişdelerini bilelikde tutmaklygy kadalaşdyrmak boýunça çäreleri işläp taýýarlamak; suw biologik serişdelerini bikanun, düzgünleşdirmezden tutmagyň garşysyna göreş çärelerini işläp taýýarlamak; suw biologik serişdelerini we olaryň ýaýran ýerlerini goramagyň, şeýle hem balyklaryň bekre we başga görnüşleriniň ýaşajyklaryny öndürmegiň gysga–, orta– we uzak möhletleýin maksatnamalaryny bilelikde taýýarlamak we ýerine ýetirmek boýunça hyzmatdaşlygy alyp barýarlar.

2016-njy ýylyň iýun aýynda Gazagystanyň Oba hojalyk ministrligi Hazar deňziniň suw biologik serişdeleri boýunça Toparyň ýolbaşçylyk edýän Tarapy hökmünde Azerbeýjan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň we Türkmenistanyň döwlet balyk hojalyk edaralarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda nobatdaky 36-njy mejlisini geçirdi. Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak, şeýle hem deňziň suw biologik serişdelerini tutmaga rugsat edilýän umumy möçber boýunça bilelikde teklipnamalar düzüldi.

2018-nji ýylyň 12-nji awgustynda Gazagystanyň Aktau şäherinde Bäşinji Hazar Sammitiniň çäginde Hazarýaka döwletleriň Prezidentleri tarapyndan Hazar deňziniň hukuk derejesi barada Konwensiýa gol çekildi. Sebitleriň ýurtlary Hazar deňziniň ekoulgamyny we onuň ähli düzüm bölegini gorap saklamaga borçlandylar. Konwensiýa laýyklykda, Hazar deňziniň biologik dürlüligine zeperi ýetýän işleriň görnüşleri gadagan edilýär. Konwensiýa möhletsiz we tassyklanmak tapgyrynda dur.

Türkmenistan tebigaty goramak, şol sanda Durnukly ösüş maksatlaryna baglylykda meselelere toplumlaýyn çemeleşýär. Türkmenistanyň Daşary Işler ministrliginiň, Hazar deňziniň meseleleri boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky kärhanasynyň gurnamagynda hem-de BMG-niň hyzmatdaşy bolan Halkara okean institutynyň gatnaşmagynda ýurtda her ýylda «Hazar deňzi – durnukly ösüşi we dolandyrmak» barada okuw tapgyry geçirilýär. Hazaryň ähli ykdysady işleri düýpli ylmy subutnamalara, ýagny ýüze çykýan tebigy we antropogen täsirleriň, gözegçilik ulgamynyň we çaklamalaryň

bütewiligine daýanmalydyr. Şonuň bilen baglylykda Bäşinji hazarýaka sammitiniň işiniň gidişinde Türkmenistanyň Prezidenti Hazar deňzinde ylmy barlaglary geçirmek barada 5 taraply Ylalaşygyň işlenip taýýarlanylmagynyň maksadalaýykdygyny nygtady.

Häzirki wagtda Tähran konwensiýasyny ýerine ýetirmek boýunça işleriň çäginde «Hazar deňziniň daşky gurşawynyň ýagdaýy barada ikinji hasabatynyň» taýýarlanyş tapgyry tamamlanýar. Türkmenistan beýleki hazarýaka ýurtlaryň bilermenleri bilen bilelikde bütewi ýeke-täk Hasabat üçin bu hasabatyň milli bölegini taýýarlady.

Ramsar konwensiýasyna laýyklykda, Hazar döwlet tebigy goraghanasynyň Türkmenbaşy aýlagy, halkara derejede ähmiýetli ýer hökmünde bellendi (Ramsar saýt), onuň tutýan meýdany 267,124 ga. Goralýan aýlag birnäçe suw-batgalyk, gonup-göçýän, gyşlaýan we höwürtgeleýän guşlaryň adaty ýeri bolup hyzmat edýär, şonuň üçin hem goraghananyň ähli tutýan meýdany Türkmenistanyň möhüm ornitologik ýerlerine girýär. Suw-batgalyk ýerleriň sanawuna goşmak üçin nobatda duranlar Ogurjaly çäkli goraghanasy bilen Günorta-Çeleken we Türkmen aýlaglary hem-de Türkmenistanyň başga suw-batgalyk ekoulgamlary – özleriniň akym goşantlary bilen «Altyn asyr» Türkmen köli, Amyderýa, Garagum, Murgap we Tejen derýalary.

Bu meýdanlara goşmak babatda 2017-nji ý. aprel aýynda Baku ş. (Azerbeýjan) Biologik dürlülik baradaky konwensiýanyň sebitara maslahatynda deňziň ekologik we biologik tarapdan ähmiýetli ýerlerini anyklamak boýunça (DEBAÝ/EBSA) meselelere seredildi. Bu maslahatda türkmen hünärmenleri tarapyndan EBSA dünýä ähmiýetli ulgama goşmak üçin degişli derejesini işläp taýýarlamak we ýazyp beýan etmek boýunça uly işler geçirildi. Hazar deňziniň türkmen bölegindäki üç sany meýdan: Türkmenbaşy aýlagy, Türkmen aýlagy we Garabogaz. Ähli üç meýdan EBSA-nyň 7 sany görkezijisi boýunça kesgitlenen ölçeglere laýyklykda ýazyp beýan edildi. EBSA-nyň bellenen maslahatynda ulgama goşmak üçin taýýarlanan resminamalar ara-alyp maslahatlaşyldy, işiň dowamynda halkara bilermenleriň tekliplerini we belliklerini hasaba almak bilen olar gaýtadan işlenildi. BDK talaplaryna laýyklykda (kartalar we suratlar bilen) taýýarlandy we BDK Kätipligine (iňlis dilinde) berildi. Bu hödürlenýän EBSA-nyň ýerlerini durnukly dolandyrmak we gorag çärelerini güýçlendirmek boýunça geljekde işleriň geçirilmegi zerurdyr.

2018-nji ýylyň maý aýynyň 2-ine täze Türkmenbaşy halkara deňiz porty (2013–2018 ýý.) ulanmaga berildi. Işlenip taýýarlanan taslama parom, ýolagçy, konteýner terminallarynyň gurluşygyny göz öňünde tutdy. Duralga zolagynyň umumy uzynlygy – 3800 m. Taslama «Ýaşyl port» (Green port) halkara standartlaryna laýyklykda işlenip taýýarlandy, bu bolsa Hazar deňziniň ekologiýasyny gorap saklamak jähtden örän ähmiýetli. Hazar deňziniň deňiz ekologiýasyny gorap saklamak maksady bilen her bir terminalda biologik arassalaýjy enjamlar oturduldy. Halkara portyndan uzak bolmadyk ýerde guşlar üçin gurlan emeli ada özüniň baý ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen Hazar deňziniň daşky gurşawynyň howpsuzlygynyň talaplaryna laýyklykda durmuşa geçirilen täsin işleriň biridir. Bu adam eli bilen döredilen ada Hazar deňziniň gözbaşynyň tebigy toplumlaryny tebigy ýagdaýda gorap saklamak maksady bilen döredildi. Şonuň üçin hem sebitde Türkmenbaşy port toplumynyň ekoulgamynyň tutuşlygyna goralyp saklanmagy «tebigatyň nusgalyk» ýagdaýyna gabat gelýär.

Biologik baýlyklary rejeli peýdalanmak meselelerine degişli häzirki wagtda balyk hojalyk ulgamynyň üýtgedilip gurnalmagy bilen Türkmenistanda bu maksatlaýyn wezipeler boýunça öňe gidişlikleri gazanmakda birneme işlerde bökdençlikler ýüze çykýar. Ýurtda bazar gatnaşygyny ösdürmek, ykdysadyýetiň döwlete degişli däl pudaklarynyň işleriniň görnüşlerini giňeltmek hem-de geljekde içerki bazaryň üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti 2018-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Türkmenistanyň balyk hojalyk döwlet komitetini Türkmenistanyň Senagat ministrligine goşmak bilen gurluş

düzümleri özgertme hakynda karara gol çekdi we Balyk Döwlet komitetiniň hukuk orun tutujysy diýlip bellendi hökmünde kesgitlendi. Türkmenistanyň Senagat ministrligine Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler birleşiginiň agzalygyna geçirmek ýoly bilen döwlet komitetiniň edara kärhanalaryny hususylaşdyrmak tabşyryldy.

Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak babatdaky işiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslary Türkmenistanyň «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» kanunynda (2011 ý.) kesgitlenýär. Suw kodeksinde suw desgalaryny balyk, aw we tokaý hojalyklarynyň, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň zerurlyklary üçin peýdalanmaklygy göz öňünde tutýan ýörite bap bardyr (13-nji bap). Balyk hojalyk ähmiýetli suw desgalary suwuň biologik baýlyklaryny tutmakda peýdalanmak üçin berilýär. Olardan peýdalanmak agyz suwy we hojalyk – durmuş suw üpjünçiliginden başga balyk hojalygynyň peýdasyna çäklendirilip bilner (66-njy madda). Ýurduň senagat taýdan ösüşiniň döwlet strategiýasynda milli ykdysadyýetiň azyk üpjünçiligini berkitmäge, şol sanda uly maýa goýumlarynyň gönükdirilýän balyk senagatyna hem aýratyn üns berilýär. Soňky ýyllarda hojalyk pudaklarynyň subýektleriniň täzelenmegi we enjamlaşdyrylmagy, innowasion tehnologiýalaryň esasynda uly senagat kärhanalarynyň döredilmegi bilen balyk tutmagyň göwrümi yzygiderli ýokarlanýar. Şeýle hem tutulýan balyklary köpeltmäge, olary hil taýdan gaýtadan işlemäge we dürli balyk önümleri öndürmäge gönükdirilen netijeli çäreler artýar. Şeýle hem, Hazaryň biobaýlyklaryny gorap saklmak üçin (ilki bilen bekre balyklary) soňky wagtlarda «Hazar balyk» Açyk Paýdarlar Jemgyýetiniň kompaniýasy Hazaryň bekre balyklarynyň görnüşlerini emeli ýol bilen köpeltmek doky balyk *(Huso huso)*, rus bekresi *(Asipenser gueldenstae–dtii)*, tirana *(A. stellatus)* we olaryň işbilini öndürmek bilen bagly işler, şeýle hem leňňejiň gorlaryny dikeltmek hem-de – artemiýany *(Artemia salina)* howuzda ösdürip ýetişdirmek boýunça işleri geçirýär. «Hazar balyk» kärhanasy bekre we başga balyklaryň görnüşlerini emeli ýol bilen köpeltmek we olary gaýtadan işlemek, şeýle hem gara işbili almak boýunça 2015-nji ýylda işe başlady. Bu balyk zawody ýurtda şu görnüşdäki ilkinji we heniz ýeke-täk kärhanalaryň biridir. Balyklary ösdürip ýetişdirmek doly daşky täsirlerden goramak bilen ýapyk suw üpjünçiliginde alnyp barylýar. Akwakultura babatda täze üstünlikler we tehnologiýalar ulanylýar. Bekre balyklary emeli usullar bilen köpeltmek Hazar deňzinde bekre balyklaryň harytlyk baş sanyny çalt ösdürip ýetişdirmekde hem olaryň tebigy populýasiýasyny gorap saklamaga mümkinçilik berýär. Bäsdeşlik ukyply bahalar ýurduň bazarlarynda bikanun düzgün bozulmalaryň netijesinde alnan balyklaryň ýerini çalyşmaga ukyply bolup, ol geljekde Hazar deňzinde balyklaryň tebigy populýasiýasynyň ösüşine amatly täsirini ýetirer.

Şeýle hem howdan hojalyklaryny ösdürmegiň ugurlary güýçlendirilýär. Mysal üçin «Ahalbalyk» kärhanasynyň doly iş ugryny görkezmek bolar. Onuň düzümine «Ak bugdaý» (736 ga howdan) we «Altyn asyr» (200 ga howdan) howdan hojalyklary girýär. Bu ýerde esasan hem kütümaňlaý, teňňebalyklar, ak amur köpeldilýär. Bu tapgyrda howdanlaryň durkuny düýpli täzelemek, howdanlary abatlamak we köneleriniň düýplerini çuňlaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Türkmenistanda howdan balyklaryny öndürmegiň ösüşini balyk hojalyklarynyň öndürijiligini ýokarlandyrmak we şuňa meňzeş kärhanalaryň sanyny köpeltmek ýoly bilen gazanmak meýilleşdirilýär. Geljekde howdanlarda we köllerde balyk gorlaryny, ýagny balyk zawodlarda we balyk saklanýan howdanlarda her ýylda süýji suw balyklarynyň 10 mln gowrak ýaş balyjaklaryny ösdürip ýetişdirmek bilen öndürijiligini giňeltmek göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ylmy-barlag institutlary bilen ähli içerki suw howdanlarynda we Hazar deňzinde ýörite howdanlarda balyklary emeli ýol bilen köpeltmegiň dünýä tejribesini öwrenmek we bu şertlerde balyklar üçin ýokumly iýmitleriň täze görnüşlerini işläp taýýarlamak boýunça bilelikde barlaglar amala aşyrylýar.

### 3.2.4. 7-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda haýwanlaryň awlanylýan görnüşlerinden peýdalanmagyň ylmy taýdan esaslandyrylan ulgamyny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak.

7-nji wezipäni durmuşa geçirmek bilen baglylykda häzirki wagtda toplanan tejribeleriň, gazanylan mümkinçilikleriň we göz öňüne tutulan serişdeleriň esasynda ýurtda aw awlamagy we awçylyk hojalyklaryny ösdürmekde täze wezipeler dur.

Şeýlelikde, soňky ýyllarda biodürlüligiň düzüjileri bolan aw etmek, balyk tutmak we haýwanlary (we ösümlikleri) peýdalanmak babatda Türkmenistanyň kanunlary täzelendi: «Balykçylyk we suwuň biobaýlyklaryny gorap saklamak hakynda» (2011 ý.), «Ösümlik dünýäsi hakynda» (2012 ý.), «Haýwanat dünýäsi hakynda» (2013 ý.), «Tebigaty goramak hakynda» (2014 ý.), şeýle hem «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» täze kanun (2012 ý.) kabul edildi. Häzirki wagtda nobatda duran aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakynda Türkmenistanyň täze kanunynyň işlenip taýýarlanmagy tamamlanmak tapgyrynda dur.

Türkmenistanyň«Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakynda» (1998 ý.) kanuny umuman tebigy landşaftlar, öri meýdanlar we Türkmenistanyň çäginde ýörite bellen aw meýdanlary (TÝBAM) bilen bagly meseleleri düzgünleşdirýär we olaryň hataryna oba hojalyk ähmiýetli ýerleri hem goşýar.

Aw awlamak boýunça raýatlaryň hukugyny üpjün etmekde esasy serişdeleriň biri hem ýörite bellen aw meýdanlary bolup hyzmat edýär, şeýle hem olaryň goldanmagydyr. Türkmenistanyň çägindäki ýörite bellenen aw meýdanlaryny düzgünleşdirmegiň hukuk meseleleriniň Türkmenistanyň «Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmekhakynda» täze kanunynda doly berkidilmegine garaşylýar.

Türkmenistanda haýwanat dünýäsini goramagyň gadymy döwürlerden bäri synagdan geçen çuňňur hormatlanylýan usullarynyň biri hem – el guşlar bilen aw etmekdir, ol milli miras hökmünde uly gymmatlyga eýedir we ata-babalarymyzyň öwüt – nesihatlary bilen biziň günlerimize gelip ýeten türkmen halkynyň özboluşly däp – dessurlarynyň biridir. Ýaşaýyş zerurlygy hökmünde peýdalanylan aw etmegiň bu görnüşi asyrlaryň dowamynda synagdan geçip geldi we halkyň ruhy mirasynyň aýrylmaz bölegidir. 2002-nji ýylda Amarillo şäherinde (ABŞ-nyň Tehas ştaty) Elguşlar bilen aw etmek we awçy guşlary goramagyň Halkara bileleşigi tarapyndan Türkmenistanyň milli el guşlar jemgyýeti resmi tarapdan hasaba alyndy. Şeýle hem 2016-njy ýylda ÝUNESKO el guşlar bilen aw etmegi adamzadyň Milli maddy däl medeni mirasynyň sanawuna goşdy. Türkmenistanda bu gymmatly milli däpleriň görnüşini El guşlar milli awçylyk jemgyýeti ýöredýär.

BGMSHM–2 taslamasynda ýurtda aw hojalygynyň durnukly we öňdebaryjy görnüşini ornaşdyrmak boýunça çäreler kesgitlenendir. Bulardan başga-da, Halkara hyzmatdaşlyk boýunça Germaniýanyň jemgyýeti (GIZ) we Türkmenistanyň Awçylar we balykçylar birleşen jemgyýetiniň (TABBJ) Merkezi geňeşiniň arasyndaky şertnamanyň çäginde «Türkmenistanyň aw (baýlyklary) we olary durnukly peýdalanmak» (2014–2015 ýý.) baradaky ýerine ýetirilen taslamanyň jemleýji tapgyrynda berlen ýurtda awçylygy gurnamagyň dünýä standartlaryna gabat gelýän täze görnüşine geçmek üçin-häzirki zaman nusgasy boýunça ylmy-tehniki esaslandyrmasy taýýarlanyldy. Bu ýurtda şuňa meňzeş aw serişdeleri we umuman awçylyk gatnaşygyndaky ilkinji taslamadyr. Taslama awçylygy we ýörite bellenen aw meýdanlaryň ulgamyny, olaryň kämilleşdirilmegini we awlag ýeri hökmünde mahsuslygyny gowulandyrmaga, biziň döwletimiziň durmuş-ykdysady düzüm bölegi bolan aw awlamagy dolandyrmagyň ulgamlaýyn, gurluş düzüm we şahsy mümkinçiliklerine ýardam bermäge gönükdirilendir.

Bu taslamanyň beren netijeleriniň biri hem onuň ýerine ýetirilen döwründe ilkinji gezek ýörite bellenen aw meýdanlaryň tükellemesiniň geçirilmegidir we Türkmenistanyň häzirki wagtdaky hereket edýän ýörite bellenen aw meýdanlarynyň (TÝBAM) ähmiýetiniň görkezilmegidir.

«Synag» meýdançasy bolan iki sany aw hojalyklardan başga häzirki zaman aw hojalyklary ýurtda heniz ýok. Ýöne, eýýäm şu synag aw meýdanlarynyň bolmagynyň özi hem aw hojalyklarynyň täze nusgalyk işlere geçendigini subutlandyrýar.

«Mergen» ýöriteleşdirilen hojalygy Ahal welaýatynyň Akbugdaý etrabynyň çäginde ýerleşýär, ol 1991-nji ýylda, Merkezi Köpetdagyň dag eteginde 600 ga meýdanda döredildi. Meýdan düzlük we baýyrlyk ýeri (280 ga), özleşdirilmedik ýerleri (21 ga), öri meýdanlary (24 ga), suw-batgalyk ýerler (86 ga) öz içine alýar. Öz aralarynda gury ýer zolagy bilen birigýän iki sany köl bar. Garagum derýasyndan iki ugur boýunça gelýän suwlaryň esasynda meýdanda suw hanalary akýar: olaryň biri günorta tarapa çykýar we köle suw guýýar. Bu ýerde balyklary ýetişdirmek we köpeltmek boýunça balyk hojalygynyň işleri alnyp barylýar. «Mergen» hojalygy guşlaryň we ýabany haýwanlaryň ýagdaýy boýunça yzygiderlikde gözegçilik geçirilýän Türkmenistanyň guşlarynyň wajyp meýdançalarynyň biri hasaplanylýar. Güýçli we uzak dowamly sowuk howa şertlerinde ýabany haýwanlar we guşlar köpçülikleýin gyrylmaz ýaly olary iýmitlendirmek üçin ätiýäçlyk iýmit gorlary taýýarlanylýar.

Ikinji meýdan – Daşoguz welaýatynyň Ruhybelent etrabynyň çägindäki Ruhybelent meýdançasy (127 ga). Bu ýeriň daş-töweregi oba hojalyk ekinleri bilen gurşalandyr. Meýdanyň içinde kenar ýakalary selçeň gamyşlyklar bilen örtülen, gyş aýlary doňýan köl (19 ga) bar. Galan bölegini – ýorunja we arpa ekilen ýerler (40 ga) we akbaş, ýandyk, seýrek ýylgynlyklar, çerkez, we başga şoralaryň ösýän tarp ýerleri (68 ga) tutýar.

Bu ýerde aw awlanmaýar. Bu meýdan awçylaryň dynç almagy üçin hem-de ýurduň günortasy bilen deňeşdirilende demirgazygynda gazaply gyşyň bolýandygy sebäpli gyş döwründe ýabany haýwanlary goşmaça iýmitlendirmek üçin iýmitlik ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek we taýýarlamak üçin hojalyk işleriniň merkezi ýeri hökmünde ulanylýar. Aw haýwanlary we guşlar hojalygyň meýdanlarynda ýok, ýöne käwagtlar towşan, tilki, şagal we gamyş pişigi duş gelýär. Guşlardan – gögerçin. Seýrek görnüşlerden: torsuk gabat gelýär. Käwagtlar uçup geçýän döwründe togdarylar gabat gelýär.

Häzirki wagtda Mary welaýatynyň çäginden 1357 ga aw hojalygy üçin berlen üçünji meýdanyň resminamasy gutarnykly tapgyrda dur, ol haýwanlaryň awlanýan görnüşleriniň populýasiýasyny goldamak we göçýän ýabany guşlary goramak, suw howdanlarda balyklary köpeltmek, biodürlüligi gorap saklamak boýunça toplumlaýyn çäreleriň amala aşyrylmagyny meýilleşdirýär. Türkmenistanyň awçylar we balykçylar birleşen jemgyýetiniň binýadynda degişli hojalyklary gurnamak we ygtyýarnama almak üçin «Ussat awçy» kärhanasy döredildi.

TABBJ-iň orta we uzak möhletli meýilnamalaryna Ahal, Daşoguz, Mary welaýatlarynyň synag aw hojalyk meýdanlarynda awlanýan haýwanlary, balyklary, guşlary köpeltmek boýunça merkezleriň döredilmegi hem girýär. Awçylaryň we tebigaty söýüjileriň arasyndan ýerli telekeçileri hem-de başga hemaýatkärleri çekmek boýunça çäreler geçirilýär.

2014–2015 ýý. «Merkezi Aziýany ykdysady taýdan ösdürmek üçin howanyň üýtgemegini hasaba almak bilen ýerden durnukly peýdalanmak» baradaky Sebitara maksatnamanyň çäginde işlenip taýýarlanan TABBJ we GIZ arasyndaky hyzmatdaşlyk baradaky şertnama laýyklykda awlanylýan görnüşleri (sebitler, möhletleri, görnüşler we mukdary) peýdalanmak meselelerini düzgünleşdirmek, kadalaşdyrmak esasda barlaglar geçirildi we «Türkmenistanyň aw baýlyklary we olary durnukly peýdalanmak» barada çapdan çykarmak üçin kitap taýýarlanyldy.

Bu kitap – tutuş aw haýwanlary we awçylyk babatda ýurtda ilkinji gezek taýýarlanan neşirleriň biridir. Bu maksatnamanyň esasy ähmiýeti ilkinji gezek Türkmenistanyň ýörite bellenen aw meýdanlarynyň tükellemesini geçirmäge mümkinçilik berdi we Türkmenistanyň ähli ýörite bellenen aw meýdanlarynyň (TÝBAM) berýän ähmiýeti görkezildi.

**Kabul edilen çäreler bilen bagly bökdençlikler we ylmy hem-de tehniki goldawlar**

Türkmenistanyň toprak-klimat şertlerinde çölleşmek hadysasy güýçlenýär, bu ugurdan ýörite ylmy temalaryň we maksatnamalaryň işlenip taýýarlanmagy we olaryň neijeli maliýeleşdirilmegi zerurdyr.

Türkmenistanyň öri meýdanlarynyň iýmitlik mümkinçiligi durnuksyz häsiýete eýedir: howanyň amatly şertlerinde we ygalyň bol bolan ýylynda öri meýdanlaryň ösümlikleriniň hasyllylygy ýeterlik derejede ýokarlanýar, gurak ýyllarda birnäçe esse pese düşýär. Bu örüde bakylýan maldarçylygyň ýagdaýyna amatsyz täsirini ýetirýär hem-de geljekde halk hojalygynyň bu pudagynyň ösüşine ýetýän päsgelçilikleri güýçlendirýär, şeýle hem awlanýan görnüşleriň tebigy ýaşaýyş şertine öz täsirini ýetirýär.

**Ylmy mümkinçilikler**

Gurak ekoulgamlaryň goldanmagynyň aýratynlygyny hasaba almak bilen biodürlülik, ekologiýa, adamyň daşky gurşawyny goramak, tebigatdan rejeli peýdalanmak meseleleri boýunça düýpli ylmy we amaly barlag işleri ýerine ýetirmäge gönükdirilen çölleşmek meseleleri boýunça Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty (ÇÖHDMI) tarapyndan üpjün edilen käbir ylmy maksatnamalar bar. ÇÖHDMI-iň işleri şu aşakdakylara gönükdirilen:

- Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryny goramakda we tygşytly peýdalanmakda usulyýetleri işläp taýýarlamak, toplumlaýyn barlaglar;
- Çölleşmek hadysasyny öwrenmek we onuň ýetirýän amatsyz täsirlerini azaltmak boýunça toplumlaýyn çäreleri işläp düzmek;
- Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň dürlüligini hem-de klimatyň üýtgemegi bilen olaryň ýagdaýyna ýetýän täsirleri öwrenmek, çig mal we keseki görnüşler boýunça ylmy barlaglary geçirmek;
- Endemik, seýrek we ýitip barýan görnüşler boýunça ylmy gözegçilikleri geçirmek, milli Gyzyl kitaby taýýarlamak üçin maglumatlary ýygnamak we görnüşleri goramak boýunça çäreleri işläp düzmek;
- Zaýalanan tokaý öri meýdanlary gowulandyrmagyň we dikeltmegiň we geljekde ähmiýeti bar ösümlikleriň görnüşlerinden tokaý bagçylygyny ösdürmegiň tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak;
- Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny ösdürmegiň ylmy esaslaryny we olaryň dolandyrylmagyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak.

Garagumda tokaýlary dikeltmek, şol sanda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň ulgamynyň zolagynda miweli, ýaprakly we çöl ösümliklerini hem-de şora çydamly galofitleri, şeýle hem örüleri dikeltmek we şora çydamly ösümlikleri ekmek bilen, olaryň iýmitlik goryny baýlaşdyrmak; takyrlara ýygnanýan ýagyş suwlaryny we ýerli suwlary ulanmagyň esasynda «ýaşyl saýawanlary» döretmek; soňlugy bilen tebigy meýdanlara göçürmek maksady bilen arçanyň tohumyny we nahallaryny taýýarlamagyň tehnologiýasyny işläp taýýarlamak boýunça ylmy barlaglary ýaýbaňlandyrmak möhüm bolup, olary durmuşa geçirmek üçin dürli ylmy barlag institutlaryň we ÝOM-iň alymlarynyň we oba hojalygy pudagynyň tejribeli işgärleriniň bilelikdäki tagallalary gerek bolýar.

**MESELELER**

Bu wezipäni durmuşa geçirmekde çylşyrymly ýagdaý çöllük ýerleriň artýan şertlerinde olary ylmy we tehniki zerurlyklar bilen doly aradan aýryp bolmaýar, bu bökdençlikler üçin ýörite ylmy temalaryň we maksatnamalaryň işlenip taýýarlanmagy wajypdyr.

**ÖRI MEÝDANLAR**

Häzirki wagtda ýurtda umumy öri meýdanlaryň 50% zaýalanan öri meýdanlardyr, onuň 4,5% bolsa güýçli derejede zaýalanan ýerleridir. Çöl öri meýdanlaryny özleşdirmegiň esasy şertleriniň biri hem olaryň suwlulandylmagy bilen bagly bolup durýar. Bulara garamazdan, Türkmenistanda suw çeşmelerini gurmak boýunça köp işler edilen hem bolsa, häzir suwlulandyrylmadyk örüler millionlarça gektara ýetýär, olaryň iýmitlik önümi ulanylmany galýar (käbir maglumatlar boýunça 11 mln ga). Öri meýdanlarda suw nokatlarynyň ýetmezçiligi we olaryň deň ýerleşmeýänligi örüleriň suwlulandyrylýan böleginde mallaryň artyk bakylmagyna getirýär, bu bolsa örüleriň zaýalanmagynyň esasy sebäpleriniň biridir. Örüleri ýeterliksiz suwlulandyrmak we yzygiderli gurakçylyk öri meýdan hojalyklaryny durnukly dolandyrmakda mese-mälim kynçylyklary döredýär, öri meýdanlaryň dolanyşygyny alyp barmakda bökdençlikler ýüze çykýar.

Bularyň ählisi maldarçylygyň önümliligine, öri meýdanlaryň sygymyna amatsyz täsirini ýetirmek bilen ýerleriň ösümlik örtügini zaýalaýar.

Şeýle ýagdaýda, öri maldarçylygyny ösdürmekde mümkinçilikleri kesgitlemek üçin öri meýdanlarda toplumlaýyn geçirilýän geobotaniki barlaglaryň netijesi boýunça anyklanýar. Soňky gezek şeýle barlaglar diňe 1972–1980-nji ýyllarda geçirildi we bu maglumatlar häzirki wagtda öri meýdanlaryň anyk ýagdaýyny görkezip bilmeýär. Öri meýdanlaryň mukdar düzümi ep-esli üýtgedi, bu bolsa möwsümleýin iýmit gorunyň yzygidrliligini we olaryň sygymyny hem-de suw üpjünçilikli nokatlary görkezýän maglumatlary öz içine alýan welaýatlaryň we etraplaryň öri meýdanlarynyň uly möçberdäki kartasyny düzmek bilen öri meýdanlar boýunça täze tükelleme işleriniň geçirilmeginiň möhümdigini görkezýär.

Öň mallar belli bir hojalyklara, ýagny kolhozlara we sowhozlara berkidilen öri meýdanlarda bakylýardy. Her hojalyk özüne berkidilen öri meýdanlarynyň araçägini anyk bilýärdi we ony rejeli peýdalanýardy. Mallaryň baş sanynyň az bolmagy (baş sany 4,5–5,0 mln.) hem oňa mümkinçilik berýärdi. Häzirki wagtda mallaryň baş sany ep-esli (3,5 esse) artdy, hususy maldarlar (baş sany 86%), belli bir berkidilen örüsiniň ýoklugyna garamazdan, mallary çem gelen örülerde yzygiderli bakýarlar. Bu tebigy öri meýdanlaryň zaýalanmagynyň we olaryň iýmitlik sygymynyň peselmeginiň esasy sebäpleriniň biridir. Şeýlelikde, döwlet edaralaryna we daýhan birleşiklerine berkidileni öri meýdanlardan rejeli peýdalanmak doly berjaý edilmeýar. Käbir hojalyklara öri meýdan berkidilen hem bolsa, mallary ýok, ýa-da olar örüleri netijeli ulanmak, goramak we zaýalanmagynyň öňüni almak boýunça çäreleri geçirmeýärler.

**TOKAÝLAR**

Çöllük we daglyk uzak ýerlerde ýaşaýan ýerli ilat (gazlaşdyrylmadyk ýerlerde) odunlyk üçin agaçlary taýýarlaýarlar. Çöllük ýerlerde bu çölleşmek hadysasynyň güýçlenmegine, süýşýän çägeleriň döremegine, daglyk ýerlerde topragyň zaýalanmagyna, sil akymlarynyň döremegine getirýär. Esasy tokaý emele getiriji agaçlaryň hem ýokary agaç önümliligi ýok, diňe hojalyk işlerinde odunlyk üçin ulanyp bolýar, esasan hem – sazak, ýylgyn we türkmen kerkawy we başga-da rugsatsyz çapylýan görnüşler. Bu sanawa barmasy kyn ýerlerde ösýän arça agajy we toraňňylyklar girmeýär. Hat-da el degrilmedik tokaýlarda hem tebigatyň başga düzüm böleklerine adamyň hojalyk işiniň ýetirýän amatsyz täsirleri aýdyň görünýär. Mysal üçin ýabany toýnakly haýwanlaryň sanynyň azalmagy bilen, toprakda mohlaryň ösüp ýaýramagyna şertler döreýär we onuň netijesinde agaçlaryň, hat-da çöl agaçlarynyň hem guramagyna getirýär.

## SUW BAÝLYKLARY

Suw serişdeleri (baýlyklary) heniz doly ylmy maksatnamalarda we meýilnamalarda ýok. Merkezi Aziýanyň suw tejribeleri boýunça howdanlary ösdürmegiň toplumlaýyn taslamalarynyň köp ýyllyk taryhynyň bardygyny bellemek wajyp. Geçen asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap Amyderýanyň aýratyn basseýnlerini we «Aral deňziniň suw baýlyklaryny toplumlaýyn goramagyň we ulanmagyň Baş çyzgysy» giňden ýaýbaňlandyryldy we ýurtlaryň öz aralarynda suwlary paýlaşmakda esas (häzirki wagtda hem bu peýdalanylýar) bolup hyzmat etdi. Bu ugurlarda mümkinçiligi bolan suw baýlyklaryny, suwuň sarp edilşini, suwuň deňagramlygyny, pudaklaryň arasynda suwdan peýdalanylyşyny çaklamak, sil suwlaryndan goranmak boýunça çäreleri, gidroenergetikanyň önümçiligini, suwaryş usullarynyň ösdürilmegi we onuň möhüm mümkinçilikleri göz öňünde tutuldy. Şol bir wagtyň özünde «Çyzgyda» ekologiýa, şeýle hem bellenen wagtlaýyn mümkinçiliklere ýetmek boýunça çärelere ýeterlik derejede üns berilmedi. Bu babatda «Çyzgynyň» esasy düzgünlerini ilata giňden habar bermek we olaryň çözgüdi üçin jemgyýetçiligi çekmek zerurdyr.

Suw baýlyklarynyň ýagdaýy Türkmenistan bilen serhetleşýän ýurtlaryň (Gazagystan, Özbegistan, Eýran, Owganystan) öz aralarynda suwdan peýdalanylyşy, ýagny 4 sany serhetüsti Amyderýa, Tejen, Murgap, Etrek derýalardan ýörite yalalşylan mukdarda düşýän suw serişdelerini peýdalanmagy bilen baglydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow öz çykyşynda suw baýlyklarynyň çäkli şertinde agroekinleri suwarmak üçin suw baýlyklaryny tygşytly ulanylmagyny, suwarmagyň damjalaýyn usulynyň ornaşdyrylmagyny we suwy az harçlamak arkaly ýokary hasylyň alynmagyny belleýär. Türkmenistanda bugdaý bilen bir hatarda gowaça ekilip ýetişdirilýär, gowaçany ösdürip ýetişdirmekde suw köp talap edilýär, gowaçany ösdürip ýetişdirmek ýerli dokma senagatynyň yzygiderli ösdürilmegine uly mümkinçilikleri berýär.

## KYNÇYLYKLAR

## ÖRI MEÝDANLAR

Ýerden peýdalanmak meseleleri bilen meşgullanýan hereket edýän döwlet edaralary, ýerli ýerine ýetiriji gurmalar öri meýdanlaryň, şeýle hem aw gaznasynyň ýerleriniň ulanylyşynyň gözegçiligi we dolandyrylyşy boýunça özleriniň anyk işleri barada ýeterlik maglumatlary berjaý etmeýärler. Şonuň üçin hem tebigy öri meýdanlary, şeýle hem aw gaznasyny rejeli peýdalanmak we goramak babatynda ýuridiki we fiziki işleriň umumy sazlaşdyrylyşy örän gowşak.

Öri meýdanlaryň peýdalanylyşyna we dolandyrylyşyna jogapkär döwlet guramalar tarapyndan işleriň gowşak alnyp barylmagy olaryň biologik önümliliginiň mümkinçilikleriniň peselmegine we ulgamsyz ulanylmagyna getirýär. Bu hem öz nobatynda käbir ýerlerde tebigy örüleriň zaýalanmagyny ýokarlandyrýar.

2018-nji ýylyň güýz aýyna çenli tebigy örüleri hasaba almagyň, gözegçiliginiň, durnukly dolandyrylyşynyň Maksatnamasy ylmy esasda işlenip taýýarlanylmady. Bu çäreler BGMSHM–2 täzelenen görnüşine goşuldy, ýöne resminama Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan tassyklanmady we durmuşa geçirilmedi. Şeýle bolsa-da, örüleri dolandyrmak meselesi önümçilik gatnaşyklary meňzeş milli döwlet maksatnamalaryna girizildi we kanunlarda görkezildi.

**TOKAÝLAR**

Türkmenistanyň tokaý önümleri halkara söwda girmeýär, sebäbi onuň agajy senagat üçin ähmiýetli däl. Türkmenistanda tokaý taýýarlamagyň her ýylky göwrümi (esasan hem odun hökmünde) 5 – 10 müň $m^3$ ýokary däl. Türkmenistanda tokaý-agaç önümlerine bolan islegler başga ýerlerden getirilen tokaý harytlarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

**SUW BAÝLYKLARY**

Bu birinji ýerde duran mesele – geljekde suw baýlyklaryna bolan islegiň güýçlenmegi mümkin. Türkmenistanyň demirgazyk sebiti Aralyň ekologik meseleleriniň täsirine sezewar boldy. Daşoguz welaýatynda ilki bilen ekin ýerleriň şorlaşmagy, ýagny ýerleriň zaýalanmagy we çölleşmek hadysalary bilen bagly meseleler ýüze çykdy. Ýurduň Hökümetiniň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli guramalarynyň tagallalaryna laýyklykda, agyz suwunyň hili ep-esli gowulandyryldy.

**AW**

Biodürlüligi gorap saklamak nukdaýnazardan aw hojalyklaryň ösüşinde esasy döreýän päsgelçilikler awçylaryň gowşak habarlylygyndan, şeýle hem bikanun düzgün bozulmalaryň bolmagy bilen baglydyr. TABBJ bilermenleriniň baha bermegi boýunça höwesjeň awçylykda birnäçe görnüşler ulanylmaýar, sütükli aw haýwanlary tutulmaýar. Şeýle bolsa-da, hakykatdan hem birnäçe görnüşleriň (towşan, ýekegapan, käkilik we başg.) awlanmagy ýörite bellenen mukdardan artýan bolmagy mümkin. Aw baýlyklaryny peýdalanmakda käbir kynçylyklar aw hojalyk ulgamlarynyň ýerden peýdalanmakda bellenen hukugynyň ýoklugy bilen bagly bolmagy hem mümkin. Onuň üstesinede häzirki zaman kadalaşdyryjy-hukuk resminamalary häzirki wagtda hereket edýän ýörite bellenen aw meýdanlaryny ösdürmäge we dogry gurnamaga awdan peýdalanyjylaryň gyzyklanmagyna ýardam bermeýär. Döwlet aw kadastryny ýöretmegiň esasy hökmünde haýwanlary hasaba almak boýunça doly göwrümli barlaglary geçirmek zerurdyr. Hukuk we aw möwsüminiň düzgüniniň bozulmalary bilen bagly dawalar; Türkmenistanda ýörite bellenen aw meýdanlarynyň (TÝBAM) içinde we daş-töwereginde öri meýdanlaryň peýdalanylmagy aw hojalyklaryny ösdürmek boýunça tagallalaryň netijeliligini peseldýär. Şol bir wagtyň özünde TÝBAM-da höwesjeň awçylygyň ýöredilişini gowulandyrmaga we hat-da geljekde öri meýdanlaryň gowulandyrylmagy we döwletiň ätiýaçlyk ýerlerini peýdalanmak bilen bir hatarda awçylyk hojalyklarynyň häzirki zaman düzüminiň döredilmegine gyzyklanylýar.

**TEKLIPLER**

Tebigy öri meýdanlary we ýörite bellenen aw ýerlerini rejeli ulanmak we goramak üçin şu aşakdakylar teklip berilýär:

- öri meýdanlaryň we awlag ýerleriniň ulanylyşyny hasaba almak;
- suw çeşmelerini we başga desgalary pasportlaşdyrmak;
- geljekde mallaryň baş sanynyň ýokarlanmagyny we olaryň iýmit sygymyny göz öňüne tutmak bilen ýerden peýdalanyjylaryň arasynda öri meýdanlary gaýtadan berkitmek;
- ýörite bellenen aw ýerlerini jogapkär adamlara (edaralara) berkitmek;
- öri meýdan dolanyşygyny girizmek bilen ýerleriň guramaçylygynyň taslamalaryny düzmek we ornaşdyrmak;
- geljegi bar bolan täze aw hojalyklaryny döretmek.

Howanyň üýtgeýän şertinde tokaýlary gorap saklamak meselesi boýunça ilat üçin, esasan hem Garagum çölüniň oba ýerlerinde ýaşaýanlar üçin ykdysady höweslendirmeler we maliýe maksatnamalary örän möhümdir. Tokaýlar we klimatyň üýtgemegi boýunça

bellenen strategiýalaryň durmuşa geçirilmegi, Türkmenistan tarapyndan tassyklanan BMG-niň birnäçe konwensiýalarynyň düzgünnamalaryny çözmäge ýardam berer. Çölleşmäge garşy göreşmek boýunça konwensiýa laýyklykda, çöl ösümlikleriniň ekilmegi zaýalanan öri meýdanlaryň ösümlikleriniň dikeldilmegini çaltlandyrar, netijede soňlugy bilen bu ýerlerde hojalyk işlerini dikeltmäge mümkinçilik dörär. Maksatnama başga konwensiýanyň – BDK-nyň wezipelerini çözmek hem goşuldy, ýagny tokaý ekiş işleri we ösümlikleriň dikeldilmegi wagtyň geçmegi bilen bu ýerde dürli haýwanlaryň, şol sanda «Gyzyl kitaba» girizilen görnüşleriň ýaýramagyna ýardam berer.

Suw serişdelerini rejeli peýdalanmak we ulanmak boýunça hojalyk subýektleriniň işleriniň sazlaşdyrylmagy suw baýlyklarynyň goralyp saklanmagynyň ygtybarly çeşmesidir.

Şeýle hem türkmen bilermenleri Garagumda döredilen «Altyn asyr» uly emeli suw howdanynyň ikinji nobatda durmuşa geçirilmegi bilen, Türkmenistanyň suwarymly ýerleriniň meliоratiw ýgdaýynyň gowulandyrylmagyna, ýerleriň önümliligini ýokarlandyrmaga we ýerleriň şorlaşmagynyň öňüni almaga ýardam berer diýip çaklaýarlar.

## 3.3. III-nji maksat. Senagatyň gazyp alynýan pudagyny ösdürmekde ykdysadyýet bilen biodürlüligiň arasyndaky deňagramlylygy saklamak

### 3.3.1. 8-nji wezipe: 2022-nji ýyla çenli gazyp alynýan pudaklardaky daşky gurşawa täsire baha bermekligiň we ekologiýa taýdan dolandyrmagyň çäklerinde gözegçiligi güýçlendirmek we biodürlüliligi gorap saklamak boýunça kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň binýadynyň gowulandyrylmagy

Türkmenistanda kanunçylygy ýuwaş-ýuwaşdan ekologiýalaşdyrmak, ekologik gatnaşyklary köpsanly raýatlyk, administratiw, jenaýat kanunçylygynyň kadalary, senagatda, gurluşykda, energetikada we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda hereket edýän kanunçylyk bilen sazlaşdyrmak arkaly kanunçylykda ekoulgamlaýyn ýörelgeleri berkitmek işleri alnyp barylýar. Gürrüň hukugyň dürli pudaklarynyň kanunçylyk namalaryna ekologik kadalary girizmek barada barýar. Ykdysadyýet ilatyň zerurlyklaryny we kanuny isleglerini kanagatlandyrmaly, emma onuň ösüşi daşky gurşawy goramak babatda ekologiýanyň mümkinçilikleriniň we talaplarynyň çäklerinde bolup geçmelidir. Daşky gurşawa täsir etmeklige hukuk taýdan rugsat beriýär, emma ol kadalaşdyryjy namalar we ekologiýanyň beýleki hökmany talaplary bilen kesgitlenen belli bir çäklerde bolup biler. Daşky gurşawyň talaplaryna laýyklykda kanunçylygy ekologiýalaşdyrmak hojalyk we beýleki işleri ekologiýanyň kadalarynyň we talaplarynyň ýerine ýetirilmegi bilen alyp barmagy göz öňünde tutýar.

Ykdysadyýetiň pudaklarynyň derejesinde meýilnamalaşdyrmak degişli ministrlikler we döwlet edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýär. Olaryň pudaklaýyn meýilnamalaryna we maksatnamalaryna hem daşky gurşawy goramaklygyň we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmaklygyň esasy ugurlary goşulýar.

8-nji maksatlaýyn wezipäni amala aşyrmak üçin göz öňünde tutulýan hojalyk we başga işleriň netijesinde daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek boýunça häzirki wagtda Türkmenistanda ýörite döwlet standartlary we kanunlar tassyklanyldy, ol özüniň düzümi boýunça serhetüsti bilen bagly daşky gurşawa ýetýän täsire baha bermek baradaky BMG-niň Konwensiýasynyň (ESPO Konwensiýasy) ýörelgelerine we kadalaryna meňzeş.

Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek (DGTBB) – tebigy desgalaryň ýagdaýyna ýetýän amatsyz täsirleriň öňüni almak üçin örän zerur kadalaryň biridir. DGTBB ýerlerde göz öňünde tutulýan işleriň tebigy gurşawa ýetirýän täsiriniň häsiýeti we göwrümi baradaky maglumatlary berýär, hojalyk we başga işleri geçirmek meýillleşdirilende jemgyýetçiligiň pikirini anyklaýar, durmuş-ykdysady we ekologik tarapdan ýetýän ýaramaz täsirlere baha berýär, ýetýän amatsyz täsirleri azaltmagyň ýollaryny işläp düzýär. Bu maglumatlar DGTBB kadalaryny görkezýän resminamalarda bellenilýär we döwlet ekologik seljermesine berilýän maglumatlaryň bir bölegi bolup hyzmat edýär. Biodürlüligiň ýagdaýyna amatsyz täsiri ýetmegi mümkin bolan senagat desgalary we başga işler taslamalaşdyrylanda onuň ähli tapgyrlarynda daşky gurşawa ýetiriljek täsirlere baha berilmeginiň gurnalmagy we geçirilmegi hem-de degişli ekologik barlagy alyp barýan döwlet guramalaryna DGTBB netijesiniň berilmegi hökmanydyr. Sargytçy DGTBB işiniň maliýeleşdirilmegine we döwlet guramalaryň hem-de jemgyýetçilik guramalaryň wekilleri bilen işleri gurnamaga jogapkärdir.

Şeýle hem ekologik seljermesini geçirmegiň esasy talaplary bar – bu bolsa durmuş-ykdysady barlaglara, seljermelere we seljerme geçirilen degsalara berlen bahalara esaslanyp, ygtyýarly gurama tarapyndan amala aşyrylýan seljerme işiniň görnüşidir, ol daşky gurşawy goramagyň we tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmagyň, ilatyň ekologik howpsuzlygy we hojalyk hem-de işleriň başga görnüşleriniň ýetirýän mümkin bolan amatsyz täsirleriniň öňüni almak talaplarynyň üpjün edilmegine gönükdirilendir. Ekologik seljermäni geçirmek boýunça esasy talaplar – bu işe jemgyýetçilik guramalaryň gatnaşmaga hukugynyň berilmegidir (28 mad.), şeýle hem daşky gurşawa edilýän täsiriň (DGTBB) borçlary baradaky kadalaryň berkidilmegi «Ekologiýa seljermesi hakynda» (16.08.2014 ý.) kanunda kesgitlenendir. Bu tebigy gurşawa ýetýän täsirler bilen baglylykda jemgyýetçiligiň ekologik maglumatlary almaga elýeterliginiň kadalarynyň we dolandyryş kararlaryna gatnaşmaga hukugynyň durmuşa geçirilmegine ýardam berýär.

Türkmenistanda daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha berilmegini düzgünleşdirýän esasy kanunçylyk binýady bolup, ekologiýa seljermäniň geçirilmegini düzgünleşdirýän hukuk namalary hyzmat edýär, şol sanda:

- Türkmenistanyň«Tebigaty goramak hakynda» kanuny 2014ý.
  (3mad. b.9; 7mad. b.18; 29 mad., 31);
- Ekologiýa seljermesi hakynda» Türkmenistanyň kanuny 23.08.2014ý.
  (1mad.; mad.11 b.2; mad.13);
- Türkmenistanyň döwlet standarty TDS 579–2001 «Türkmenistanda hojalyk we beýleki meýilleşdirilýän işleriň daşky gurşawa täsirine baha bermek»;
- Döwlet ekologik ekspertizasyny geçirmegiň tertibi hakynda Düzgünnama»
  13.11.1996 ý. № 2864.

Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanunynda (1.03.2014 ý.) tebigy baýlyklary goramak boýunça olary hapalanmakdan goramaklyga, rejeli peýdalanmaklyga we dikeltmeklige ugrukdyrylan hukuk, guramaçylyk, ykdysady we beýleki çäreleriň ulgamyny öz içine alýan zerur bolan çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Olar kanunda ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan tebigy baýlyklardan peýdalanylanda ekologiýanyň talaplaryny güýçlendirmekde öz beýanyny tapýar. Bu jähtden Türkmenistanyň çäklerinde hojalyk we beýleki işleri alyp barýan ýuridik we fiziki şahslaryň tebigy baýlyklardan peýdalanmak we daşky gurşawa täsir etmek derejesiniň görkezijiler ulgamyny göz öňünde tutýan ekologiýa pasportlaryny taýýarlamak boýunça borçnamalarynyň bellenilmegini kanunyň möhüm täzeligi hökmünde görkezmek bolar (30-njy madda). Ekologiýa seljermesiniň mümkinçilikleri bu işlere jemgyýetçilik birleşmeleriniň gatnaşmak hukugynyň berilmegi (28-nji madda), şeýle hem daşky gurşawa göni ýa-da gytaklaýyn täsir edip biljek hojalyk we

beýleki meýilleşdirilýän işler bilen baglylykda daşky gurşawa täsire hökmany baha bermek hakynda kadalaryň berkidilmegi (29-njy madda) esasynda has-da giňeldildi.

«Ekologiýa seljermesi hakynda» kanunda göz öňünde tutulýar: işleriň meýilleşdirilen ilkinji tapgyrynda daşky gurşawa ýetirilýän täsirilere baha bermegiň hökmany we toplumlaýyn işlenip taýýarlanmagy, ygtybarly maglumatlara jogapkärçilik, DGTBB boýunça taslama resminamasynyň işlenip taýýarlanylmagy üçin meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň ekologiýa taýdan howply görnüşleriniň sanawy, DGTBB geçirmekde bildirilýän talaplar. Ekologik seljermesini we DGTBB amala aşyrýan ýörite ygtyýarly gurama TOHDGGM tarapyndan ýerine ýetirilýär.

DGTBB maksady daşky gurşawa düýpli täsiri ýetmegi mümkin bolan taslamalaryň ekologiýa tarapdan ýetirýän täsirlerine baha berilmegini ýerine ýetirmekden, şeýle hem daşky gurşawa ýetýän täsirleriň ýüze çykmagyny ara-alyp maslahatlaşmakda kararlary kabul edýän adamlaryň ünsüni çekmekden ybaratdyr. Daşky gurşawa ýetýän täsirler öňüni alyş çäre hökmünde işlenip düzülýär we taslamany işläp taýýarlamak boýunça çözgütleri barada habar berilýär.

Täze ekologiýa kanunçylygy *daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçilik geçirmegiň toplumlaýyn ulgamynyň döredilmegini*, tebigy we adamyň hojalyk işiniň netijesinde ýetýän täsirlerden daşky gurşawuň ýagdaynyň üýtgeýşine çaklama we baha berilmegini üpjün edilmegini borçlandyrýar. Gürrüň *döwlet ekologiýa gözegçiligi* barada gidýär, daşky gurşawyň ýagdaýynyň üýtgemegine ýetýän amatsyz täsirleri azaltmak we öňüni almak üçin wajyp bolan daşky gurşawyň ýagdaýy baradaky anyk maglumatlary döwletiň, ýuridiki we fiziki şahslaryň zerurlyklaryny üpjün etmek maksady bilen amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda gözegçilik geçirmek meseleleri dürli kanunlarda kesgitlenendir. Türkmenistanyň «Haýwanat dünýäsi hakynda» kanunyna laýyklykda, haýwanat dünýäsiniň döwlet monitoringini ýöretmegiň tertibini belleýär (7 mad, b.6). Ösümlik dünýäsiniň monitoringini amala aşyrmagyň düzümi, mazmuny we tertibi Türkmenistanyň «Ösümlik dünýäsi hakynda» kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär (42 mad., b.3). «Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek hakynda» kanunda – Döwletiň aw fondunyň monitoringi döwletiň aw fondunyň ýagdaýyny we oňa degişli haýwanlaryň ýaşaýan şertlerini, olardaky üýtgeşmeleriň wagtynda üstüni açmak, olara baha bermek, olaryň öňüni almak hem-de ýaramaz hadysalaryň we olaryň zyýanly netijeleriniň öňüni almak hem-de olary düzetmek maksady bilen geçirilýän gözegçilik işleriniň sistemasyndan ybaratdyr (41 mad.). Aw awlamak we aw hojalygyny ýöretmek babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna döwletiň aw gaznasynyň gözegçiligini ýöretmegiň ýeke-täk tertibini kesgitlemek degişlidir (4 mad.).

Ekologiýa gözegçiliginiň döwlet ulgamyny amala aşyrmak boýunça umumy işleri sazlaşdyrmak birnäçe tebigy desgalary öz içine alýan (ýerüsti we ýerasty suwlaryň, deňiz gurşawynyň, topragyň, atmosfera howasynyň, ozon gatlagynyň, tokaýlaryň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň we başg. hapalanmagy) Türkmenistanyň oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň üstüne ýüklenen. Tebigy baýlyklaryň aýratyn görnüşleri boýunça ministrlikler we edaralar pudaklaýyn gözegçilikleri amala aşyrýarlar.

Şol sanda tebigatdan peýdalanmagyň ähli derejesini göz öňüne tutmak bilen, daşky gurşawyň gözegçiligini geçirmekde ýeke-täk edara ara sazlaşdyryş döwlet ulgamy möhümdir. Häzirki wagtda ýurtda daşky gurşawyň we tebigy baýlyklaryň aýratyn düzüm bölеklerine gözegçiligi amala aşyrýan onlarça edaralar işleýär.

Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygy daşky gurşawy hapalamakdan goramaga, gaýtalanmajak özboluşly biologik dürlüligi we biosferany gorap saklamaklyga, ýurduň ýer we suw serişdelerini we beýleki tebigy baýlyklaryny rejeli peýdalanmaklyga gönükdirilendir

we senagatyň gazylyp alynýan pudaklarynda işleriň ekologiýa tarapdan dolandyrylyşyna we DGTBB çäginde biodürlüligiň goralyp saklanmagyna we gözegçiligiň güýçlendirilmegine hem-de hukuk-kadalaşdyryş binýadynyň gowulandyrylmagyna gönükdirilendir.

Mysal üçin, «Ulag syýasatynyň esaslary hakynda» (09.06. 2018 ý.) täze kanunynyň 9-njy maddasy daşky gurşawyň goragyny we ulaglaryň ekologik howpsuzlygynyň üpjün edilmegini göz öňüne tutmak bilen ulag ulgamynyň ekologik arassaçylygyny ýokarlandyrmaga; Türkmenistanyň ulag ulgamynyň energiýa netijeliliginiň üpjün edilmegine; ulag ulgamyny ösdürmekde hereket edýän esas hökmünde ulag pudagynda durmuşa geçirilýän işlere ekologiýa syýasatynyň utgaşdyrylmagyna; ulag işlerine we ulag ulgamynyň desgalaryna jemgyýetçilik ekologik seljerme bermek babatda jemgyýetçilik guramalaryň we fiziki şahslaryň hukuklarynyň üpjün edilmegine gönükdirilendir.

Nebit we gaz känlerini özleşdirmegiň depgini güýçlendirilýändigine, olaryň daşalýan mukdarynyň artýandygyna garamazdan, täze ýerleri özleşdirmegiň ýa-da olaryň täze gorlarynyň üstüniň açylmagy netijesinde uly möçberlerde dökülen nebit önümleri bilen hapalanmak ýaly gönüden göni düýpli täsiri hasaba alynmady. Galyberse-de, TOHDGGM-niň ýörite «Hazarekogözegçilik» gullugy tarapyndan deňiz gurşawynyň ýagdaýyna, şol sanda deňiz suwunyň durnukly organiki hapalaýjy maddalar, nebit önümleri we agyr metallar bilen hapalanmagyna yzygiderli gözegçilik geçirilýär. Täze desgalary gurmak, öňki hereket edýänleriniň durkuny täzelemek boýunça taýýarlanylýan ähli taslamalar hökmany suratda ekologiýa taýdan seljerilýär – daşky gurşawa ýetirýän täsirine baha berilýär.

Bulardan başga-da, tebigaty goramak kanunlaryň düzgün bozulmalaryna jogapkärçilik çärelerini geçirmek ugurlary hem möhümdir. Bu ýagdaýda 2010-njy ýylyň 10-njy maýynda Türkmenistanyň kanuny tarapyndan tassyklanan Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi (31-nji bap – Ekologik jenaýatlar) we 2013-nji ýylyň 29-njy awgustynda kabul edilen Administratiw hukuk bozulmalary hakynda Türkmenistanyň kodeksi hereket edýär. Onda tebigaty goramak kanunlaryň düzgün bozulmalary, kesgitlenen jerimeler we başga-da administratiw sanksiýalar doly görkezilip tebigaty we daşky gurşawy goramak babatynda administratiw hukuk bozulmalaryň meseleleri doly beýan edilýär (jemi 65 madda).

Ýokarda beýan edilen kanunlardan başga bu ugurlardan kadalaşdyryjy hukuk namalary, usulyýet gollanmalary, düzgünnamalary, pudagara meýilnamalary işlenip düzüldi:

- Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň daşky gurşawy hapalanmagy üçin normatiw tölegleri;
- Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň daşky gurşawa hapalaýjy maddalaryň zyňylmagy we dökülmegi üçin töleg girizmegiň tertibi;
- Türkmenistanyň döwlet standarty TDS 579–2001: «Türkmenistanda hojalyk we beýleki işler meýilleşdirilende daşky gurşawa täsirine baha bermek»;
- Daşky gurşawyň hapalanmagy we döwlet ekologiýa seljermesiniň geçirilmegi üçin döwlet tölegleriniň möçberleri;
- Türkmenistanyň suw desgalaryna akdyrylýan (taşlanylýan) hapa suwlara bildirilýän talaplar hakynda Düzgünler;
- Türkmenistanyň çäginde biodürlülige zeper ýetirilmegi we/ýa-da onuň ýok edilmegi bilen ýetirilýän zyýana ykdysady taýdan baha bermegiň usulyýeti;
- Türkmenistanda suw desgalarynyň (obýektleriniň) hapalanmagynyň netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň we hasaplamagyň usulyýeti;

- Türkmenistanda topragyň hapalanmagynyň netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň we hasaplamagyň usulyýeti;
- Türkmenistanda howanyň hapalanmagynyň netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň we hasaplamagyň usulyýeti;
- Ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleriniň bikanun alynmagy, ýok edilmegi we tebigy baýlyklaryň ulanylmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin ölçeglerini kesgitlemek boýunça nyrhnamalaryň taýýarlanylmagy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşylandan soň 26.03.2012 ý. seneli Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň №53/2–2012 belgili buýrugy bilen tassyklanmagy;
- Türkmenistanyň Döwlet balyk goragy müdirligi hakynda Düzgünnama;
- Türkmenistanyň suw biologik serişdelerini goramak we içerki suw howdanlarynda hem-de territorial suwlarda balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakynda Düzgünnama;
- Daşky gurşawy, ösümlik we haýwanat dünýäsini hem-de balyk gorlaryny goramak boýunça kanunçylygyň ýerine ýetirilişine gözegçilik boýunça 2016–2020-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk, Goranmak, Içeri işler, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrleriniň, hem-de Döwlet serhet gullugynyň, Gümrük gullugynyň we Balyk pudagynyň ýolbaşçylarynyň gol çeken bilelikde ýerine ýetirilmeli meýilnamasy;
- Türkmenistanyň Içeri işler, Goranmak, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak, Energetika we Senagat ministrleriniň hem-de Döwlet serhet gullugynyň, «Türkmenmallary» assosiasiýasynyň, «Türkmenobahyzmat» assosiasiýasynyň hem-de Ýangyna garşy göreşmegiň meýletin jemgyýetiniň başlyklarynyň gol çeken Türkmenistanyň çäginde 2012–2016-njy ýyllarda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça pudagara meýilnamasy.

Bu meýilnamalara laýyklykda, haýwanat dünýäsiniň görnüşlerini bikanun tutmak we tokaýlarda, öri meýdanlarda, ähli tebigy ekoulgamlarda ýangyn howpunyň öňüni almak boýunça işler yzygiderlikde işjeň geçirilýär.

Energiýa tygşytlaýjy meseleler daşky gurşawy goramak meseleleri bilen ýakyndan baglanyşykly, energiýa netijelilik boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegi klimatyň üýtgemegine alyp barýan parnikgazlaryň zyňylmagyny peseltmäge ýardam berýär. Bu barlaglara Türkmenistanyň oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Ýewropa Bileleşiginiň bilelikdäki «Tebigy we energetiki baýlyklary tygşytly peýdalanmak – Türkmenistanyň durnukly ösüş strategiýasyna ornaşdyrmaga ýardam bermek» taslamasynyň milli we halkara bilermenleri goşuldy. Bu taslamany durmuşa geçirmek energiýa tygşytlaýjy ykdysadyýetiň milli düzümini döretmäge gönükdirilendir. Geçirilen maslahatlarda taslamanyň çäginde döredilen üç iş toparyň hasabatlary diňlenildi – daşky gurşawy goramak, bilim we energiýa netijelik. Olar daşky gurşawa meýilleşdirilen hojalyk işlerden ýetýän täsirlerine baha bermek boýunça gollanmalary we teklipleri işläp taýýarlamak bilen meşgullanýarlar.

Bu işiň gidişinde daşky gurşawy goramak we durnukly ösüş, şol sanda şäher gurşawynda galyndylary dolandyrmak meseleleri boýunça okuw – maslahatlary gurnaldy. Bu meseleleriň çäginde welaýatlardaky daşky gurşawy goramak dolandyryş müdirlikleriniň hünärmenleri üçin gurnalan «Daşky gurşawa ýetirilýän täsirlere baha bermek we ekologiýa strategik baha bermek – sebitara derejede durnukly ösüşi gazanmak üçin ösüşi meýilnamalaşdyryş işleriniň bir bölegi» temasy boýunça birnäçe maslahatlar boldy. Sebitiň ähli ýerlerinde bolan duşuşyklaryň gidişinde taslamanyň halkara bilermenleri türkmen hünärmenlerini senagat

kärhanalarynyň ISO 14001 и ISO 50001 halkara standartyna laýyklykda, ekologiýa we energetika dolandyryş ulgamyny ornaşdyrmagyň artykmaçlyklary bilen tanyşdyrdylar.

Ministrlikleriň we döwlet edaralarynyň köpsanly topary Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň 21-nji awgustyndaky karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň nebit dökülmeleriniň öňüni almak we ýoretmek boýunça Milli maksatnamasynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 26-njy fewralynda karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Milli Hazar hereketleriniň meýilnamasynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2005-nji ýylyň 25-nji awgustyndaky karar bilen tassyklanan Türkmenistanyň kenarýaka suwlaryny gämilerden hapalanmakdan goramagyň düzgünlerinde we başgada Hazar deňziniň deňiz gurşawyny hapalanmakdan goramak we onuň akwatoriýasynda biodürlüligi gorap saklamak babatda göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilmegine jogapkärçilik çekýärler.

Saglygy goraýşyň galyndylary babatda, 2018-nji ýylyň 6-njy martynda Saglygy goraýyş edaralarynda saglygy goraýşyň galyndylaryny howpsuz azaltmak we aýyrmak bounça Milli maksatnama kabul edildi, onuň esasy wezipesinde ilatyň saglygyny we daşky gurşawy goramak göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatda käbir meseleler başga pudaklaryň meýilnamalarynda hem-de maksatnamalarynda berilýär.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet topary tarapyndan 2007-nji ýylyň 15-nji martynda makullanan Ozon dargadyjy maddalary dolanşykdan çykarmak boýunça Milli maksatnama ozon dargadyjy maddalary yzygiderli dolanşykdan çykarmaklygy we Ýer ýüzüniň ozon gatlagyny goramak boýunça çäreleri göz öňünde tutýar.

2011-nji ýylda herekete giren Howpsuz agyz suwy maksatnamasy şäherleri we ilatly nokatlary suw bilen üpjün etmeklige gönükdirilendir.

Biologik dürlülik hakynda konwensiýanyň Biologik howpsuzlyk hakynda Kartahen teswirnamasy kabul edilenden soň (23.02.2008 ý.), ýurtda genetiki taýdan gornüşi özgerdilen organizmleriň (GÖO) gözegçiligini üpjün etmek boýunça işlere girişildi. Hususan-da, 2014-nji ýylyň 26-njy awgustynda kabul edilen «Iýmit önümleriniň howpsuzlygyny we hilini üpjün etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda iýmit önümleriniň önümçiliginde we satuwynda GÖO önümleri ulanmaklyk gadagan edilen (9-njy we 19-njy maddalar). 2014-nji ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda döredilen Tehnologiýalar merkezinde düzüminde GÖO saklaýan önümleri kesgitlemek we seljermek barlaghanasy işläp başlady. Emma muňa garamazdan, düzüminde GÖO saklaýan önümlere gözegçiligi amala aşyrýan pudaklarda degişli işgärleri taýýarlamak we olaryň bilim derejesini ösdürmek bilen bagly meseleler entek açyklygyna galýar. Şeýle hem, biologik howpsuzlyk hakynda ýörite kanunyň taýýarlanylmagy we kabul edilmegi zerur bolup durýar.

Ekologik gözegçiligi geçirmek TOHDGGM-niň üstüne ýüklenen, ol birnäçe tebigy desgalary öz içine alýar (ýerüsti we ýerasty suwlaryň hapalanmagy, deňiz gurşawy, toprak, atmosfera howasy, ozon gatlagy, tokaýlar, ösümlik we haýwanat dünýäsi we başg.). Şeýlelikde, 2017-nji ýylda Türkmenistanyň Statistika boýunça döwlet komitetiniň maglumatlary boýunça 3 353 sany edara-kärhanalaryň, 11 248 sany – awtoulag serişdeleriň, 62 sany suw ulagynyň barlaglary geçirildi, olardan suw howdanlaryny we atmosfera howasyny hapalaýjylaryň normasynyň kadasynyň ýokarydygy 1173 sany edara-kärhanalarda, 1626 sany awtoulag serişdelerinde we 16 sany – suw ulag serişdelerinde ýüze çykaryldy.

2017-nji ýylyň maglumatlary boýunça suw, ýer we atmosfera howasynyň hapalanmagy babatda tebigaty goramak kanunçylygynyň bozulmalaryna berlen talaplar şu aşakdaky görnüşde görkezilýär:

Administratiw we jenaýat jogapkärçiligine çekildi, jemi 4415 adam, şol sanda: 163 (suw baýlyklary), 2848 (atmosfera serişdeleri), 1404 (ýer baýlyklary); salnan jerime (müň manat) we degişlilikde töledildi: jemi 628, şol sanda 27,3 (suw baýlyklary), 350,5 (atmosfera serişdeleri) we 250,2 (ýer baýlyklary).

Berlen talaplar we töledileni jemi 1046,6 müň manat, şol sanda 110,3 (suw baýlyklary) we 936,3 (ýer baýlyklary).

Ösümlik we haýwanat dünýäsine ýetirilen zyýan boýunça tebigaty goramak kanunlarynyň bozulmalaryna salnan talaplar 2017-nji ýyl boýunça:

Jemi üsti açylan we anyklanan 5136-sany bikanun düzgün bozujylar, şol sanda 728 (haýwanat dünýäsi boýunça), 176 (balyk gorlary boýunça), 3749 (ösümlik dünýäsi boýunça) we 483 (başga baýlyklar boýunça). Üsti açylan düzgün bozulmalardan administratiw jogapkärçilige çekildi: 5136 sany wezipeli adamlar we raýatlar, töledilen jerimeler 495,7 müň manat, şol sanda 132,8 müň manat (haýwanat dünýäsi boýunça),10,8 müň manat (balyk gorlary boýunça), 323,3 müň manat (ösümlik dünýäsi boýunça) we 28,8 müň manat (başga baýlyklar boýunça).

2017-nji ýylda 10 sany iş derňew guramalara geçirildi, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň 5 sanysy jenýat jogapkärçiligine çekildi. Tebigaty goramak kanunlarynyň bozulandygy üçin jemi1172.9 müň manat talap edildi, olardan töledileni 855,8 müň manat, şol sanda 95,7 müň manat (haýwanat dünýäsi boýunça), 5,6 müň manat (balyk gory boýunça) we 754,5 müň manat (ösümlik dünýäsi boýunça).

### 3.3.2. 9-njy wezipe: 2023-nji ýyla çenli ykdysadyýetiň biodürlülige güýçli derejede täsir edýän pudaklaryndan alynýan girdejileriň hasabyna biodürlüligi gorap saklamaklygy maliýeleşdirmegiň usulyny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak

9-njy wezipäniň durmuşa geçirilmeginiň zerurlygyna laýyklykda Türkmenistan ýurduň biodürlüligini gorap saklamaga köp mukdarda maliýe serişdlerini gönükdirýär. Döwlet hereket edýän aýratyn goralýan tebigy ýerleriň çäklerini giňeltmäge we täzelerini döretmäge, goraghanalaryň we çäkli goraghanalaryň maddy-tehniki binýadyny, olarda alnyp barylýan gorag işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmaklyga goýberilýän maliýe serişdeleriniň möçberini yzygiderli artdyrýar. Ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek maksatnamasyna goýberilýän ägirt möçberli serişdeler ýurduň gözel tebigatyny gorap saklamak we dikeltmek üçin edýän aladasynyň aýdyň subutnamasydyr. Şol bir wagtda hem BGMSHM–2 taslamasy biodürlüligi gorap saklamagy maliýeleşdirmäge öňdebaryjy usullary we tejribäni ornaşdyrmak, bu usullaryň milli şertlere laýyklykda ulanylmagy hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Biodürlülik baradaky konwensiýasyndan we Türkmenistan tarapy bolan beýleki halkara resminamalardan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmek maksady bilen maliýeleşdirmek ulgamynyň iň amatly ýollaryny saýlap almaklygy talap edýär.

Biodürlüligi gorap saklamak boýunça Milli strategiýa we hereketler meýilnamasynyň (BGMSHM–2) taslamasynda maliýeleşdirmegiň täze usullaryny döretmek boýunça esasy ugurlar aşakdakylary öz içine alýar:

- Biodürlülige we ekoulgam hyzmatlaryny goldamaga gönükdirilen içki maýa goýumlary artdyrmak. Biodürlüligiň goralyp saklanmagyndan we ekoulgam hyzmatlaryndan iň ýokary peýda alýan edaralaryň we guramalaryň öz hususy serişdeleri maliýeleşdirmegiň esasy içki çeşmeleri bolmalydyr. Olara goşmaça hökmünde maliýeleşdirmegiň býujet çeşmeleri ulanylyp bilner;

- «Ýaşyl ykdysadyýetiň» çemeleşmelerini iş ýüzünde ulanmak, biodürlüligiň serişdelerini/baýlyklaryny netijeli gorap saklamak hem-de peýdalanmak maksady bilen, milli mümkinçilikleri ösdürmäge gönükdirilen taslamalary we çäreleri amala aşyrmak üçin halkara maliýe we tehniki kömekleriň alynmagyna has oňat şertleri döretmek;
- Maliýeleşdirmegiň milli şertlerde ulanyp we ýerine ýetirip boljak täze innowasion mehanizmlerini/ýollaryny kesgitlemek we işläp düzmek. Olar ekoulgam hyzmatlary üçin tölegleri, tebigy serişdeleriň durnukly ulanylmagy üçin höweslendiriş ulgamynyň ornaşdyrylmagyny we başgalary öz içine alyp bilerler;
- Biodürlüligiň serişdelerini ulanmaklyga berilýän ygtyýarlylandyrmalardan gelýän girdejileriň, bikanun ulanylandygy üçin jerimeleriň we öwezini dolmak boýunça bildirilýän talaplaryň möçberini ýokarlandyrmak üçin maliýeleşdirmegiň hereket edýän usullarynyň kämilleşdirilmegi.

BGMSHM–2 taslamasynyň wezipelerini ýerine ýetirilmeginiň maliýeleşdirilmek şu aşakdaky esasy çeşmeler boýunça göz öňünde tutulýar.

- Içerki çeşmeler döwletiň içinde toplanýan serişdelerden durýar, ýagny edara-kärhanalaryň we guramalaryň öz hususy serişdeleri goşulýar, biodürlülige gönükdirilen çäreler olaryň ýyllyk iş meýilnamalaryna giriziler we olaryň ýyllyk maliýe çykdaýjylarynyň bir bölegini tutar;
- Ýurdumyzyň banklary tarapyndan berilýän karz serişdeler biodürlüligi durnukly peýdalanmakdan we ekoulgam hyzmatlaryndan ygtybarly ykdysady peýda getirýän taslamalary maliýeleşdirmek üçin ulanylyp bilner. Biodürlülige we ekoulgam hyzmatlaryna düýpli oňyn täsirli taslamalar üçin karzlaryň berilmegi – maliýeleşdirmegiň innowasion görnüşleri (ýaşyl karzlar);
- Döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirmek: Döwlet edaralarynyň, ýerli häkimiýetleriň we kärhanalaryň hereket edýän we geljek üçin tassyklanan döwlet býujetleri olaryň gönüden göni wezipe borçlaryna laýyklykda jogapkärçiligine degişli çäreleri ýerine ýetirmek üçin ulanylar;
- Hususy telekeçileriň serişdeleri ykdysady taýdan wajyp bolan ekoulgam hyzmatlarynyň goralyp saklanmagyny üpjün etmek üçin, şeýle hem, biodürlülige zyýanly täsirleri azaltmak we şeýle täsirlere sezewar bolan ekoulgam hyzmatlaryny dikeltmek üçin ulanylar;
- Maliýeleşdirmegiň daşarky çeşmeleri aşakdakylary öz içine alýarlar, daşarky donarlar/hemaýatkärler tarapyndan goldanylýan taslamalar we çäreler. Maliýeleşdiriş çeşmesi bolup Türkmenistana köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň çäginde berilýän serişdeler hyzmat edýärler. Maliýeleşdirmek halkara maliýeleşdiriş ulgamynyň ekoulgam hyzmatlary serhetüsti çäkleri goramak üçin tölegler we başgalar ýaly täze usullarynyň/mehanizmleriniň ornaşdyrylmagy arkaly amala aşyrylyp bilner.

Ekoulgam hyzmatlaryna baha bermekligiň usullary we çemeleşmeleri bilen bagly bilimleriň we iş ýüzündäki endikleriň artmagy Türkmenistanda şeýle hyzmatlara has çuňňur baha bermeklige girişmäge, tebigy baýlyklary ykdysady ulgama has oňat utgaşdyrmagyň öňdebaryjy çemeleşmeleriniň kömegi bilen alnan maglumatlaryň ykdysady meýilnamalaşdyryş ulgamyna iş ýüzünde girizmek boýunça mümkinçilikleriň ýokarlanmagyna ýardam eder. Milli derejede şeýle mümkinçilikleriň we bilimiň berkedilmegi Türkmenistanda biodürlüligi gorap saklamak bilen bagly wezipeler üçin goýberilýän mäliýe serişdeleriniň möçberlerini artdyrmaga we ol serişdeleriň has netijeli ulanylmagyna esas bolup hyzmat eder.

Şeýle hem, biodürlüligi gorap saklamaga we durnukly peýdalanmaga çekilýän maýa goýumlaryny artdyrmak üçin innowasion çemeleşmeleriň we usullaryň iş ýüzündäki tejribesi we bilimleri giňden ornaşdyrylar. Olar ilkinji nobatda oba hojalyk maksatly ýerlerde we öri meýdanlarynda, suw ýakasyndaky gorag zolaklary, aýratyn goralýan tebigy ýerler we tokaýlar ýaly goralýan landşaftlarda tebigaty gorap saklamaklyga gönükdilýän maýa goýumlaryň möçberlerini artdyrmak bilen bagly innowasion çemeleşmeleri öz içine alýar. Innowasion çemeleşmeler biodürlülige ýetirilen zyýan üçin öwezini dolmaklygyň usullaryny kämilleşdirmekden başlap, uglerodlar bilen bagly taslamalary işläp düzmäge gönükdirilýän uglerod karzlaryna, oba ilatyny biologik serişdeleri dolandyrmaga we peýdalanmaga has giňişleýin çekmäge çenli dürli aralyklarda üýtgäp biler. Şeýle başlangyçlaryň we usullaryň ornaşdyrylmagy ýurduň milli aýratynlyklaryna, şertlerine uýgunlaşdyrylan iň oňat halkara tejribesine esaslanmalydyr.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge, sebitiň baý tebigy baýlyklaryna maýa goýumlaryň gelmegine ýardam berýän ýurduň ykdysadyýetiniň düzümini üýtgetmeginiň üpjün edilmegine gönükdirilendir. Şeýlelikde, ep-esli maýa goýumlar tebigaty goramak çärelerine gönükdirilýär. Ekologik meseleleriň ähli ugurlary, atmosfera howasyny goramak, tokaý, suw we ýer serişdeleri, tebigy we medeni ýadygärlikler, biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça maýa goýum çäreleri durmuşa geçirilýär. BDMSHM–2 taslamasynda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi döwletiň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýän çäreleriň maliýeleşdirilmeginiň üpjün edýär, şeýle hem kadalaşdyryş-hukuk binýadyny kämilleşdirmek hem-de zerur bolan institusional üýtgeşmeleri girizmek arkaly çäreleri maliýeleşdirmegiň täze usullarynyň döredilmeginiň we ornaşdyrylmagyny höweslendirer.

2017-nji ýylda tebigy baýlyklary gorap saklamak we rejeli peýdalanmak boýunça gönükdirilen çärelere goýberilen esasy maýa goýumlar 35 503,6 manada barabar boldy (2016-njy ýylda – 264 716,2 müň man.). 2017-nji ýylyň maýa goýumlary boýunça Döwlet statistikanyň maglumatlary 3-nji suratda berilýär. Şu aşakdaky tebigaty goramak çärelerine goýberilen maýa goýumlarynyň möçberleri:

- 20,7% – suw serişdelerini goramak üçin (7340,7 müň manat)
- 69,4% – ýer baýlyklaryny goramak üçin (24620,5 müň manat)
- 3,1% – atmosfera howasyny goramak üçin (1114,5 müň manat)
- 6,8% – tokaý baýlyklaryny goramak üçin (2 427,9 müň manat)

2017-nji ýylda daşky gurşawy goramak boýunça häzirki çykdajylar jemi 42238,9 müň manat, şol sanda:

- 35426,9 müň manat – suw serişdelerini goramak we rejeli peýdalanmak üçin;
- 55664,7 müň manat – atmosfera howasyny goramak üçin
- 1156,6 müň manat – önümçiligiň galyndylaryndan we sarp edilmegi bilen ýer baýlyklaryny goramak üçin;
- 90,7 müň manat (ýerleri sürmek, özleşdirmek).

Bu häzirki çykdajylardan başga 2017-nji ýylda daşky gurşawy goramak boýunça esasy önümçilik gaznasyndan düýpli abatlaýyş işleri üçin bölünip berlen çykdajylar jemi 7374,4 müň manat, şol sanda:

- 2376,4 müň manat – akdyrylýan suwlary arassalamak boýunça enjamlar we desgalar üçin;
- 4995,2 müň manat – atmosfera howasyny goramak boýunça;
- 2,8 müň manat – galyndylary zyýansyzlandyrmak we ýerleşdirmek üçin.

Biodürlüligi gorap saklamak üçin ykdysadyýetiň girdejili pudagyndan alynýan maliýe kömegi käbir derejede biodürlülige täsirini ýetirýär we bu çäreleriň maliýeleşdirilmegi mümkin pudaklaryň maksatnama resminamalary işlenip düzüldi.

Türkmenistanyň oba hojalygyny 2019–2025-nji ýyllarda ösdürmegiň Maksatnamasynda meýilleşdirilen çäreleriň umumy sanynda daşky gurşawyň meselelerine, şol sanda daşky gurşawy goramak we senagat önümçiliginiň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny ösdürmek we biodürlüligi gorap saklamak, Hazar deňziniň türkmen böleginiň daşky gurşawyny goramak, Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasyny, Milli tokaý maksatnamasyny ýerine ýetirmek, Türkmenistanyň halkara ekologiýa hyzmatdaşlygyny amala aşyrmak, tebigaty goramak babatda ylmy-barlag we amaly işler baradaky meselelere aýratyn orun berilýär.

Türkmenistanyň «Syýahatçylyk hakyndaky» (2010 ý.) Kanunyň 9-njy bölümi (46, 47-nji maddalary) syýahatçylyk işleri amala aşyrylanda daşky gurşawy, tebigy, taryhy we medeni ýadygärlikleri goramaga bagyşlanýar. Bu maddalara laýyklykda, syýahatçylyk pudagynda tebigy ekoulgama zyýanly täsirini ýetirýän işleri saklamaga, çäklendirmäge we bes etmäge hem-de olaryň goralmagy üçin başga çäreleri kesgitlemäge ygtyýarly gurmanaýň doly hukugy bardyr. Syýahatçylyk işlerini alyp barýan edaralara syýahatçylyk desgalary taslamalaşdyrylanda, ýerleşdirilende, gurulanda we täzeden abatlananda ekologiýa howpsuzlygynyň we tebigy, taryhy, medeni ýadygärlikleri goramagyň, talaplaryny ýerine ýetirmek borçlandyrylýar, şeýle hem olar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda medeni, taryhy we tebigy desgalar syýahatçylyk tarapdan özleşdirilen we ulanylan ýagdaýynda goralyp saklanmagyna jogapkärçilik berýär. Daşky gurşawy we tebigy, medeni, taryhy ýadygärlikleri gorap saklamakda kanunçylygy we düzgünleri bozan syýahatçylar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekýär.

Biodürlüligi gorap saklamakda maksatlaýyn wezipeler diňe bir döwlet tarapyndan maliýeleşdirilmeginiň hasabyna amala aşyrmak bilen çözülmeýär. Senagat tebigatdan peýdalanýan esasy subýektleriň biridir, şonuň üçin hem ekoulgama we biodürlülige özüniň ýetirýän zyýanly täsirleriniň öwezini dolmakda uly goşandyny goşmalydyr. Bular bilen baglylykda kompaniýalaryň bäsdeşlik ukyplylygy we içerki hem-de halkara derejedäki abraýy aýratyn orna mynasypdyr.

Kanunçylyk namalarynyň arasynda 2013-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky «Hökmany döwlet ekologiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyny bellemek wajypdyr, ol daşky gurşawyň hapalanmagy bilen ýetýän ýaramaz täsirleri ýok etmek, ýetirilen ekologik zyýanlaryň öwezini dolmak, ekologiýa abanýan howplaryň durmuşa geçirilmeginiň öňüni almak üçin maliýe baýlyklaryny gönükdirmäge çagyrýar. Ekologiýa ätiýaçlandyrmasynyň maksady daşky gurşawyň goralyp saklanmagyny, şeýle hem ýuridiki şahslaryň maddy bähbitlerini goramak üçin daşky gurşawyň hapalanmagy, tehnologik näsazlyklaryň ýa-da tebigy hadysalaryň netijesinde döräh heläkçilikler bilen bagly çykdajylarynyň doly öweziniň dolmagyny üpjün etmek.

**Kabul edilen çäreler bilen baglylykda bökdençlikler we ylmy hem-de tehniki goldawlar**

Biodürlülik durnukly tebigy baýlyklaryň we ekoulgam hyzmatlaryň ygtybarly möhün çeşmesi bolup hyzmat edýär. Onuň goralyp saklanmagy ähli çeşmelerden ýeterlik maliýe baýlygynyň üpjün edilmegini talap edýär. *Şonuň üçin hem, Türkmenistanyň strategik resminamalarynda şeýle çeşmeleri gönükdirmek boýunça ileri tutlýan ugurlaryň anyk görkezilmegi wajyp.*

Tebigatdan peýdalanmak ulgamyna raýatlyk-hukuk gatnaşyklarynyň girizilmegi Türkmenistanyň täzelenen ekologiýa kanunçylygynyň wajyp bölegidir. Gysga möhletleýin

we orta möhletleýin geljekde ýurduň ykdysady we durmuş taýdan ösüşiniň esasy çeşmesiniň mineral-çig mal we beýleki tebigy baýlyklaryň bolup galjakdygyny nazara alyp, tebigy baýlyklary hasaba almak we ykdysady baha bermek ulgamyny, şeýle hem tebigy baýlyklardan peýdalanmak üçin töleg ulgamyny düýpli üýtgetmek zerurdyr. Tebigy baýlyklardan peýdalanmaklygyň häsiýetlerinde hem düýpli üýtgetmeler geçirilmelidir we täze ekologiýa kanunçylygy bu wezipeleri çözmek üçin hukuk binýadyny emele getirýär.

Tebigy baýlyklardan peýdalanmak üçin tölegiň esasy wezipesi – olaryň netijeli peýdalanylmagyny, aýap saklanylmagyny höweslendirmekdir. Bu tölegler tebigy baýlyklaryň zaýalanmagynyň öňüni almak, olary toplumlaýyn peýdalanmaklygy höweslendirmek, durnukly peýdalanmak, olary gaýtadan dikeltmek üçin möhüm ähmiýetli guraldyr. Tebigatdan peýdalanmak üçin tölegleriň we olary dogry paýlamagyň sazlaşykly mehanizmi esasynda degişli býujetleriň girdejileriniň ýokarlanmagyny, şeýle hem daşky tebigy gurşawy goramaklygy we dikeltmegi, umuman ýurduň tebigy baýlyklar mümkinçiliklerini gorap saklamaklygy üpjün etmek bolar.

Häzirki wagtda DGTBB hukuk tarapdan düzgünleşdirilmegi pudaklaryň kadalaşdyryş hukuk namalarynyň derejesinde üpjün edilmelidir. DGTBB hukuk kadalaşdyryş derejesini güýçlendirmek maksada laýyk hasaplanýar, aýratyn hem DGTBB ýagdaýynda daşky gurşaw meselelerine aýratyn üns berilmelidir, hem-de biodürlülige, aýratyn goralýan tebigy ýerlere, tokaýlara, suw howdanlaryna we başgalara ýetýän amatsyz täsirleri azaltmak üçin başga alternatiw işleriň goşulmagy göz öňünde tutulýar. Daşky gurşawy goramak meselelerine seretmek taslamalaryň durmuşa geçirilmeginden öň ir işlenip taýýarlanýan tapgyrynda amala aşyrylmaly, bu bolsa biodürlüligiň gorap saklanmagyna we daşky gurşawyň ýagdaýyna düýpli täsiri ýetjek ykdysady gurluşyklar boýunça taslamalary durmuşa geçirmek boýunça giň jemgyýetçilige çözgütleri kabul etmäge ýardam berer.

Tejribede ekologik kanunlaryň durmuşa geçirilmegi döwletiň ekologiýa syýasatynyň amala aşyrylmagynda uly ähmiýete eýedir. Iş ýüzünde islendik kanunyň amala aşyrylmagy üçin kadalaşdyryş namalaryň birnäçesiniň kabul edilmegi talap edilýär. Kadalaşdyryş namalary taýýarlamak ýoly bilen degişli kanunlaryň durmuşa geçirilmegine jogapkärçiligi güýçlendirmek möhüm, şeýle hem hil tarapdan DGTBB berip biljek, biodürlülige we daşky gurşawa ýetirilýän amatsyz täsirleri azaltmak we düýbünden ýok etmek boýunça degişli teklipleri berýän we işläp taýýarlaýan hünärmenleriň taýýarlanmagy hem wajyp.

Şeýle hem biodürlüligi gorap saklamak boýunça maksatlaýyn wezipeleriň çözgütleri diňe bir döwletiň maliýe kömeginiň hasabyna amala aşyrylmaly däldir. Bu babatda bellesek senagat tebigatdan peýdalanýan esasy subýektleriň biri hasaplanylýar, şonuň üçin hem *ekoulgamlara we biodürlülige ýetirýän öz zyýanly täsirleriniň öwezini dolmakda düýpli goşant goşmalydyr.* Köp derejede bulara kompaniýalaryň bäsdeşlik ukyplary we içerki hem-de halkara derejedäki abraýyna hem bagly bolup durýar.

**TEKLIPLER**

Türkmenistanyň halkara konwensiýalara goşulmagy bilen onuň üstüne birnäçe borçnamalar ýüklenýär, olaryň ýerine ýetirilmegi köplenç onuň dünýä bileleşiginiň öňündäki abraýynyň ýokarlanmagyna baglydyr. Türkmenistanyň täze ekologiýa kanunçylygy köp ýagdaýlarda halkara-hukuk kadalaryny göz öňünde tutýar. Şol bir wagtda hem daşky gurşawy goramak babatda milli kanunçylygy ekologiýanyň halkara-hukuk kadalary bilen mundan beýläk hem sazlaşdyrylmagy üçin ähli mümkinçilikler heniz doly peýdalanylan däldir. Şunuň bilen baglylykda, 1999-njy ýylda döredilen Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet toparyna ýeterlik üns berilmegi üpjün edilmelidir. Düzgünnama laýyklykda, daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak meseleleri boýunça BMG-niň konwensiýalarynyň we maksatnamalarynyň

çäginde ministrlikleriň we edaralaryň işlerini sazlaşdyrmak Toparyň üstüne ýüklenendir. Soňky ýyllarda döwletiň dolandyryş guramalarynyň düzümleriniň üýtgedilmegini hasaba almak bilen, Döwlet toparyň düzümine girýän ministrlikleriň we edaralaryň sanawyna gaýtadan seredilmegi maksadalaýykdyr. Toparyň kararynyň ýerine ýetirilmegi guramaçylyk hukuk görnüşine garamazdan Türkmenistanyň ministrlikleri, edaralary, kärhanalary, guramalary üçin hökmanydyr.

Ekologiýa babatdaky kanunlaryň has kämilleşýändigi maksadalaýyk hasaplanýar, bu babatda Türkmenistanyň «Ekologiýa auditi hakynda» kanunyny (11.03.2019 ý.) bellemek bolar. Ekologik audit – daşky gurşawy goramak kanunçylygynyň talaplaryna hojalyk we beýleki işiň subýekti tarapyndan berjaý edilişine garaşsyz baha berilmegi we ekologik işler babatda teklipnamalary taýýarlamak. Ekologik audit ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, kesgitlenen kanunçylyk we başga görkezijiler boýunça daşky gurşawy goramak babatda talaplara gabat gelýän işleri özbaşdak barlamak ýoly bilen hojalyk we başga işleriň daşky gurşawa ýetirýän zyýanly täsirleriň howpyny azaltmagyň usullaryny we ýollaryny kesgitlemek maksady bilen geçirilýär.

Şeýle hem ekologik gözegçiligi hakynda ýeke-täk kanunçylyk namasynyň kabul edilmegi maksadalaýyk – onda ekologik gözegçiliginiň görnüşlerini, anyk tebigy desga boýunça ekologik gözegçiligi babatda jogapkär döwlet guramasy, maglumatlary toplamagyň mehanizmi we hasabatlylyk barada göz öňünde tutulmagy wajypdyr.

## 3.4. IV-nji maksat. Tebigatyň goraglylygyny we biodürlülikden alynýan durmuş-ykdysady peýdany ýokarlandyrmak üçin aýratyn goralýan tebigy ýerleri ösdürmek

### 3.4.1. 10-njy wezipe: 2023-nji ýyla çenli aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny dolandyrmagyň netijeliligi has ýokarlandyrylar

Türkmenistanyň tebigaty goramak kanunçylygy gaýtalanmajak özboluşly biologik dürlüligi we biosferany gorap saklamaklyga gönükdirilendir, tebigaty goramagy we bidürlüligiň durmuş-ykdysady ähmiýetiniň gowulandyrylmagy üçin hem aýratyn goralýan tebigy ýerler (AGTÝ) döredilendir, bu bolsa ýurduň biodürlüligini gorap saklamakda Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasydyr.

Şeýle hem, Türkmenistanyň syýasaty ilkinji nobatda goralýan ýerleriň ulgamynyň netijeli dolandyrylyşyny güýçlendirmek we ýitmek howpy astyndaky görnüşleriň 95%-ni öz içine alýan we möhüm ekologik wezipeleri (suw ýataklaryny goramak, topragyň zaýalanmagyna garşy göreş, çölleşmegiň öňüni almak we başg.) üpjün edýän milli tebigy seýilgähleriň, tebigy ýadygärlikleriň, tebigy çäkli goraghanalaryň meýdanlaryny giňeltmek boýunça çäreleri döretmäge gönükdirilendir.

Aýratyn goralýan tebigy ýerleri (AGTÝ) dolandyrmagy gurnamak, goramak we peýdalanmak babatda netijeli kadalary döretmek üçin 2012-nji ýylyň 31-nji martynda «*Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda*» Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Kanunda ilkinji gezek *«aýratyn goralýan tebigy ýerlerden durnukly peýdalanmagyň»* hukuk düşünjesi we ýörelgelesi biri hökmünde ulanylýar, ýagny aýratyn goralýan tebigy ýerleriň biologik serişdelerini olaryň uzak möhletleýin geljekde hem azalmagyna ýol berilmeýändiginiň göz öňünde tutulýandygyny bellemek wajypdyr. Şeýle çemeleşmeler tebigy baýlyklardan peýdalanmakda ekoulgamlaýyn çemeleşmäniň möhüm düzüjileriniň biridir.

Kanun aýratyn goralýan tebigy ýerleriň döwlet biosfera goraghanasy we milli tebigy seýilgähler ýaly görnüşlerini döretmek mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, olaryň

toparlarynyň sanawynyň giňemegine mümkinçilik berdi. Şonuň bilen birlikde-de Kanunda bu sanaw açyk hasap edilýär. Ilkinji gezek tebigaty goraýyş derejesine eýe boldy: ösümlik dünýäsiniň görnüşleriniň kolleksiýasyny synag meýdançalarda emeli ýagdaýda ösdürip ýetişdirýän we gorap saklaýan – döwlet botanika baglary hem-de haýwanlaryň görnüşleriniň ýarym erkin ýagdaýda saklaýan *(ex-situ)* döwlet zoologiýa seýilgähleri .

Kanuna laýyklykda, AGTÝ ulgamy halkara, döwlet we ýerli ähmiýetli toparlara bölünýärler. Kanunda AGTÝ halkara derejesi ilkinji gezek bellenilýär we ol AGTÝ-iň bütindünýä halkara ulgamyna girmäge ýurda mümkinçilik berýär. Olaryň düzümine ekologiýa, ylym, medeniýet, estetiki we dynç alyş-sagaldyş nukdaýnazardan köptaraply gymmaty bolan aýratyn goralýan tebigy ýerler degişlidir.

Şeýlelik bilen, Kanunda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda aýratyn goralýan tebigy ýerleriň şeýle köp dürli toparlarynyň we görnüşleriniň berkidilmegi aýratyn goralýan tebigy ýerleriň tutýan meýdanyny köp derejede artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Aýratyn goragy we daşky amatsyz täsirlerden goramaklygy üpjün etmek üçin aýratyn goralýan tebigy ýerleriň töwereginde gorag zolaklary döredilýär. Olar döwlet tebigy goraghanalarynyň we döwlet biosfera goraghanalarynyň töwereginde hökmany tertipde döredilýär. Kanun aýratyn goralýan tebigy ýerleri ösdürmegiň maksatnamasynyň taýýarlanylmagyny we tassyklanmagyny göz öňünde tutýar (15-nji madda). Kanunda ilkinji gezek ekologiýa ulgamynyň tebigy we medeni landşaftlaryň durnukly ösüşini üpjün edýän tebigaty goraýyş hukuk derejesine eýe bolan bölümleri (elementleri) – sagaldyş we dynç alyş-sagaldyş maksatly ýer bölekleri, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň gorag zolaklary, ekologik geçelgeler, tokaý gaznasy, aw edilýän meýdanlar görkezilýär (52-nji madda).

«Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» esasy kanundan başga daşky tebigy gurşawy goramagyň möhüm kadalary beýleki kanunlarda hem berkidilendir. Şeýlelikde, 2012-nji ýylyň 4-nji awgustyndaky «Şypahana işleri hakynda» Türkmenistanyň kanuny tebigy bejeriş baýlyklary goramak, ösdürmek, öwrenmek we peýdalanmak babatynda gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Şonuň esasynda tebigy bejeriş baýlyklary, şypahanalar we olaryň ýerleri degişlilikde aýratyn goralýan tebigy desgalar we aýratyn goralýan tebigy ýerlerdir.

AGTÝ-iň kadastry babatda. Ekoulgama we görnüşlere gözegçilik-monotoring geçirmek boýunça aýratyn goralýan tebigy ýerleriň esasy «önümi» häzirki wagtda «Tebigat ýyl ýazgysydyr», hasabatyň şekili boýunça ol – AGTÝ-iň Kadastr ulgamydyr.

AGTÝ dolandyrmak babatynda kadalaryň netijeliligini üpjün etmek üçin 2012-nji ýylda «Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny dolandyrmaklygyň netijeliligini güýçlendirmek» BMGÖM/BEG taslamasynyň çäginde (2010–2014 ýý.) «2030-njy ýyla çenli Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny ösdürmegiň Maksatnamasy» işlenip düzüldi, şeýle hem birmeňzeş dolandyryş Meýilnamasy (Menejment meýilnamasy) işlenip taýýarlandy we halkara maslahatçylaryň gatnaşmagynda Sünt-Hasardag döwlet tebigy goraghanasynyň binýadynda AGTÝ dolandyrylyşyny kämilleşdirmek boýunça hünär okuwy geçirildi. Şeýle hem bu taslamanyň çäginde netijeli dolandyrylyşynyň gözegçiliginiň halkara usulyýetlerini ulanmak (NDGU) bilen AGTÝ-niň hereket edýän ulgamyny netijeli dolandyrmakda abanýan howplara baha berildi hem-de olaryň netijeli dolandyrylmagy boýunça usulyýetler öwrenili. Netijeli dolandyrylyşyna baha bermek (2012 ý.) usulyýetleri Türkmenistanda hereket edýän her bir, ýagny 8 sany goraghana boýunça geçirildi.

Türkmenistanyň AGTÝ-iň ulgamyny ösdürmegiň Maksatnamasy öz görnüşi we mazmuny boýunça TGHB-niň halkara standartlaryna görä ýerine ýetirilen ýurduň tebigaty goramak tejribesinde täzeçil çemeleşikdir. AGTÝ-iň kämilleşen ulgamynyň goldanmagy hünärmenler we işgärleri üpjün etmek, dolandyryş meýilnamasyny amala aşyrmak, AGTÝ-iň hereket etmegini goldamakda daşarky şertleri goşmak bilen TGHB-niň halkara standartlary

boýunça hasabatlary we gözegçilikleri-monotoringi alyp barmak ýaly meseleleri çözmegi kämilleşdirmek üçin täzelikleri girizmek bilen baglanyşyklydyr. Dolandyrylyşyň häzirki ulanylýan dolandyryş, ýolbaşçylyk-toparynyň görnüşi bilen bilelikde ugurdaş Türkmenistan üçin täze TGHB-niň üç dürli dolandyryş nusgasyny– bilelikde (kooperatiw), döwlet-hususy we hususy esasda dolandyrylmagyny synag geçirmek mümkinçiliklerine seredildi. Hususy maýa goýumlaryny çekmek bilen goralýan meýdanlary döretmek soňlugy bilen möhüm ornitologik meýdanlary (MOÝ/IBA) goramakda ýa-da ekologik syýahatçylygyň täze görnüşini ösdürmekde mümkinçilik berjek – alternatiw çemeleşikleri bolup biler.

Maksatnamada göz öňünde tutulan gözegçilik işleri meýilnamalaşdyrylan çäreleri ýerine ýetirmek we özüniň iş dolandyryş hereketleriniň netijeliligini kesgitlemek boýunça işleriň alnyp barylşyny gözegçilikde saklamaga ýolbaşçylara mümkinçilik döreder.

Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ekologik bütewi we netijeli ulgamynyň emele gelmegi üçin amatly gurşawy döretmekde Hökümetiň tagallalaryna BMG-niň tehniki we bilermenleriň goldawy hem-de Bütindünýň Ekologik gaznanyň maliýa kömegi goşulýar. Şonuň bilen birlikde, BMGÖM aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny we wekilçiligini gowulandyrmaga we AGTÝ ulgamyny dolandyrmak üçin degişli dolandyryş gurluşyny we şahsy mümkinçilikleriň döredilmegine ýardam berýär. Bu hyzmatdaşlygyň çäginde BMGÖM milli derejede döwlet edaralary bilen, şeýle hem ýerli derejede maksatly toparlar we ýerli bileleşikler bilen hyzmatdaşlyk edýär.

BMGÖM/BEG-iň goldamagynda «Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny dolandyrmaklygyň netijeliligini güýçlendirmek» (2010–2014 ýý.) taslamasynyň çäginde ilkinji «Sumbar» milli tebigy seýilgähiniň Konsepsiýasy, şeýle hem öňde baryjy halkara tejribeleri we ylmy we durmuş-ykdysady maglumatlary göz öňünde tutmak bilen onuň tehniki-ykdysady esaslandyrmasy işlenip taýýarlanyldy. Türkmenistanda şuňa meňzeş başga seýilgähleri döretmekde nusgalyk hökmünde bu ilkinji seýilgähi ulanmak meýilleşdirilýär. Aýratyn goralýan ýerleriň şeýle görnüşi Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşini we daşky gurşawyň durnuklylygyny höweslendirmek boýunça halkara tejribelere laýyk diýlip hasap edilýär. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň öňde baryjy görnüşi hökmünde milli seýilgähleri döretmek 2012-nji ýylyň 15-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidentiň Karary bilen tassyklanan Klimatyň üýtgemegi boýunça milli startegiýasynda we Biologik dürlülik hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň konwensiýasyndan gelip çykýan Türkmenistanyň halkara borçnamalarynda (1992 ý.) göz öňünde tutulandyr. Işleriň meýilleşdirilmegi Türkmenistanyň «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» kanunynyň (2012 ý.) esasynda we onuň düzgünleriniň berjaý edilmegi bilen ýerine ýetirildi.

TOHDGGM-niň we Guşlary goramak patyşalyk jemgyýetiniň (RSPB, Beýik Britaniýa) özara düşünişmek baradaky gol çeken Ylalaşygynyň çäginde 2014–2018-nji ýyllar aralygynda «Türkmenistanyň tutuş biodürlüliginiň we guşlarynyň gorag hukugyny gowulandyrmak» taslamasy durmuşa geçirilýär. AGTÝ babatda bu Ylalaşygyň esasy düzgünleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Tebigaty we esasan hem aýratyn goralýan tebigy ýerleri (AGTÝ) goramak boýunça milli strategiýalary ösdürmek üçin nazaryýet esaslaryny çuňlaşdyrmak;
- Möhüm ornitologik ýerleriň ölçeg birligi boýunça AGTÝ-i «pasportlaşdyrmak» we guşlar üçin ýaşaýyş ähmiýetli, emma güýçli antropogen täsiriň astynda bolan ýa-da goralmaýan beýleki ýerleri bölüp bermek;
- Kesgitlenen möhüm ornitologik ýerlerde gorag gözegçiligini amala aşyrmak (goraghanalaryň ylmy bölümine ylmy usulyýet we tehniki ýardam), şeýle hem ýaş, tejribeli ornitologlary taýýarlamak maksatlaryny goldamak we guşlary söýüjileriň klubyny ösdürmek;

- Biologik dürlülik, suw guşlarynyň ýaşaýan ýeri hökmünde halkara ähmiýete eýe bolan suw-batgalyk ýerler, ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerini gorap saklamak, çölleşmäge garşy göreşmek we başgalar boýunça halkara Konwensiýalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.

Ýokarda ady görkezilen RSPB-niň taslamasyny durmuşa geçirmegiň çäginde halkara standartlary ulynyldy we Köýtendag we Bathyz döwlet tebigy goraghanalarynyň 5 ýyllyk dolandyryş meýilnamalaryna girizilen «Köýtendagyň dag ekoulgamy» we «Bathyzyň sähra ekoulgamy» iki sany resminama geljekde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä tebigy mirasynyň sanawyna goşmaga hödürlmek üçin işlenip taýýarlanyldy we Toparyň garamagyna berildi. Dolandyryş meýilnamalary geljekde peýdalanmak we olaryň ýerine ýetirilişiniň netijeliligine her ýylda seljerme geçirmek üçin TOHDGGM berildi.

Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň umumy ekologik durnuklylygynyň üpjün edilmeginiň wajyplygyny göz öňünde tutup, Türkmenistan AGTÝ-iň netijeli dolandyryş düzgüniniň döredilmegini goldaýar, şeýlelikde ösümlik we haýwanat dünýäsiniň seýrek görnüşlerini gorap saklamaga, şeýle hem bu işi durmuş-ykdysady ösüşiň meýilnamalaryna goşmaga, şol sanda syýahatçylyk ulgamynda we sebitde dynç alyş hyzmatlaryň ösdürilmegine ýardam berer.

2009-njy ýylda Türkmenistanda 50 sany möhüm ornitologik ýerler (IBA) kesgitlenildi, ýazgysy geçirildi we goramak hem-de gözegçilik geçirmek üçin teklip edildi, onuň umumy meýdany 3 467753 ga, ýurduň umumy meýdanynyň 7%, olardan 16 sany möhüm ornitologik ýer (32%) şol ýeriň biodürlüligi üçin dünýä ähmiýetli bolup, tutuşlygyna ýa-da bölekleýin gorag astyna alnandyr. Bu möhüm ornitologik ýerler Guşlary goramagyň halkara ulgamynyň (Birdlife International) bütin dünýä boýunça düzüm bölegi bolup durýar.

### 3.4.2. 11-nji wezipe: 2030-njy ýyla çenli ýitmek howpy astyndaky görnüşleriň 95%-ni öz içine alýan we möhüm ekologik wezipeleri (suw ýataklaryny goramak, topragyň zaýalanmagyna garşy göreş, çölleşmegiň öňüni almak we başg.) üpjün edýän goralýan tebigy ýerleriň, şol sanda milli tebigy seýilgähleriň, tebigat ýadygärlikleriniň, tebigy çäkli goraghanalaryň meýdanyny 10–12% giňeltmek

Bu wezipäni amala aşyrmak boýunça çäreleri durmuşa geçirmek üçin BMGÖM/BEG we TOHDGGM bilelikdäki taslamasynyň çäginde «2030-njy ýyla çenli Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny ösdürmegiň Maksatnamasynyň» taslamasy işlenip taýýarlandy. AGTÝ maksatnamasynyň taslamasyna laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli Türkmenistanda AGTÝ-iň umumy ulgamyny 3 525 856 ga (ýurduň 7,18% meýdany) ýetirmek teklip edilýär. Ulgamyň düzümine YUNESKO-nyň Bütindünýä tebigy mirasynyň desgalary, milli seýilgähler, biosfera goraghanalary, möhüm ornitologik ýerler, Ramsar suw-batgalyk ýerleri, ekologik geçelgeler, AGTÝ-iň gorag zolaklary we başgalar goşular. «2030-njy ýyla çenli Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň (AGTÝ) ulgamyny ösdürmegiň Maksatnamasynyň» taslamasyna laýyklykda, Demirgazyk Türkmenistanyň gyrlaryny Garabogaz aýlagynyň gündogar kenarýakasyny öz içine almak bilen, Günorta-Üstýurt goraghanasyny döretmek, Uly Balkanda Günbatar Uzboý we «Altyn asyr» Türkmen köli çäkli goraghanalary bilen Balkan goraghanasyny döretmek, şeýle hem Gaplaňgyr goraghanasyn Zeňňibaba, Bathyz goraghanasynyň düzüminde Garabil, Köýtendag goraghanasynyň düzüminde Tallymerjen täze çäkli goraghanalary döretmek meýilleşdirilýär.

Türkmenistanyň biologik dürlüliginiň goragy AGTÝ-iň (49 120 müň ga) tebigy ekoulgamlarynyň üç prowinsiýasynyň – Turan (Repetek, Amyderýa, Hazar we Gaplaňgyr, Bereketli döwlet tebigy goraghanalary), Merkezi Aziýa daglyk (Köýtendag döwlet tebigy goraghanasy) we Köpetdag–Horasan (Sünt-Hasardag, Köpetdag döwlet tebigy goraghanalary) çäginde üpjün edilendir. Şeýle hem, Garagum çölüniň, Köpetdag-Horasan daglarynyň we Paropamiz dagetek baýyrlyklarynyň çäkleşýän ýerindäki ekoulgamlar Bahtyz döwlet tebigy goraghanasy tarapyndan goralýar. Hazar (öňki Krasnowod) döwlet tebigy goraghanasynyň meýdanlary hazarýaka çöllük ýerlerini we Hazar deňziniň gündogar kenarýakalaryny öz içine alýar.

2018-nji ýylyň dekabr aýynyň 1-ine çenli alnanda, häzirki bar bolan AGTÝ-iň ulgamy 2 152 360 ga ýeri ýa-da ýurduň meýdanynyň 4,38% - ini tutýar. Olardan AGTÝ-iň ähli meýdany boýunça alnanda: goraghanalar 42,98% (925 157 ga), çäkli goraghanalar – 49,73% (1 070 506 ga), gorag zolaklary – 5,32% (114 660 ga), tebigy ýadygärlikler – 0,09% (2020 ga) we ekologik geçelgeler – 1,85% (40 017 ga). Netijede ýurtda 9 sany goraghana, 16 çäkli goraghana we 17-sanysy tebigy ýadygärlikler, biodürlüligi *in-situ* gorap saklamakda aýratyn orny eýeleýär, ýurdyň biodürlüliginiň 2/3 gowragy bu AGTÝ-de jemlenendir. Ähli AGTÝ Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň garamagyndadyr. Muňa başga ministrlikleriň we edaralaryň tabynlygynda duran zoologik, botaniki, sagaldyş ähmiýetli ýerler, dynç alyş ýerler we taryhy-medeni ähmiýetli ýerler goşulmady.

2010-njy ýyldan başlap, 9-njy «Bereketli Garagum» goraghanasynyň döredilmegi bilen AGTÝ-iň hereket edýän ulgamynyň meýdanlary 1,13 % (236 340 ga) köpeldi. Ahal welaýatynyň demirgazyk çetinde Merkezi Garagumda umumy meýdany 87 800 ga ýetýän «Bereketli Garagum» goraghanasynyň (Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň




*Bathyz döwlet tebigy goraghanasynyň giňeldilen meýdanlarynyň kartasy*

18-nji iýulynda kabul eden Karary bilen) döredilmegi AGTÝ-iň ulgamyny giňeltmek işlerinde göze-görnüp duran goşant boldy. Merkezi Garagumyň merkezinde ýerleýän goraghana ösümlik we haýwanat dünýäsiniň mahsus bolan çäge, toýunsow, şorluk we başga-da çöl landşaflaryny, şeýle hem XI–XII asyrlaryň Gyzyljagal we Ortakak hem-de başga medeni-taryhy ýadygärliklerini gorap saklamaga niýetlenendir.

2014-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň (25.12.2014, № 14019 ý.) esasynda YUNESKO-nyň Bütindünýä tebigy mirasynyň sanawynyň hasabyna goşmak üçin maglumatlar taýýarlanylanda häzirki hereket edýän Bathyz döwlet tebigy goraghanasynyň meýdanlary goraghananyň, iki sany çäkli goraghananyň meýdanlarynyň giňeldilmeginiň we ekologik geçelgeleriň we bufer zolagyň döredilmeginiň hasabyna giňeldildi. Bu Kararyň esasynda häzirki Köýtendag döwlet tebigy goraghanasynyň meýdanlary çäkli goraghananyň we bufer zolagyny döredilmeginiň hasabyna giňeldildi. Bu çäreler Bütindünýä tebigy mirasynyň sanawyna goşmak barada Konwensiýanyň ölçeglerine laýyklykda, goraghanalara bütewülik bermek üçin zerurdy hem-de hödürlenilýän maglumatlar ÝUNESKO-nyň Toparyna seretmäge berildi.

RSPB Merkez-Aziýa maksatnamasynyň çäginde «Türkmenistanyň möhüm ornitologik ýerleri» (IBA/GMOÝ, 2004–2010 ýý.) 50 sany möhüm ornitologik ýerler (IBA) kesgitlenildi, ýazgysy geçirildi we goramak hem-de gözegçilik geçirmek üçin teklip edildi, onuň umumy meýdany 3 467753 ga, ýurduň umumy meýdanynyň 7%, olardan 16 sany möhüm ornitologik ýer (32%) şol ýeriň biodürlüligi üçin dünýä ähmiýetli bolup, tutuşlygyna ýa-da bölekleýin gorag astyna alnandyr. Bu möhüm ornitologik ýerler Guşlary goramagyň halkara ulgamynyň (Birdlife International) bütin dünýä boýunça düzüm bölegi bolup durýar. MOÝ/IBA-ny gorag ulgamynyň hasabyna goşmak BGMSHM–2-niň 11-nji maksatlaýyn wezipesini amala aşyrmaga we AGTÝ meýdanlaryny giňeltmek boýunça Aýti maksatlaryny gazanmakda uly mümkinçilik berer.

2017-nji ýylda BDK-nyň maksatnamasynyň çäginde deňiz we kenarýaka biodürlüligi babatda Aýti maksatlarynyň we 11-nji wezipäni ýerine ýetirmekde üstünlikleri gazanmak üçin, şeýle hem Hazar deňziniň türkmen böleginiň goragyny gowulandyrmak we durnukly peýdalanmak üçin Hazar deňziniň türkmen böleginde üç sany ekologik we biologik ähmiýetli ýerleri anyklanyldy we ýazgysy geçirildi. BDK Taraplarynyň Konferensiýasynda 2008-nji ýylda tassyklanan EBSA-nyň konsepsiýasynyň 7 sany ölçegine laýyklykda, deňziň ekologik we biologik ähmiýetli ýerleriniň anyklanylmagyna düşünilýär. Hazar deňziniň türkmen bölegindäki üç sany ýer: Türkmenbaşy aýlagy, Türkmen aýlagy we Garabogaz aýlagy, şeýle hem Eýranly kärdeşler bilen bilelikde serhetara ekologik we biologik ähmiýetli



*Bathyz, Ýeroýlanduz çöketliginde çal durnalaryň (Grus grus) göçüp gonýan döwri*

deňziň ýeri EBSA Miangala-Esenguly ýazgysy beýan edildi. Bu ähli meýdanlar EBSA-nyň 7 ölçegleri boýunça kesgitlenen görkezijilere laýyklykda ýazyldy we BDK Kätipligi tarapyndan tassyklanyldy EBSA-nyň bütindüýä ulgamyna hem girizildi.



*Gyzgylt gotan*
*(Pelecanus onocrotalus)*



*Gorçy*
*(Oxyura leucocephala)*

Häzirki wagtda (2018 ý.) ýurtda Ramsar suw – batgalyk ýerlere degişli 2009-njy ýylda sanawa goşulan ýerleriň biri – Hazar döwlet tebigy goraghanasynyň Türkmenbaşy aýlagy. Tutýan meýdany 267,124 ga. Bu goralýan aýlag birnäçe suw-batgalyk guşlaryň gonup-göçýän, gyşlaýan we höwürtgeleýän adaty ýeri bolup hyzmat edýär, şonuň üçin hem Hazar goraghanasynyň 72% meýdany Türkmenistanyň möhüm ornitologik ýerlerine girýär. Gorag derejesiniň berilmegine nobatdaky hödürlenýän ýerler: Ogurjaly çäkli goraghanasy bilen Günorta-Çeleken we Türkmen aýlaglary, Türkmenistanyň başga suw-batgalyk ekoulgamlary – «Altyn asyr» Türkmen köli, Amyderýa, Garagum, Murgap we Tejen derýalary özleriniň akym gollary bilen. Türkmenistanyň«AGTÝ hakyndaky» (2012 ý.) kanunyna laýyklykda, Ramsar suw-batgalyk ýerleri aýratyn goralýan ýerleriň hukugyny aldy.

AGTÝ ulgamyny ygtybarly dolandyrmak üçin AGTÝ-iň mümkinçiliklerini döretmek we býujet tarapyndan maliýeleşirilmegini ýokarlandyrmak bounça döwlet anyk çözgütleri kabul edýär. AGTÝ işleýän işgärleriň sany 2017-nji ýylyň ahyryna çenli 456 adam, olardan ylmy işgärler 64 sany, inspektor düzümi 194 adamdan ybarat. Goraghanalary saklamak üçin çykdajylar 8537, 2 müň manat (ýerli býujeti hasaba almazdan), olardan 8283,0 müň manat merkezleşdirilen býujetden gelýär.

### 3.4.3. 12-nji wezipe: 2023-nji ýyla goralýan tebigy ýerleriň ulgamy durmuş-ykdysady taýdan kesgitli, şol sanda ekologik syýahatçylyk we ekoulgam hyzmatlary bilen baglylykda dürli peýdalary getirýär

Bu wezipäni ýerine ýetirmek maksady bilen, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň harytlary we hyzmatlary bermäge hem-de ýerli ilaty ýaşaýşyň serişdeleri bilen üpjün etmäge ukyply ekoulgamlaryny durnukly ulanmaga gönükdirilen tagallar geçirilýär.

Bu çäreleriň biri hem ekosyýahatçylygy ösdürmekdir. Ekosyýahatçylygy ösdürmek işine düşünmek üçin ilkinji başlangyçlar RSPB we BMGÖM-iň «Goralýan ýerler boýunça maksatnamalaryň işlerini ýerine ýetirmek boýunça ýurtda geçirilýän çäreleri goldamak» (2009–2010 ýý.) taslamasynyň çäginde göz öňünde tutulyp başlandy. Türkmenistanda ekosyýahatçylygy ösdürmek boýunça Strategiýalary işläp taýýarlamak we tebigy baýlyklara ykdysady tarapdan baha bermek taslamanyň esasy maksadydyr. Tebigy baýlyklara ykdysady

taýdan baha berilmegini geçirmek üçin goraghanalaryň işgärleri tarapyndan AGTÝ synag meýdançalarynda (Köpetdag, Hazar, Bathyz, Köýtendag we Sünt-Hasardag) we golaý ýerlerindäki ilatly ýerlerde we obalarda ýerli ilatyň biologik baýlyklary peýdalanylyşyna seljerme berildi. Şeýle hem taslamanyň bilermenleri Belarusiýa respublikasynda geçirilen bilim-maglumat beriş syýahatyna gatnaşyp «obada dynç alyş» agrosyýahatçylyk Belarusiýanyň jemgyýetçilik guramasynyň işi bilen tanyşdylar. Toplanan tejribeleriň esasynda Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmek barada hasabat taýýarlandy. Baha bermegiň ilkinji netijeleri 2009-njy ýylyň oktýabr aýynda aýratyn goralýan tebigy ýerler boýunça Aşgabatda geçirilen halkara maslahatynda tanyşdyryldy. Soňra Türkmenistanda ekosyýahatçylygy ösdürmegiň strategiýasy işlenip düzüldi. Ýurtda ekologiýa syýahatçylygy ösdürmek üçin işlenip düzülen teklipler heniz durmuşa geçirilmedi.



*Dinozawrlaryň belentligi (Köýtendag)*



*Akseňgirde günüň ýaşýan pursady*

AGTÝ hyzmatlaryna töleg meselesini ösdürmek synanyşyklary BMGÖM/BEG-iň «Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny netijeli dolandyrylyşyny güýçlendirmek» (2010–2014 ýý.) taslamasynyň çäginde göz öňünde tutuldy, tutuşlygyna ýurt we Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda, Sünt-Hasardag goraghanasynyň binýadynda döredilmegi meýilleşdirilen ilkinji milli «Sumbar» milli tebigy seýilgähi üçin ekosyýahatçylygy ösdürmek üçin PR-maglumatlar önümini döretmek we «Sumbar» milli tebigy seýilgähi üçin Tehniki-esaslandyrylma işlenip taýýarlanyldy. Milli tebigy seýilgähleriň işi öz ýerine ýetirýän biodürlüligi gorap saklamak wezipesinden başga tebigatdan durnukly peýdalanmaga ýardam berer. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň bu görnüşi, şol sanda milli we halkara ekosyýahatçylygy gurnamak ýoly bilen sebitde durmuş-ykdysady ösüşleriň esasy mümkinçiliklerini görkezýär. Milli seýilgähleri döretmek DGGMHM (2002 ý.), Türkmenistanyň «Aýratyn goralýan tebigy ýerleri hakynda» kanunda (2012 ý.) we AGTÝ ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasynda (2014 ý.) göz öňünde tutuldy.

Ekologik syýahatçylygy ösdürmek aýratyn goralýan tebigy ýerleri durnukly dolandyrmagyň düzüm bölegi bolup hyzmat edýär. Köp daşary ýurtlar ekologik syýahatyny aýratyn goralýan tebigy ýerler ulgamynda işjeň peýdalanýarlar. Bu bolsa syýahatçylygyň kabul edilýän ýeke-täk görnüşi bolup ol ýerlerde ygtyýarlyk bermäge mümkinçilik bolar. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň we ekosyýahatçylygyň weizpeleri köp tarapdan örän meňzeş we ekologik bilimiň, terbiýäniň, wagyz-nesihatyň elementlerini özünde jemleýändigini bellemek möhüm. Şonuň üçin hem häzirki zamanda ekosyýahatçylygy ösdürmek aýratyn goralýan tebigy ýerler bilen aýrylmaz baglanyşyklydygy ýöne ýerden däl.

Ekologiýa syýahatçylygynyň dogry gurnalmagy tebigaty goramak, ykdysady we durmuşy bähbitleriň deňagramlygyny gorap saklamaga mümkinçilik berýär. Gürrüň tebigat we medeni gymmatlyklary goramaga gönükdirilen işlerden ykdysady peýda almak, oba ýerlerde goşmaça iş ýerlerini döretmek barada gidýär.

Türkmenistanyň çuňňur hormatlanylýan Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwleti ösdürmegiň möhüm ileri tutulýan ugurlaryny türkmen halkynyň taryhy we medeni mirasyny, şeýle hem onuň tebigy baýlyklaryny wagyz-nesihat etmek, gorap saklamak, rowaçlandyrmak meselelerini aýratyn belledi. Türkmenistan häzirki wagtda türkmen topragynyň gaýtalanmajak owadan künjeklerini we goraghanalary gorap saklamak, täsin tebigy ýadygärliklerini dikeltmek we köptaraplaýyn öwrenmek boýunça gönükdirilen dürli maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirýär. 2017-nji ýylyň 18-nji fewralynda Aşgabat şäherinde döwlet baştutanlygyna saýlanan gününde eden çykyşynda Türkmenistanyň owadan tebigy künjeklerinde Köpetdagyň, Köýtendagyň, Sumbaryň täsin ýerlerinde, Bathyz goraghanasynyň ýerlerinde, Amyderýanyň, Murgabyň we Garagum derýasynyň kenarýakalarynda dynç alyş we syýahatçylyk üçin şertleri döretmek boýunça teklipleri belledi. Türkmenistanyň Prezidentiniň kararynyň esasynda Hazar deňziniň kenarýakasynda syýahatçylygy ösdürmegiň mysaly hökmünde Türkmenistanda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny muňa mysal edip bolar.

Şeýle hem, Türkmenistanyň Prezidenti Köýtendag döwlet tebigy goraghanasyna baryp görüp onuň täsinlikleri bilen tanşyşyp bu sebitde halkara syýahatçylygy ösdürmek boýunça işleri geçirmegi we YUNESKO-nyň Bütindünýä tebigy mirasynyň sanawyna Köýtendagyň täsin tebigy ýadygärliklerini goşmagy tabşyrdy. Bu işler Guşlary goramagyň patyşalyk jemgyýeti (RSPB, Beýik Britaniýa) we TOHDGGM-niň arasyndaky gol çekilen Ylalaşygynyň çäginde ýerine ýetirilýär.

Syýahatçylyk pudagynda biodürlüligi gorap saklamak babatda halkara ileri tutulmalar ekosyýahatçylygy ösdürmek, biodürlüligi durnukly peýdalanmak we görnüşleriň ýaşaýan ýerleri boýunça ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň teswirnamasyny, ähliumumy, halkara ylalaşyklaryň düzgünnamalaryny ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Klimatyň üýtgemegi boýunça milli strategiýany ýerine ýetirmegiň çäginde pudagyň milli ileri tutulmalaryna biodürlüligi, görnüşleriň ýaşaýan ýerlerini we tebigy ýadygärlikleri gorap saklamak, durnukly ösdürmek we peýdalanmak goşulýar.

Türkmenistanyň «Syýahatçylyk hakynda» (2010 ý.) kanunynda «ekologik syýahatçylyk» düşünjesi bar – syýahatçylyk, täsin tebigy ýadygärliklere, goraghanalara, milli tebigy seýilgählere baryp görmek, şeýle hem tebigaty goramak ähmiýetli çärelere gatnaşmak maksady bilen amala aşyrylýar. 18-nji maddasyn laýyklykda, Milli syýahatçylyk zolaklary döredilip bilner, we 19-njy madda laýyklykda tebigaty goramak baradaky ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarly edarasy bilen bilelikde syýahatçylyk zolagynyň çäklerinde daşky gurşawyň desgalarynyň goragyny we abatlygyny üpjün edýär; Aýratyn bölümi IX (46,47 madda) syýahatçylyk işiniň dowamynda daşky gurşawy, tebigy, taryhy we medeni ýadygärlikleri goramaga degişlidir we Syýahatçylyk işiniň subýektleri tebigy we medeni desgalaryň syýahatçylar üçin özleşdirilýän we ulanmaga berilýän şertlerinde şol desgalaryň abat saklanylmagy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 12-nji awgustynda №11788 ýörite karary bilen «2011–2020-nji ýyllarda Türkmenistanda syýahatçylyk pudagyny ösdürmek we goldamak boýunça milli maksatnama» tassyklandy, maksatnamada syýahatçylygy, esasan hem ekologiýa syýahatçylygy ösdürmek üçin hususy pudagyň serişdelerini çekmek aýratyn nygtalýar. Bu babatda hususy pudagyň ýurduň syýahatçylyk pudagynyň infrastrukturasyny ösdürmäge işjeň gatnaşmagynda oňyn öňe gidişlikler başlandy. Ýöne heniz bu işler öz akymyna we gowşak ösýär. 2015-nji ýylda Türkmenistanyň syýhatçylyk boýunça döwlet

komieteti tarapyndan «Syýahatçylyk hyzmatlaryna ygtyýarnama bermegiň tertibi» işlenip taýýarlandy, ol Türkmenistanyň Adalat Ministrligi tarapyndan 14.09.2015 ý. № 907 hasaba alyndy. Bu Tertibiň maglumatlaryna laýyklykda, 2015–2018-nji ýyllarda ekologiýa syýahatçylygy boýunça ýörite syýahatçylyk ugurlar boýunça hyzmatlara degişlilikde şu ýerlere ygtyýarnama berildi: Köpetdag, Köýtendag we onuň daş-töwereginde, Garagum çöli, Balkan daglary, Gyzylsuw adasy.

2018-nji ýyl «Türkmenistan – Beýik ýüpek ýolunyň ýüregi» diýlip atlandyrylmagy bilen Türkmenistanyň Syýahatçylyk boýunça döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy esasynda 2017-nji ýylyň dekabr aýynda 2018-nji ýylda geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasy tassyklanyldy. Bu meýilnamanyň çäginde ýurt boýunça halkara hyzmatdaşlary, maýa goýumlary we gyzyklanýan taraplary çekmek bilen dürli medeni köpçülikleýin çäreler geçirilýär.

**MESELELER:**

2014-nji ýylda BMGÖM/BEG taslamasynyň çäginde işlenip taýýarlanan «2030-njy ýyla çenli döwür üçin Türkmenistanyň Aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasy», şeýle hem Köýtendag we Bathyz döwlet tebigy goraghanalary üçin dolandyryş Meýilnamalary TOHDGGM ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanylmady we degişlilikde ýerine ýetirilmegi we maliýeleşdirilmegi üçin Milli maksatnamalara goşulmady. AGTÝ ulgamyny ösdürmek boýunça Maksatnamanyň, şeýle hem AGTÝ ulgamyny netijeli dolandyrmak we giňeltmek boýunça biodürlüligi gorap saklamak boýunça täzelenýän strategiýany we hereketleriň meýilnamasynyň (BGMSHM–2) ýerine ýetirilmegini kabul etmek we tassyklamak, ylalaşmak boýunça çäreleriň kabul edilmegi zerurdyr. Dolandyryş meýilnamalary degişli goraghanalar üçin usulyýet gollanmasy hökmünde peýdalanylýar. Ýöne ýeterlik serişdeleriň ýoklugy sebäpli, käbir çäreler durmuşa geçirilmän galýar.

Ýurtda biotehniki, gorag çäreleri we ylmy barlag işleri geçirmek üçin ýokary hünärli hünärmenler we ylmy işgärler ýetmzeçilik edýär hem-de tebigy ýerlerinde *(in-situ)* biodürlüligi gorap saklamak we durnukly dolandyrmak üçin AGTÝ maddy-tehniki binýadynyň üpjünçiligi pes.

Türkmenistanda aýratyn goralýan tebigy meýdanlarynda ekologik syýahatçylygy ösdürmegiň uly geljegi bar, ýöne bu ugurdan häzirki wagtda hukuk düzünleriniň ulgamynyň ýoklugy bökdençlikleri döredýän şertleriň biri bolup durýar, esasan hem tebigaty goramak çärelerini geçirmek babatda. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň syýahatçylyk ulgamynyň işine goşulmagy syýahatçylyk desgasy hökmünde häzirki hereket edýän kadalaşdyrş hukuk namalaryna üýtgetmeleri girizmegiň we olaryň täzesiniň kabul edilmeginiň zerurlygyny şertlendirýär. Türkmenistanyň täze «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» kanuny ýurtda ekosyýahatçylygy ösdürmek we tebigy seýilgähleri gurnamak üçin hukuk esas bolup hyzmat edýär.

**TEKLIPLER:**

«2030-njy ýyla çenli döwür üçin Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasyny», şeýle hem AGTÝ ulgamyny netijeli dolandyrmak we giňeltmek boýunça 11-nji wezipä laýyklykda biodürlüligi gorap saklamak boýunça täzelenen milli strategiýany we hereketleriň meýilnamasyny (BGMSHM–2) ýerine ýetirilmegini kabul etmek, ylalaşmak we tassyklamak boýunça çäreleriň kabul edilmegi zerurdyr.

Biodürlüligi gorap saklamak we ony durnukly dolandyrmak maksady bilen ylmy we maddy-tehniki binýady berkitmek üçin býujet we başga maliýe çeşmelerini ýokarlandyrmak, AGTÝ gorag we biotehniki çärelerini gowulandyrmak boýunça geljekde işleriň geçirilmegi zerurdyr.

Biodürlüligiň baýlyklaryny durnukly peýdalanmak we ekoulgama düşýän antropogen täsirleri azaltmak üçin ýerli ilata işleriň alternatiw görnüşlerini durmuşa geçirmäge goldaw bermek üçin Türkmenistanda ekoulgam hyzmatlaryny ösdürmek möhümdir.

Ekologik syýahatçylyk kanunçylygyny kämilleşdirmegiň hasabyna ekologiýa syýahatçylygy ösdürmegiň Milli strategiýasyny işläp taýýarlamak zerur. Bu bolsa tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagyna we goralyp saklanmagyna, syýahatçylyk pudagynda maýa goýumlary üçin hukuk esasyny döretmäge, Türkmenistanyň ekologik syýahatçylygyň halkara bazaryna çykmagyna, tebigatyň we biodürlüligiň milli syýahaçylyk baýlyklaryny tygşytly peýdalanmak we gorap saklamak meselelerine ünsi çekmäge uly ýardam berer.

Ekologiýa syýahatçylygynyň dogry gurnalmagy tebigaty goramak, ykdysady we durmuşy bähbitleriň deňagramlygyny gorap saklamaga mümkinçilik berýär. Gürrüň tebigaty we medeni gymmatlyklary goramaga gönükdirilen işlerden ykdysady peýda almak, oba ýerlerinde goşmaça iş ýerlerini döretmek barada gidýär.

Ekosyýahatçylygyň ösdürilmegini höweslendirmek üçin ýerlerde, ýagny aýratyn goralýan tebigy ýerleriň golaýynda ýaşaýan ýerli bileleşigiň ykdysady işleriniň görnüşlerine derek başga mümkin bolan işleriň (alternatiw) ornaşdyrylmagy wajyp, bu bolsa şol ýerleriň tebigy baýlyklarynyň çenden artyk ulanylmagynyň öňüni almak we düşýän agramy azaltmak maksady bilen ýerine ýetirilýär. Tebigy baýlyklaryň çenden artyk, rejesiz peýdalanylmagy oba hojalyk, tokaý, balykçylyk we aw hojalyklarynyň işlerinde ýüze çykýar, şeýle hem ýerli ilatyň işleriň başga görnüşleri bilem meşgullanmakda tejribeleriniň ýoklugy bilen şertlendirilýär.

## 3.5. V-nji maksat. Biodürlüligiň hem-de ekoulgam hyzmatlaryň möhümligi we artykmaçlyklary bilen bagly meselelere düşünmeklik we habarly bolmaklyk

### 3.5.1. 13-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli jemgyýetçiligiň, şol sanda çözgütleri kabul edýän wezipeli adamlaryň biodürlüligiň we ekoulgam hyzmatlarynyň möhüm ähmiýeti (pul görnüşinde aňladylan) barada habarlylygyny ýokarlandyrmak

Ekoulgam hyzmatlaryna adamyň ýaşaýşynyň, saglygynyň we ykdysadyňetiň baglylygyna düşünjeleriň artmagy bilen Türkmenistanda onuň goralyp saklanmagynyň we durnukly peýdalanmagynyň wajyplygyna barha göz ýetirilýär. Ýöne ekoulgam hyzmatlaryna ykdysady tarapdan baha berilmegini ulanmak boýunça bu tapgyrdaky çäreler ýurtda synag häsiýetde bolup esasan hem halkara taslamalaryň çäginde amala aşyrylýar.

Tejribede ekoulgam hyzmatlaryny peýdalanmak dolandyryş çözgütleriniň netijeliligini düýpli ýokarlandyrmaga we býujet çeşmelerini paýlamaga we Türkmenistanda ýaşaýşyň hilini gowulandyrmaga kömek eder. Bu tapgyrda ýurtda zerur mümkinçilikleri döretmek möhümdir. Şol sanda hem milli derejede ekoulgam hyzmatlaryna baha bermegiň ugurlaryny we Türkmenistanda ekoulgam hyzmatlara baha bermek ulgamynyň emele gelip başlamagynyň zerurlygyny we wajyplygyny, şeýle hem onuň gymmatlygynyň ykdysadyýete utgaşdyrylmagyny we kararlar kabul edilende göz öňünde tutulmagyny görkezmäge mümkinçilik berýän barlaglaryň geçirilmegi hem goşulmalydyr.

Ekoulgamlaryň hyzmatlarynyň toparlara bölünmegi adama berýän peýdasynyň görnüşinde esaslandyrylandyr: üpjün edijiler – adamlary maddy eşretler we baýlyklar bilen üpjün etmek (agyz suwy, agaç önümleri, ýabany ösýän ösümlikler, kömelekler, deňiz önümleri, aw önümleri we başg.), olar yzygiderli peýdalanýarlar; sazlaşdyryjylar/

gurşaw döredijiler – adamyň ýaşaýyş durmuşy üçin gönüden göni ähmiýetli (howany we suwy sazlaşdyryjylar, toprak goraýjylygy, biobaýlyklar) daşky gurşawyň görkezijilerini dürli ekoulgam mehanizmleri bilen sazlaşdyrmak; medeni – adamlaryň (estetiki, dynç alyş desgalary we başg.), medeni, ruhy we ylmy zerurlyklaryny maddy däl üpjünçiligi.

Türkmenistanda Ýer ýüzüniň beýleki ýurtlary bilen bir hatarda, ekoulgam hyzmatlarynyň goralyp saklanmagynda hem-de durnukly ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny üpjün etmekde uýgunlaşmak, degişli çäreleriň meýilleşdirilmegine we ýerine ýetirilmegine deň derejede goşulmak üçin ähli zerur işler amala aşyrylýar. Durnukly ösüşi gazanmak we ýaşaýşa ukyply uzakmöhletleýin geljege ýetmek üçin, aýratyn-da howanyň ählumumy üýtgemek hadysasynyň örän tizleşýän ýagdaýynda, häzirki wagtda biodürlüligiň iş ýüzündäki meseleleriniň hem-de möhüm ekoulgam hyzmatlarynyň saklanmagynyň üpjün edilmegindäki çäreleriň we bu babatdaky syýasatyň ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna girizilmegi örän möhüm bolup durýar.

Türkmenistanda ekoulgam hyzmatlaryna ykdysady taýdan baha berilmegini ulanmak we ornaşdyrmak boýunça çäreler bu tapgyrda synag häsiýetde we esasan hem halkara taslamalaryň çäginde amala aşyrylýar. Daşky gurşawy goramak boýunça Şweýsariýanyň federal edarasynyň goldamagynda (FOEN), Merkezi Aziýada sebitara ekologik merkeziň «Merkezi Aziýada we Azerbeýjanda ekoulgam hyzmatlarynyň tölegleri boýunça hyzmatdaşlyklary ýola goýmak we mümkinçilikleri ösdürmek» (2012 ý. ýanwar–2013 ý. iýun), baradaky taslamanyň işiniň gidişinde «Suw baýlyklaryna baglylykda ekoulgam hyzmatlaryna ykdysady baha bermek boýunça gollanma» (2013 ý.) işlenip taýýarlanyldy. Gollanma Merkezi Aziýanyň mysalynda işlenip taýýarlandy we MASEM-iň bilermeleriniň Türkmenistanyň hem-de Täjigistanyň tebigaty goramak meýdanlarynda ýerine ýetirilen hasaplamalarynyň usulyýetleri boýunça peýdalanylýar.

Häzirki wagtda TOHDGGM we BEG/BMGÖM bilen bilelikde ýerine ýetirilýän «Biodürlülik boýunça konwensiýanyň ýerine ýetirilmegine ýardam bermekde milli biodürlüligi meýilnamalaşdyrmak. Türkmenistanyň 2011–2020-nji ýyllar üçin strategiki meýilnamasy» (2013–2015 ýý.) taslamasynyň çäklerinde Merkezi Aziýada ilkinji gezek «Metroeconomica Ltd.» (Beýik Britaniýa) kompaniýasy tarapyndan 10 günlik okuw maslahaty geçirildi, ministrlikleriň, okuw mekdepleriniň we döwlete dahylsyz guramalaryň wekilleriniň gatnaşmagynda hünärmenleriň pudagara tehniki topary döredildi. «Awazada» (Türkmenbaşy ş.) geçirilen okuw maslahatynda dürli ministrliklerden we edara-kärhanalardan 20-den gowrak hünärmenler toplandy. Ekoulgamy gorap saklamak üçin baha bermegiň usullaryny geçirmek we olaryň netijesini ulanmak boýunça meseleleri hünärmenler, ykdysadçylar we ýuristler ara-alyp maslahatlaşdyrlar. Taslamanyň jemleýji resminamalary hökmünde çapdan çykan çeşmeleri görkezip bolar «Türkmenistanyň milli biodürlüligini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak ýagdaýy barada hasabat» (2014 ý.), «Ekoulgam hyzmatlary, baha bermegiň usullary weTürkmenistanda ulanmak» (2014 ý.).

Türkmen hünärmenleri tarapyndan «Ekoulgam hyzmatlaryna baha bermek we çalt kesgitlemek usulyýeti» ulanyldy, şeýlelikde ýurduň sebitlerinde ekoulgam hyzmatlaryny kesgitlemek üçin ykdysadyýetiň ähli möhüm pudaklarynyň wekillerini we ýerli ilaty çekmek we yzygiderli okatmak ýoly bilen ýerli hünärmenleriň ykdysady tarapdan baha bermek boýunça mümkinçilikleriniň ýokarlandyrylmagy, şeýle hem has möhüm ekoulgam hyzmatlaryna calt baha berilmegini gecirmek göz öňünde tutulýar. Bu usulyýet berilýän hyzmatlara ykdysady tarapdan baha berilmegini, hyzmatlary almakda çykýan çykdajylara baha berilmegini, işleriň başga görnüşlerini bermek bilen çykdajylara baha berilmegini we başgalary özüne goşýar.

Ýurdyň welaýatlarynda geçirilýän işleriň dowamynda ekoulgam hyzmatlaryň 12 sanysy ýüze çykaryldy, olardan ekin suwy, agyz suwy, dynç alyş (şypahanalar), taryhy we medeni ýadygärlikler, goraghanalar üçin ýaşaýyş ýerleriniň goldanmagy, goraghanalaryň landşaftlary, öri meýdanlar, aw we balyk önümleri, miweleri ýygnamak (pisse miwesini goşmak bilen), dermanlyk ösümlikler we ýaglar, tozanlamak, tokaýlar bilen howanyň sazlaşdyrylmagy. Olardan baha bermek üçin ekoulgam hyzmatlarynyň diňe 8 sanysy saýlanyp alyndy. Maglumatlaryň ýoklugy, maglumatlary ýygnamak we has takyk baha bermek üçin serişdeleriň ýetmezçiligi ekoulgam hyzmatlaryna dogry baha bermekde döreýän sebäplerdir. Şonuň üçin hem hyzmatlara baha bermek boýunça durmuşy barlaglar we soraglar geçirilmedi, diňe ýerli derejede esasy gyzyklanýan taraplary çekmek we gatnaşdyrmak bilen ýerine ýetirildi.

2014-nji ýylda geçirilen seljermäniň netijesinde Türkmenistanda esasy ekoulgam hyzmatlarynyň umumy gymmatlygy ýylda 7,84 miliard manada golaý ýa-da ABŞ-yň 2,75 dollaryna barabar. Bu hem öz gezeginde içerki milli önümiň 3% deň, ýa-da içerki oba hojalyk önüminiň 14% deň.

Ekoulgam hyzmatlarynyň iň gymmatlysy (möhümi) öri meýdanlary diýlip kesgitlenildi. Öri meýdanlarynyň gymmatlygy tebigat tarapyndan berilýän ekoulgam hyzmatlarynyň umumy gymmatlygynyň 62%-ni tutýar, ýylda 4,86 mlrd. manada golaý (ABŞ-yň dollarynda 1,71 mlrd.). Beýleki möhüm ekoulgam hyzmatlara ekin meýdanlaryny suwarmak üçin suwuň berilmegi (1,85 mlrd. manat), agyz suwy (ýylda 450 million manada golaý), ýurduň goraghanalaryna gymmatly genofond üçin berlen ýer (ýylda 562 million manada golaý). Galyberse-de, ekoulgam hyzmatlarynyň soňky görnüşi kesgitlenende derýalaryň suw toplaýan basseýnleriniň goralyp saklanmagy, gülleriň tozanlanmagy, öri meýdanlary we medeni ösümlikleriň ýabany kowumlaryny gorap sakalamak ýaly ykdysady taýdan möhüm bolan hyzmatlar boýunça ähmiýeti göz öňünde tutulmady. Elbetde, bu sanalyp geçilen hyzmatlar goraghanalaryň tebigaty gorap saklamakdaky ähmiýetini has-da artdyrar.

*Türkmenistanda esasy ekoulgam hyzmatlary*

| | |
|---|---|
| Agyz suw | 5,75 % |
| Ekin üçin suw | 23,55 % |
| Öri meydanlar | 62,04 % |
| Ýangyç üçiň agaç | 0,04 % |
| Aw we balyk baýlyklary | 0,07 % |
| Tokaýlar (klimatyň üýtgemegi) | 0,93 % |
| Tebigy (dermanlyk) ösumlikleri | 0,47 % |
| Goraghanalar (goralýan ýerler) | 7,16 % |



Bulardan başga-da MASEM-iň «Merkezi Aziýada we Azerbeýjanda ekologik hyzmatlaryň tölegi (EHT) boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýmak we mümkinçilikleri ösdürmek» (2012–2013 ýý.) taslamasynyň çäginde suw baýlyklary bilen bagly ekoulgam hyzmatlaryna ykdysady baha bermek boýunça işlenip taýýarlanan gollanmada (2013 ý.) Türkmenistanyň tebigaty goramak ýerlerinde ekoulgam hyzmatlaryna baha bermek şu aşakdaky hasaplar görnüşinde ulanyldy.

*Türkmenbaşy aýlagy suw-batgalyk ýerler.* Bu ýerler Ýewropa we Aziýa, Sibir we Afrika aralykda möhüm migrasiýa ýollaryny kesip geçip göçýän guşlar üçin ýaşaýyş ýerlerini goldaýar. Bu ýeriniň ähmiýetine ykdysady tarapdan baha berilmeginiň netijesinde guşlaryň ýaşaýan ýeri hem-de iýmit şertleriniň bolmagy ABŞ-yň 3,8 mln dollaryndan gowrak baha berildi.

*Köpetdag goraghanasynyň syýahatçylyk zolaklary.* Gymmatlyklara çykdajylar usulyýeti (ulag – ýol çykdajylary) boýunça baha berlende bu ýeriniň häzirki syýahatçylyk gymmatynyň bahasynyň ýylda ABŞ-yň 30 000 dollaryna barbardygyny görkezdi. Şol bir wagtyň özünde syýahatçylygyň ösüşi üçin mümkinçilikler bar. Meýdanyň başga gymmatlyklaryny hem goşup, oňa şol usul bilen baha berip bolar.

*Köýtendag goraghanasynyň Kyrkgyz gowagy zyýaratçylaryň ýeri.* Dini we taryhy ýadygärlikleriň görnüp duran ykdysady bahasy ýok. Ýerli ýaşaýjylar üçin girdejilerden başga olaryň ruhy gymmatlygy bolup, ýadygärligiň barlygyna «tölemäge höwesjeňligini» görkezýärler. Ýöne, köplenç ýagdaýda ýadygärligiň we başga taryhy, medeni hem-de hat-da biodürlüligiň obýektleriniň bolmagynyň gymmatlylygy töweregindäki işlerden olaryň zaýalanmagyna getirjek ykdysady düşewüntden ep-esli geçýär.

*Köýtendag goraghanasynyň golaý meýdanlarynda arassa agyz suwy bilen üpjün edilmegine baha bermek.* Köýtendag döwlet goraghanasy tarapyndan dag derýajyklarynda gelýän suwa ýerli ilatyň baglylygyny goldanmagy 25-den 100% çenli ýa-da gije-gündiz 87,475 kub.m. Arassalaýan enjamyň öndürijiligi 5 kub.m, hasaplandy, suwy çykarmagyň başga görnüşleri (ýerasty suwlary almak we arassalamak) gije gündiz 1 kub.m., ýylda 1,2 amerikan dollary. Hyzmatyň umumy bahasy arassa suw bilen ilatyň üpjün edilmegi ýylda 102 346 amerikan dollary.



*Köpetdag,*
*Bakja derýajygy*



*Umbar dere şaglawugy, Köýtendag*



*Keski aýlagynda gyş aýlary*

Bu gollanma Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hökümet derejesinde karalary kabul edýän adamlar, şeýle hem döwlet pudagyna dahylsyz hünärmenler we giň jemgyýetçilik üçin niýetlenendir, olar biodürlüligiň ykdysady gymmatlygynyň ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmakda we habardar etmekde hem-de tebigy gymatlyklary durnukly peýdalanmak we gorap saklamak üçin göz öňünde tutulýan çärelere jemgyýetçiligiň bilimlerini çekmekde gural hökmünde hyzmat edýär.

Şeýlelikde ýerine ýetirilen işleriň netijeleri we geçirilen okuw maslahatlary Türkmenistanda tebigy hyzmatlaryň berilmeginiň möhümligini we ykdysady gymmatly tarapyny görkezýär. Ýurt derejesinde gymmatly tebigy baýlyk hökmünde esasy üns öri meýdanlara berilýär. Geçirilen seljermeleriň netijesinde öri meýdanlary durnukly ulanmagyň mehanizmleriniň işlenip düzülmegi we öri meýdanlaryň goralmagy boýunça maliýeleşdirilmeginiň täze görnüşlerini ornaşdyrmagyň we işläp taýýarlamagyň zerurlygy ýüze çykaryldy. Mysal üçin, öri meýdanlardan peýdalanylýanlygy üçin tölegler öri meýdan hojalyklarynyň durnukly dolandyrylmagynyň mehanizmlerini ornaşdyrmaga gönükdirilendir. Bu teklip-çyzgysyny tebigaty goramak meýdanlarynda hem ulanyp bolýar. Berlen bahalara laýyklykda goraghanalaryň berýän ekoulgam hyzmatlary bu hyzmatlary goldamakda çykarylýan çykdajylardan ep-esli artýar bu bolsa tebigaty goramak işleri üçin girdejileriň peýdasynyň amatly tarapyny kepillendirýär. Täze goraghanalary we milli seýilgähleri esaslandyrmak we gurnamak üçin ykdysady tarapdan baha berilmegini we goraghanalar tarapyndan alynýan hyzmatlaryň doly tükelleýiş işlerini geçirmek tebigy baýlyklara ykdysady tarapdan baha berlende kararlar kabul edilende işlere netijelerini ornaşdyrmak Türkmenistanyň ekoulgam hyzmatlarynyň geljekki işleriniň görnüşleri bolup hyzmat edýär.

**Ekologik wagyz-nesihat işleri we jemgyýetçiligiň habarlylygy**

Ekoulgamyň hyzmatlarynyň, biodürlüligiň we onuň durnukly peýdalanylmagynyň hem-de goralyp saklanylmagynyň möhümligi barada jemgyýetçiligiň habarlylygyny ýokarlandyrmak we goldamak üçin Türkmenistanda ähli derejede ýerine ýetirilýän tebigaty goramak çäreleriniň ähmiýeti bellärliklidir. Taslamalary işläp taýýarlamak bilen bir hatarda jemgyýetçiligiň habarlylygy ýokarlandyrmak we biodürlüligi hem-de ekoulgam hyzmatlaryň möhümligine olaryň düşünmegini üpjün etmek boýunça işler işjeň geçirilýär. Tebigaty goramakda jemgyýetçiligiň we meýletinleriň ünsüni çekmek boýunça durmuşa geçirilýän orta we uzak möhletleýin ekologik taslamalaryň/maksatnamalaryň, aksiýalaryň we tematiki çäreleriň we ýurtda bellenilýän ekologik senelere bagyşlanyp geçirilýän çäreleriň çäginde

tegelek stollaryň gurnalmagy, tematiki maslahatlaryň, konferensiýalaryň, forumlaryň geçirilmegi bilen milli teleýaýlymlarda ekologiýa gönükdirilen gepleşikleriň berilmegi bilen we KHBS makalalalary çapdan çykarmak arkaly amala aşyrylýar.

Ekologik bilim çäreleriniň gurnalmagynda we geçirilmeginde esasy guramaçylar we jogapkär düzüm TOHDGGM we tabynlygyndaky edaralar: Döwlet tebigy goraghanalary, ÇÖHDMI, şeýle hem tebigaty goramak jemgyýetçilik guramalary: Türkmenistanyň Awçylar we balykçylar bileleşen jemgyýeti (TABBJ), Türkmenistanyň Elguşlar milli jemgyýeti, Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýeti, «Tebigy kuwwat» we başgalar. ÝHHG-niň goldamagynda Orhus konwensiýasyny durmuşa geçirmek boýunça Merkez döredildi.



*Çagalaryň tomusky dynç alyş merkezlerinde tebigaty goramak okuw-sapaklary*



*Suw-batgalyk guşlaryň güni mynasybetli geçirilýän çäreler (Mergen meýdany)*

TOHDGGM Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygy we taslamalary utgaşdyryjy müdirligi Türkmenistanyň biodürlüligini gorap saklamak boýunça ministrligiň işleri barada jemgyýetçilige maglumatlaryt ýaýratmak üçin Internet we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, radio, teleýalymlar bilen özara hereketi üpjün edýär. Bulardam başga-da müdirlik ýörite internet-serişdesine maglumatlary, taýýarlaýar, ýaýardaýar, habar beriş maglumatlary ýerleşdirýär. TOHDGGM maslahatlary, tegelek stoly gurnaýar we geçirýär, golasty edaralaryň düzümindäki we işleri meňzeş ministrlikleriň we pudaklaryň we KHBS–iň wekilleri bilen duşuşyklary gurnaýar. Häzirki AGTÝ ählisinde diýen ýaly tebigat muzeýi döredildi, olaryň eksponatlary ýurtda geçirilýän göçme sergilerde görkezilýär we milli teleýaýlymlarda yzygiderli görkesilýär. Onlarça wagyz-nesihat beriji wideorolikler we gepleşikler düşürildi. Yzygiderli dürli suratlar bilen bezelen kitapçalar, maglumat beriji sahypalar çapdan çykarylýar.

Türkmenistanyň ýerli haýwanat dünýäsiniň görnüşleri barada jemgyýetçiligi habarly etmek we maglumatlary ýaýratmak üçin 2010-njy ýylda Aşgabatda Janly tebigatyň milli muzeýi guruldy we hereket edýär, onuň tutýan meýdany 40 ga golaý. Ol haýwanlary goramak boýunça guramanyň halkara standartlaryna we talaplaryna laýyklykda enjamlaşdyryldy. Janly muzeýde ýabany haýwanlaryň, öý haýwanlaryň, guşlaryň we süýrenijileriň, suwuň aşagynda ýaşaýan jandarlaryň jemi 250 görnüşi saklanýar, olaryň köpüsi Gyzyl kitaba girizilendir, şeýle hem öý haýwanlary öý guşlary hem saklanýar. Milli muzeýiň çäginde «Haýwanat dünýäsi» muzeýiniň jaýy ýerleşýär, onuň içinde Hazar deňziniň we dünýä okenalarynda ýaşaýan jandarlaryň akwariumda saklanýan görnüşleri hem bar.

Ýurduň biodürlüliginiň görnüşleriniň gory (kolleksiýasy) Türkmenistanyň döwlet medeni merkeziniň döwlet muzeýiniň tebigat we ülkäni öwreniş bölüminde ýerleşdirilendir. Muzeýiň kolleksiýasynda eksopnatlaryň (gäpleriň) 6099 sanysy bar, olardan 850 sanysy muzeýde

görkezilýär. Bölümiň gaznasynyň esasyny iň uly kolleksiýa Türkmenistanyň guşlary düzýär, jemi 17 otrýada, 319 görnüşi degişli 2719 sany eksponat bar. Türkmenistanyň ösümlik dünýäsine degişli gerbariýler hem aýratyn ähmiýete eýedir, 615 sany gerbariýler we dag jynslaryň we minerallaryň sany – 578 sany. Her ýylda kolleksiýa täze täsin görnüşler bilen baýlaşýar. Meýdan işleri geçirilip mör-möjekleriň we ösümlikleriň görnüşleriniý kolleksiýa sany artýar. Merkeziň tebigaty we ülkäni öwreniş bölüminiň iş meýilnamasynyň çäginde ylmy-barlag, bilim beriş, ylmy-usulyýet, sergi we wagyz-nesihat işleri geçirilýär we ekologik seneler bilen bagly çäreleri gurnamaga gatnaşýarlar. Şeýle hem, Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni, Guşlaryň Bütindünýä güni boýunça sergileri, ylmy maslahatlary gurnaýar, Türkmenistanyň alymlary bilen duşuşyklary we tanyşdyryş çärelerini geçirýär.

Bulardan başga-da, Aşgabatda öňki soýuz respublklarynyň çäginde iň bir irki, 1892-nji ýylda botanika stansiýasy hökmünde esaslandyrylan we soňra 1929-njy ýylda şäher botanika bagy statusyna eýe bolan S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen Oba hojalyk uniwersitetiniň botanika bagy hereket edýär we ol giň halk köpçüligi üçin açyk.

Türkmenistanyň tebigaty goramak jemgyýetçilik guramalary ekologik wagyz-nesihat çärelerini geçirmäge işjeň gatnaşýarlar. Türkmenistanyň Awçylar we balykçylar birleşen jemgyýetiniň (TABBJ) ýolbaşçylary tebigaty goramagy ýaýbaňlandyrmak üçin köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ulanýarlar, ýerli ilat bilen gürrüňdeşlik geçirýärler, aw düzgünlerini we usullaryny, olaryň düzgün bozulmalarynda jogapkärçiligini düşündirýärler. Awlanýan, ýagny guşlaryň, haýwanlaryň görnüşleri barada maglumatlary berýärler: milli Gyzyl kitaba girizilen görnüşler barada, «gyzyl kitap» derejesi bolmadyk ýöne tutmak gadagan edilen görnüşler barada; aw düzgünlerini we aw däpleriniň ähmiýetini düşündirýärler. Her aýda aw boýunça tehniki howpsuzlygyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmegi we berjaý edilmegi boýunça jemgyýetçilik inspektorlary we awçylar bilen okuw-usulyýet sapagyny geçýärler, awlag meýdanlarynda haýwanlary aýap saklamak we goramak meseleleri boýunça ilatyň, balykçylaryň we awçylaryň arasynda düşündiriş işlerini amala aşyrýarlar. Ýörite iş meýilnamalary boýunça tälim-sapak beriji okuwlary we awlag meýdanlara barmak bilen, awçylaryň arasynda maslahatlary geçirýärler. Jemgyýetiň yzygiderlilikde 4 ýyldan 1 gezek mejlisi geçirilýär, onda meseleler, ýetilen üstünlikler ara-alnyp maslahatlaşylýar, tejribe alyşmak dowam edýär we geljek ýerine ýetiriljek meýilnamalar kesgitlenýär (sowallaryň materallary). Gonup-göçýän guşlar boýunça ýylyň dowamynda gözegçilik işlerini alyp barmak üçin awçylary, balykçylary, jemgyýetçilik gözegçileri, şeýle hem ýerli ilaty çekmek boýunça çäreler durmuşa geçirilýär.

Maksatlaýyn wezipäni ýerine ýetirmäge ýardam berýän ýurtda kabul edilen başga çäreler:

Her hepdäniň şenbe günleri «Altyn asyr» merkezi ýaýlymynda «Daşky gurşawyň saşlaşygy» atly milli dilde gepleşigi berilýär, bu gepleşige goraghanalaryň ylmy bölümleri we daşky gurşawy goramak welaýat müdirlikleriň işgärleri gatnaşyp «tegelek stol» gurnalýar.

«Türkmenistan» teleýaýlymy boýunça yzygiderli «Türkmenistanyň tebigaty» gepleşigi berilýär, ýurdyň tebigy ekoulgamlary we goraghanalary barada maglumatlar berilýär, wideoşekiller görkezilýär. Teleýaýlymda gepleşikler 7 dilde berilýär.

Daşky gurşaw we biodürlülik meseleleri barada KHBS (milli dilde-Türkmenistan gazeti, rus dilinde – «Нейтральный Туркменистан») yzygiderlilikde makalalar çapdan çykarylýar.

2013-nji ýyldan bäri biodürlüligi gorap saklamagyň, onuň düzüm böleklerini rejeli peýdalanmagyň meselelerigiňden ýaýbaňlandyrylýan «Ekologiýa medeniýeti we daşky gurşawy goramak» ylmy-çeper žurnaly üç dilde her çärýekde çapdan çykarylýar.

Dürli halkara taslamalaryň çäginde tebigaty goramak aksiýalaryny, surat sergilerini gurnamak, şeýle hem çagalaryň tebigat barada çekýän suratlarynyň bäsleşikleri barada bildirişler berilýär.

Ramsar konwensiýasyny ýerine ýetirmegiň çäginde her ýylda 2-nji fewralda Suw-batgalyk ýerleriň güni bellenilýär. 2018-nji ýyl: «Şäherleriň suw-batgalyk ýerleri, olaryň ýaşaýyş ukyplylygyny üpjün edýär» şygar bilen geçdi. Ramsar konwensiýasy boýunça işçi toparyň we Merkezi Aziýanyň Sebitara Ramsar Başlangyçlarynyň (MA SRB) bilermenleri Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy ş., şeýle hem Aşgabat ş. – Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynda we Türkmenistanyň awçylar we balykçylar birleşen jemgyýetiniň edara jaýynda gyzyklanýan taraplaryň, ylmy işgärleriň, jemgyýetçiligiň, okuwçylaryň we mugallymlaryň gatnaşmagyna tegelek stollary gurnadylar.

22-nji maý – Biodürlüligiň halkara gününde ÇÖHDMI we goraghanalaryň işgärleriniň hem-de biodürlülik boýunça milli bilermenleriň gatnaşmagynda ýurdyň ÝOM we orta mekdeplerinde ekologik aksiýalar geçirilýär, KHBS-da makalalar çapdan çykarylýar.

5-nji iýun – Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni, ýurtda bu baýramçylyk güni her ýylda halkara ekspertleriň gatnaşmagynda maslahatlar geçirilýär, ekologik aksiýalar, surat sergileri gurnalýar.

Çölleşmäge garşy göreşmegiň halkara güni – 17-nji iýun, KHBS makalalar çapdan çykarylýar, tegelek stollar gurnalýar.

2006-njy ýyldan başlap 12-nji awgustda Tähran konwensiýasynyň güýje giren gününden ýurtda Hazar güni geçirilýär, bu Hazar barada ekologik bilimleri ýaýratmaga gönükdirilen çärelere giň halk köpçüligine gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

16 – njy sentýabr. Ozon gatlagyny goramak hakyndaky ýerine ýetirilýän konwensiýanyň çäginde Türkmenistanyň Ozon merkeziniň işgärleriniň güýji bilen her ýylda Ozon gatlagyny goramagyň halkara güni bellenilýär.

Daşky gurşawy goramak we biodürlüligi gorap saklamak babatda ýurtda gurnalýan halkara çäreler barada kararlary kabul edýän adamlaryň habarlylygyny ýokarlandyrmak we olary bu işlere çekmek hereket edýän esasy gurallaryň biri bolup hyzmat edýär. Olaryň içinde soňky iki ýylyň içinde geçirilen işlerden şu aşakdakylary görkezmek bolar:

2017-nji ýylyň 5–8-nji iýunynda Aşgabatda Merkezi Aziýa sebitara ekologik merkezi (MASEM) bilen hyzmatdaşlykda ilkinji gezek Merkezi Aziýa ekologik forumy geçirildi. Ekoforumyň çäginde DÖSK dolandyryş maslahaty, MASEM-iň Dolandyryş geňeşiniň we jemgyýetçilik maslahaty geňeşiniň nobatdaky mejlisleri geçirildi, şeýle hem bu mejlisde daşky gurşawy goramak boýunça daşary ýurtdan KHBS wekillleriniň gatnaşmagynda «tegelek stollar» gurnaldy we Merkezi Aziýa döwletleriniň Suw hojalyk döwlet Işçi toparlarynyň duşuşygy boldy.

2017-nji ýylyň 13–14-nji noýabrynda Türkmenistanda ÝHHG Merkezi TOHDGGM bilen hyzmatdaşlykda «Galyndylary netijeli dolandyrmak» sebitara maslahatyny geçirdiler, onuň işine milli we daşary ýurtly bilermenlerden 70-den gowrak adam gatnaşdy.

2017-nji ýylyň 13–14-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýardam bermeginde Merkez Aziýada Sebitara ekologik merkeziň (MASEM) we Araly halas etmek boýunça Halkara Gaznasynyň (AHEHG) Ýerine ýetiriji komitetiniň gurnamagynda Aşgabat ş. «Merkzei Aziýada suw baýlyklaryny dolandyrmak we durnukly ösdürmek babatda hyzmatdaşlyk» atly mejlisi geçirildi. AHEHG ýerine ýetiriji komitetiniň mejlisiniň çäginde sebitde we Türkmenistanda bilelikde birnäçe taslamalaryň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutmak bilen, Ykdysady huzmatdaşlyk boýunça Germaniýa jemgyýetiniň (GIZ) we Merkezi Aziýa sebitara ekologik merkezi (MASEM) bilen özara düşünişmek hakynda ylalaşyklara gol çekildi.

2017-nji ýylyň 23–24-nji noýabrynda Aşgabat ş. M. Zukkow gaznasy bilen hyzmatdaşlykda we «Howanyň üýtgemegine uýgunlaşma hökmünde ýerli ilatyň durmuşyny gowulandyrmak üçin Amyderýa zolagynyň ýer we tokaý baýlyklaryny dolandyrmaga ekoulgamlaýyn çemeleşmek» boýunça ýerine ýetirilýän taslamasynyň çäginde «Ýer we tokaý baýlyklaryny durnukly dolandyrmak» barada sebitara maslahaty geçirildi.

2018-nji ýylyň 11–12-nji noýabrynda Aşgabat ş. Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň (TTGJ) 50 ýyllygyna bagyşlanan Halkara ylmy maslahaty gurnaldy. Maslahata Tebigaty goramagyň halkara bileleşigi (TGHB), Ýabany tebigatyň bütin dünýä gaznasy (WWF), M. Zukkow gaznasyndan, Tebigatyň barlaglary boýunça Kembrij uniwersitetinden, Tebigat barlaglary boýunça Norwegiýanyň institutyndan, Raýatlyk Jemgyýetini ösdürmeklik assosiýasyndan (RJÖA) we başga guramalardan wekiller gatnaşdylar. Maslahatyň maksady – ýarym asyrdan gowrak döwürde AGTÝ boýunça gazanylan üstünlikler barada jemgyýetçiligi habarly etmek, ekologik meseleleri ara-alyp maslahatlaşmak we tebigaty goramakda jemgyýetçilik we halkara guramalary bilen aragatnaşyklary işjeňleşdirmekden ybaratdyr.




*Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýetiniň (TTGJ) döredilmeginiň 50 ýyllygyna bagyşlanan Halkara ylmy maslahatyndan surat*

**Kabul edilen çäreler bilen bagly bökdençliker we ylmy hem-de tehniki talaplar**

Türkmenistanda ýeterliksiz özleşdirilen ekoulgam hyzmatlarynyň möhümligi we gymmatlygy geljekde ýurdyň durnukly ösüşi üçin olaryň goralyp saklanmagynyň zerurlygyny görkezýär. BGMSHM–2 taslamada biodürlüligi dolandyrmakda maýa goýumlaryň girdejilerini we çykdajylaryny görkezmek üçin ýurt derejede ykdysady maglumatlary toplamak we olary seljermek üçin halkara hünärmenleriň goldaw bermeginde milli hünärmenleri çekmek meýilnamalaşdyryldy. Şol bir wagtda ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklary bilen möhüm aragatnaşygy ýola goýmak bilen we baha berilmegini geçirmek üçin ýurdyň içinde mümkinçilikler döredilmelidir.

Şonuň üçin zerur maglumatlar we olary seljermek elýeterli bolmaly, bu biodürlüligiň anyk mysallaryna baha bermek arkaly pudaklaýyn meýilnamalaşdyrylanda biodürlüligi hasaba almak işine ýardam bermäge mümkinçilik döreder. Bu işlerde şu anyk ädimler göz öňünde tutulmaly:

- biodürlüligiň we ekoulgamyň gymmatlygy boýunça häzirki wagtdaky ýerli, milli, sebitleýin, ähliumumy barlaglaryň esasynda ýurdyň çäginde möhüm ekoulgam hyzmatlarynyň köp taraply ähmiýetini ýüze çykarmak we baha bermek, şol sanda ekoulgamlaryň we biodürlüligiň ykdysady gymmatlygyna milli derejede baha bermegiň netijesini, goralýan ýerlere baha bermek we beýleki geçirilen milli ekoulgam (mysal üçin, suw, uglerod) barlaglaryny we häzirki bar ähliumumy we sebitleýin wezipeleri, şeýle hem tutuşlygyna möhüm ekoulgam hyzmatlary goşmak bilen;
- ýurdyň içindäki dürli gyzyklanýan toparlar üçin bu hyzmatlaryň ýetirýän amatsyz täsirlerini kesgitlemek, şol sanda kim bu ekoulgam hyzmatlaryň goldanmagyna töleýär we peýdalanýar we durnuksyz peýdalanmak ýoly bilen ekoulgamlaryň zaýalanmagyna ýardam edýärler;
- möhüm ekoulgam hyzmatlarynyň ähmiýetini görkezmek we baha bermek (degişli her bir hyzmata usullaryň kömegi bilen), şol sanda klimatyň durnuklylygy, uýgunlaşmak we amatsyz netijelerini gowşatmak üçin ekoulgam hyzmatlaryň ähmiýetini; garyplyk möçberini kemeltmek we ýaşamak üçin çeşmeler bilen üpjün etmek;
- bu iş ekoulgam hyzmatlaryna maksadalaýyk gönükdirilen gymmatly serişdeleriň toplanmagynyň mümkinçiliklerini kesgitleýär, şol sanda syýasatyň ýoly bilen – ekoulgam hyzmatlaryna tölegler ýaly we başga ygtybarly höweslendirmeleriň toplanmagy ýerliklidir.

Ýöne BGMSHM–2 işlenip düzülende ekoulgam hyzmatlary we zerur çeşmeleri ugrukdyrmak meseleleri işlenip taýýarlananda birnäçe gyzyklanýan taraplary çekmek ýeterliksiz boldy. Täzelenen strategiýa heniz hem tassyklanmadyk resminamalygyna galýar, şonuň üçin hem gyzyklanýan guramalar tarapyndan, aýratyn hem tebigaty goramak pudagyndan beýleki taraplar ony ýerine ýetirmekde düýpli tagallalary we giňden kabul edilmegini üpjün edip bilmeýärler.

Bulardan hem başga, biodürlüligiň meselelerine giň jemgyýetçiligi we maksatly toparlary çekmegiň ýeterliksizligi, esasan hem ykdysadyýetiň girdejili we önümçilik pudaklaryndan maliýe üpjünçiliginiň ýeterliksiz bolmagy adamyň ýaşaýşy we birnäçe ykdysady pudagyň durnukly goldanmagy üçin biodürlüligiň möhümligine düşünmegiň we habarlylygyň ýeterliksiz bolmagynyň esasy sebäpleridir.

# 4. AÝTIDE KABUL EDILEN BIODÜRLÜLIGI GORAP SAKLAMAK WE PEÝDALANMAK BOÝUNÇA DÜNÝÄ ÄHMIÝETLI MAKSATLAÝYN WEZIPELERI ÝERINE ÝETIRMEKDE MILLI GOŞANDYŇ BEÝANY

Şeýlelikde BGMSHM – 2 taslamasynda diňe 13 sany ileri tutulýan maksatlaýyn wezipeler saýlandy we Aýtiniň galan ähliumumy maksatlaýyn wezipelerine laýyklykda milli maksatlaýyn wezipeleri işlenip taýýarlanylmady. Bu bölümde Aýtiniň maksatlaýyn wezipelerine meňzeş durmuşa geçirilýän çäreler barada maglumatlar berilýär. Bular Aýtiniň şu aşakdaky maksatlaýyn wezipeleri: 9;10; 11; 12; 13; 16; 18 we 19.

## 4.1. 9-njy maksatlaýyn wezipe. 2023-nji ýyla çenli ýat görnüşler we olaryň aralaşmagynyň esasy ýollary kesgitlendi we toparlara bölündi, esasy görnüşler kadalaşdyrylýar ýa-da ýok edilýär, olaryň ornaşdyrylmagynyň ýa-da getirilmeginiň öňüni almak üçin olaryň aralaşýan ýollaryny kadalaşdyrmak boýunça çäreler geçirilýär

Türkmenistan we islendik başga ýurtlar üçin ýat görnüşleriň aralaşmagy ekologiýa we ykdysady howpsuzlyk, şeýle hem ilatyň saglygy bilen gönüden-göni baglydyr. Häzirki wagtda ýurtda ýat görnüşleriň aralaşmagy boýunça maglumatlary ýygnamak ulgamy we olar boýunça maksada gönükdirilen barlaglar, şeýle hem olaryň doly sanawy, ýaýraýyş depgini, ýaýrawynyň tutýan çägi belli däl we olaryň gözegçliligi boýunça haýsydyr bir bütewi ulgam ýok. Ýerli ösümik we haýwanat dünýäsine ýetirýän täsirleriniň ykdysady zyýanynyň we netijeleriniň möçberi hem-de häsiýetlerine baha bermek taraplary kesgitlenmedik. Gynansak-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bu mesele boýunça işlenip taýýarlanan resminamalar heniz ýeterliksiz.

Häzirki bar maglumatlar boýunça alnanda, Türkmenistanyň faunasynyň adwentiw häsiýetli (getirilen, aralaşan) möhüm ýat görnüşleri: oňurgaly haýwanlaryň 25 we oňurgasyzlaryň hem 32 görnüşiniň sanawy düzülen, olaryň 24-sinde inwaziw häsiýet aýan edilen. Guşlaryň arasynda aýratyn-da hindi sary ýa-da meýneguş *(Acridotheres tristis)* we halkaly gumry *(Streptopelia decaocto)*, balyklardan – koreý garynlyjasy *(Hemiculter leucisculus)*, amur ýa-da derýa abbotinasy *(Abbotina rivularis)*, menekli bükür balyk *(Rhodeus ocellatus)*, üçiňňeli sanjar balyk *(Gasterosteus aculeatus)* we başgalar has agressiw aralaşmak bilen ýerli görnüşleri gysyp çykarýarlar. Oňurgasyzlaryň arasynda inwasiw häsiýet murtaýak leňňeçjikde *(Balanus improvisus)* we iýmit bäsleşiginde balyklaryň köpçülikleýin tutulýan promysel ähmiýetli görnüşlerini gysyp çykarýan gidrobiont küreklije-mnemiopsis *(Mnemiopsis leidyi)* ýüze çykaryldy. Hazaryň tutuş deňiz ekoulgamyny biologik hapalaýjy ýat görnüş hökmünde, mnemiopsis külke balyklaryň we beýleki görnüşleriň sanynyň azalmagynyň esasy sebäpleriniň biri hasaplanýar. Şol bir wagtda hem, iýmit babatda esasy bäsdeş bolan balyklaryň çakdan aşa köp tutulmagy netijesinde Hazar deňzinde mnemiopsis üçin ekologik tagçanyň (ýaşaýyş ýeriniň) – amatly şertleriň dörän bolmagy-da ähtimal. Fitofag mör-möjekleriň arasynda şitilhana *(Trialeurodes vaporariorum)*, gowaça akganatlyjalarynyň *(Bemisia tabaci)*, gawun siňeginiň *(Myiopardalis [Carpomyia] pardalina)*, Komstogyň unjumak gurçugynyň *(Pseudococcus comstocki)* we beýleki görnüşleriň ýaýramagy uly howp döredýär. Ýaprak köwüji güýeleriň we bag garynjasynyň *(Lasius neglectus)* hem inwaziw häsiýetleri bellidir.

Türkmenistanda ýat görnüşleri we olaryň gözegçiligini geçirmek boýunça işleri amala aşyrmak üçin belli bir mümkinçilikler bar, ýöne biologiki ýat görnüşleriň meseleleri bilen meşgullanýan ýörite institusional bölümler (laboratoriýa, tehniki toparlar) ýok. Şeýle bolsa-da ösümlikleriň karantin keselleriniň we zyýankeşleriniň topary, şeýle hem oba hojalyk ekinleriniň mör-möjekleri-zyýankeşleri boýunça döwlet gözegçiligi dowam edýär. Tähran konwensiýasynyň talaplaryny ýerine ýetirmegiň çäginde küreklije boýunça gözegçilik işleri alnyp barylýar we Hazar deňzinde ikinji (adamyň hojalyk işiniň netijesinde) derejede ýaýran ýaýrawunyň tutýan meýdanyny azaltmaga we sanyny peseltmäge gönükdirilen çäreler işlenip düzülýär.

Türkmenistan ÇITES-iň Tarapyna girmeýär, şeýle bolsa-da aralaşýan ýat görnüşler we olara gözegçilik etmek boýunça maglumatlary toplamakda esasy mehanizm bolup hyzmat edýär.

Şeýlelik-de ýurtda ýat görnüşler boýunça deslapky öňüni almagyň milli ulgamynyň döredilmeginiň zerurlygy ýüze çykýar.Ol şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ýat görnüşler boýunça merkez;
- ýat görnüşleriň ýollary boýunça gözegçilik ulgamy;
- ýat görnüşleriň aralaşmak ýagdaýy barada maglumatlary toplamagyň, olary işlemegiň we saklamagyň ulgamy;
- haýwanlaryň we ösümlikleriň zyýanly ýat görnüşleriniň sanyny kadalaşdyrmak, kararlary kabul etmek, gözegçilik, olara baha bermek boýunça kadalaşdyryş-hukuk mehanizmleri;
- muzeý we gerbariý nusgalyklaryny görkezmegiň we saklamagyň ulgamy.

Deslapky öňünden duýduruş ulgamy bu öňüni alyş çärelerini (karantin, göreş usullary, hojalyk işlerini kadalaşdyrylmagy) işläp taýýarlamak üçin aýratyn ýat görnüşleriň (esasan hem has zyýanly) geljekde ýüze çykmagyny, ýaýramagyny, uýgunlaşmagyny çaklamakdan ybaratdyr; biodürlülik (toplumlaryň düzüminiň üýtgemegi, garyplaşmagy we başg.) üçin ýat görnüşleriň aralaşmagy bilen dörejek ýaramaz täsirlere baha bermek we ýat görnüşleri başlangyç tapgyrynda ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

## 4.2. 10-njy maksatlaýyn wezipe. Bütewiligini we kadaly hereketini goldamak maksady bilen, 2015-nji ýyla çenli howanyň üýtgemegi ýa-da ummanlaryň suwunyň turşamak hadysasynyň täsirine sezewar bolýan merjen adalaryna we beýleki durnuksyz ekoulgamlara adamyň işjeňliginiň (antropogen) köpsanly täsirleri iň pes derejä çenli azaldyla

Türkmenistanyň howa şertleri Merkezi Aziýa sebitinde iň gazaply howa şertleriniň biridir. Bu ýerde ýurdumyzda howanyň iň ýokary ýyllyk derejesi we ygallaryň iň pes derejesi bellenýär. Soňky ýyllarda howanyň ýylylyk derejesiniň durnukly ýokarlanmagy, gije-gündiziň dowamynda howanyň çalt üýtgemegi bolup geçýär: howanyň iň ýokary ýylylyk derejeleri ýokarlanýar, iň pes derejeleri pese düşýär. Ýarymýyllyk gyzgynlyk howa üçin aram we epgekli gurak howanyň netijesinde ýygy-ýygydan gaýtalanýan atmosfera gurakçylygy bilen häsiýetlendirilýär. Gyşy durnuksyz we üýtgäp durýan howanyň bolmagy bilen, şeýle hem bu ýerde ýokary temperaturadan we pes temperatura ýygy-ýygydan geçmegi bilen tapawutlanýar, esasan hem bu ýagdaýlar demirgazyk böleginde gabat gelýär.

Türkmenistan – gurakçylygyň örän köp hasaba alynýan ýurdy we şonuň bilen baglylykda onuň 80% meýdany Garagum çölüni eýeleýär we bu örän möhüm mesele bolup degişli çäreleriň kabul edilmegini talap edýär. Gurak ýyllary öri meýdanlaryň ösümlikleri ortaça ýyllyk maglumatlar boýunça hasaba alnan möhletinden öň guraýar, şeýle hem hasyllylygy 50–70% pese düşýär. Suw joşmalarynyň we sil suwlarynyň akymlary tiz bolup geçýän tebigy hadysa bolsa-da uly zeperleri döretmek bilen ykdysady tarapdan uly zyýanyny ýetirýär. 229 sany hemişelik we wagtlaýyn suw akymlaryna gözegçilik geçirildi. Sil akymy howply derýajyklar esasan hem Köpetdagda ýerleşýär. 100 ýyldan hem gowrak döwürde Köpetdagdaky hasaba alnan çeşmelerdir, derýajyklaryň we başga suw akymlaryň, 80 sanysyndan 1500 gezek sil akymlary geldi, şonuň 87% ir ýaz aýlary yzygiderli çabganyň netijesinde döreýär. Antropogen täsirler ekoulgamyň üýtgemegine we taryhda görlüp eşdilmedik depginde biodürlüligiň ýitirilmegine getirýär. Bu gün adamlar adamzadyň başga islendik taryhy döwri bilen deňeşdirilende ekoulgamy örän çaltlyk we uly möçberde üýtgedýärler. «Müňýyllykaryň bosagasynda ekoulgama baha bermek» hasabatyň netijelerine laýyklykda ekoulgamyň saglygyna we adamyň abadançylygynyň, klimatyň üýtgemeginiň arasyndaky özara gatnaşyklara toplumlaýyn baha bermekden ybaratdyr, şu asyryň ahyryna çenli biodürlüligiň ýitirilmegine sebäp bolýan esasy göni mehanizmleriň bolmagy ähtimal. Klimatyň üýtgemeginiň çaklamalary bilen bilekide ýerden peýdalanylmagynyň üýtgemegi ýa-da ýat görnüşleriň aralaşmagy bilen käbir görnüşleriň göçmek mümkinçiliklerini çäklendirmegi we görnüşleriň ýitmek ýagdaýyny çaltlandyrmagy ähtimal.

Ýöne şol bir wagtda, biodürlüligiň gorap saklanmagyny gowulandyrmak bilen klimatyň üýtgemegi bilen ýetýän täsirleri gowşatmaga we olara uýgunlaşmaga birnäçe mümkinçilikler bar. Biodürlülik bilen klimatyň üýtgemeginiň arasyndaky gatnaşyk iki taparlaýyn häsiýete eýedir: klimatyň üýtgemegi biodürlülige howp abandyrýar, biodürlülik bolsa klimatyň üýtgemegi bilen ýetýän ýaramaz täsirleri azaltmagy mümkin. Klimatyň üýtgemegi bilen biodürlüligiň görnüş düzümine ýetýän täsirler şeýle ýüze çykýar: görnüşleriň ýaýramagynyň üýtgemegi, görnüşleriň ýitmek depgininiň güýçlenmegi, köpeliş ýagdaýynyň üýtgemegi we ösümlikleriň ösüş tapgyrynyň dowamlylygynyň üýtgemegi. Käbir görnüşler klimatyň üýtgeýän täsirlerine aýratyn ejiz bolup olara eýýäm ýitmek howpy abanýar.

Biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak jähtinden oňa ýetýän amatsyz täsirlere uýgunlaşmak we gowşatmak strategiýalaryny kabul etmek ýoly bilen ekoulgamlara adamyň işjeňliginden (antropogen) we tebigy täsirlerden ýetýän howplaryň öňüni almak

hem-de ekoulgamlaryň möhümliginiň durnuklylygyny goldamak bolar. Biodürlülige ýetirilýän netijeler zyňyndy gazlaryň çeşmelerini azaltmak ýa-da uglerodyň siňdirilmegini güýçlendirmek maksady bilen adamyň täsiri hökmünde kesgitlenýär. Şonda klimatyň üýtgemegine amatsyz täsirleri gowşatmaga we amatly mümkinçilikleri peýdalanmaga tebigy we antropogen ulgamlaryň howanyň täsirine uýgunlaşmagy hökmünde düşünilýär.

Klimatyň üýtgemeginiň täsirini gowşatmaga ýa-da ol täsirlere uýgunlaşmaga ýardam berýän işleriň görnüşleri boýunça ynha birnäçe mysallar: tebigy ekoulgamlaryň goldanmagy we dikeldilmegi; ekoulgam hyzmatlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we goramak; ýitip barýan görnüşleriň ýaşaýan ýerlerini goldamak; klimatyň üýtgemeginiň çaklanmagyny hasaba almak bilen goraghanalary, gorag zolaklary, gury ýer, süýji suw we deňiz ulgamlarynyň goralýan meýdanlaryny döretmek.

Klimatyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasynda (2012ý.) klimatyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan pudaklary we ileri tutulýan ugurlary hökmünde suw we oba hojalygyna, ilatyň saglygyna, topraga we ýer baýlyklaryna, ekoulgamlara (ösümlik we haýwanat dünýäsi) we tokaý hojalygyna, howply tebigy hadysalara seredilýar.

Suw serişdelerini rejeli peýdalanmak we gorap saklamak meseleleri tutuş halk hojalygy we tebigy ekoulgamlary gorap saklamak üçin klimatyň üýtgeýän şertlerine uýgunlaşdyrylmagy wajypdyr. Bu babatda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň bellemek bolar. Bu sebitde düzlük we çöl meýdanlaryň ekologik ýagdaýlaryny gowulandyrmaga ýardam berýän uly zeýakaba- zeý suwlarynyň we şor suwlarynyň ýygnanýan howdanydyr. Her ýylda bu köle duzly zeýkeş suwlaryň millardlarça kubometri akdyrylar, bu bolsa ähli sebitlerde suwarymly ýerleriň meliorativ ýagdaýyny düýpli gowulandyrmaga, topragyň şorlaşmagy, batgalaşmagy we gurakçylyk bilen bagly meseleleri çözmäge ýardam eder. Kölüň zeýakabalarynda balyklar, suw-batgalyk guşlary ýaşaýar, daş-töwereginde käbir süýdemdiriji haýwanlaryň görnüşleri duş gelýär, birnäçe çyglylyk halaýan ösümlikler ösýär. Bir tarapdan çöl zolagyň biodürlüligi baýlaşdy, beýleki tarapdan bolsa, başga görnüşleriň ýaşamagy we arealynyň giňemegi üçin amatly şertler döredildi. Şeýlelikde, ýurtda suwyň ätiýaçlyk gory döredilip, tebigy süzülmegiň we häzirki zaman tehnologiýalary peýdalanmagyň kömegi bilen ony oba hojalyk toplumynyň zerurlyklary – suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, zeý suwlaryny ekin meýdanlardan çykarmak, täze ýerleri özleşdirmek, öri meýdanlaryny giňeltmek, şeýle hem, tokaý zolaklaryny suwarmak, tehniki zerurlyklar üçin peýdalanmak bolar. Bu maksatlar üçin «Altyn asyr» Türkmen kölüniň mümkinçiliklerini ulanmak meseläni çözmegi ýeňilleşdirer. Onuň täsiri bilen 15 mln/ga meýdana (örüleriň umumy territoriýasynyň 40%-i) ýetýär. Köl öri meýdanlaryň iýmitlik goruny ep-esli gowulandyrmaga we howa şertleriniň (ilki bilen gurakçylygyň) ösümlikleriň hasylyna ýetirýän amatsyz täsirlerini gowşatmaga ýardam berer. Tutuşlygyna alnanda, ýurdyň oba hojalyk pudagyny durnukly ösýän maldarçylyk pudagyna öwürmäge mümkinçilik berer.

Günorta-gündogar Hazaryň – Türkmenbaşy, Demirgazyk – Çeleken, Balkan, Mihaýlow we Türkmen aýlaglarynyň kenarýakalary, şeýle hem Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek we Garagum derýalarynyň we olaryň täsiri ýetýän zolaklaryndaky suw howdanlary we köller suw-batgalyk ýerler bolup suwda ýüzýän we suwa golaý ýaşaýan guşlar, esasan hem olaryň göçüp-gonýan we gyşlaýan döwürleri uly ähmiýete eýedir. Hazar deňziniň kenraýakasynda suw batgalyk guşlaryň gyşky hasaby boýunça alnan maglumatlara salgylansak, bu ýerde gyşlaýan guşlaryň mukdarynyň azalandygyny, şeýle hem ähli ýerde olaryň sanynyň azlandygyny görkezýär. Şol bir wa gtyň özünde soňky 20 ýylyň içinde sebit üçin täze görnüşleriň hasabyna biodürlüligi örän baýlaşdy, täze görnüşlerden: Uly çalymtyl çarlak *(Larus hyperboreus)*, uzynguýruk gögümtil jikjiki *(Stercorarius longicaqudus)*, gyzylbaşly togan *(Lanius senator)*, paltatumşuk *(Uragus sibiricus)*, ak torgaý *(Calcarius lapponicus)*, akegin süleçi *(Emberiza auriola)* hasaba alyndy (Şerbina 2013).

Çöl zolagynda klimatyň aýratynlygy ýerdäki haýwanlaryň özüni alyp barşyna ep-esli täsirini ýetirýär, bu daşky gurşawyň üýtgemegine görnüşleriň uýgunlaşmagynyň iň bir başarnykly ulgamydyr. Geçirilen gözegçilikleriň netijesi klimatyň üýtgeýän bu tapgyrynda haýwanat dünýäsiniň wekilleri, esasan hem has «çalasyn» – guşlar, ösümlikler bilen deňeşdirilende onuň ýaramaz täsirlerine gowy uýgunlaşýar.

Çäge-çöl we dag şertlerinde klimatyň üýtgemegine netijeli uýgunlaşdyrylan çäreleriň hataryna tokaý dikeldiş işlerini bellemek bolar. Tebigy tokaýlary dikeltmek boýunça taslamalaryň işlenip taýýarlanylmagy we amala aşyrylmagy zerurdyr. Durnukly ösüşiň ähliumumy maksatlaryny we Klimatyň üýtgemegi boýunça milli strategiýany durmuşa geçirmek üçin 2020-nji ýyla çenli döwri öz içine alýan Milli tokaý maksatnamasy 2013-nji ýylda işlenip taýýarlanyldy we kabul edildi. Türkmenistanyň döwlet maksatnamalarynda çöl meýdanlarynda tokaý dikeldiş işleriniň geçirmek, suw baýlyklaryny goramak boýunça wezipelere ilkinji derejede üns berildi. Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy tebigy tokaýlary gorap saklamak we olaryň meýdanlaryny giňeltmek, şeýle hem emeli tokaýlary döretmek boýunça möhüm ähmiýete eýedigi bellenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň 5-nji bölümi şeýle atlandyrylýar: «Tebigaty goramak we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak klimatyň ähliumumy möçberinde üýtgemegine garşy göreşmek» ol ýurdyň daşky gurşawy goramak meselelerine doly bagyşlanýar. Bu ýerde suwdan rejeli peýdalanmak, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, kärhanalary häzirki zaman derejelerine ýetirip, dünýä standartlaryna gabat getirmek bilen bir hatarda aýratyn goralýan tebigy ýerleriň kämilleşdirilmegini goşmak bilen biodürlüligi gorap saklamak (şol sanda Garagum çöliniň) meselelerine aýratyn üns berildi.

Şeýle hem, klimatyň üýtgemegi bilen ýetýän amatsyz täsirlere uýgunlaşmak maksady bilen kabul edilen Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynyň doly durmuşa geçirilmegine, AGTÝ gaýtadan gurnamak tokaý meýdanlaryny giňeltmäge gönükdirilen hukuk, ykdysady, guramaçylyk-tehniki çäreleri durmuşa geçirmäge, şeýle hem, klimatyň üýtgemegi bilen ýetýän ýaramaz täsirlere garşy çärelerini işläp taýýarlamak we uýgunlaşmak boýunça Milli ykdysady hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamaga we ýerine ýetirmäge gönükdirilen işler geçirilýär.

Klimatyň üýtgemegi boýunça durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň Milli strategiýasynda (2012 ý.) klimatyň üýtgemeginde topragyň we ýer baýlyklarynyň uýgunlaşmagy babatda topragyň we ýer serişdeleriniň doly tükellemesini geçirmek; topragyň şorlaşmagyna, öri meýdanlarynyň zaýalanmagyna we çölleşmegine garşy göreşmek boýunça çäreler göz öňünde tutuldy.

Ýurdumyzy 2011–2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda çölleşmäge garşy göreşmek, ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak boýunça çäreler göz öňünde tutuldy, bu bolsa tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmakda ýardam berýändigini we ilatyň durmuş-ykdysady abadançylygynyň üpjün edilýändigini kepillendirýär. Aýratyn hem, Milli maksatnamanyň maksatlarynyň biri hem ilatly ýerleriň, esasan hem oba ýerleriniň ýaşaýjylaryny tebigy gaz bilen üpjün edilmegidir, bu bolsa öz gezeginde dag we çöl öri meýdanlarynda agaç-gyrymsy agaç ösümlikleriniň ýuwaş-ýuwaşdan dikeldilmegine uly ýardam berer.

### 4.3. 12-nji maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli howp abanýan belli görnüşleriň ýitmeginiň öňi alnar, olaryň, hususan-da, sany has azalýan görnüşleriň goralyp saklanmak derejesi goldanylar we gowulanar

Türkmenistanyň çäginde oňurgaly haýwanlaryň 777 görnüşi ýaşaýar, şol sanda süýdemdirijiler – 105 görnüş, guşlar – 436 (olardan oturymly 70, göçüp-gonýan höwürtgeleýän 181, göçüp-gonýan 71, göçüp-gonýan gyşlaýan 75, uçup geçýän 39, ýerde-suwda ýaşaýanlaryň we süýrenijileriň görnüş we aşaky görnüş sany – 100, balyklar – 135 (görnüşler we aşaky görnüşler) we tegelek agyzlylar – 1 görnüş. Şeýle hem, oňurgasyz haýwanlaryň 12 müňe golaý görnüşi duş gelýär, şol sanda 8 müň görnüşi mör-möjeklere degişlidir.

Türkmenistanyň Milli Gyzyl kitabynyň üçünji neşiriniň çap edilmegi (2011 ý.) Türkmenistanda 12-nji maksatlaýyn wezipä ýetmekde iň esasy görkezijileriň biridir, Gyzyl kitabyň öňki neşirine girizilen görnüşleriň birnäçesiniň statusynyň üýtgemegi olara abanýan howplaryň kemelendigini görkezýär.

Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň üçünji neşirine (iki tomda we üç dilde (türkmen, iňlis, rus): 1. Ösümlikleriň we kömelekleriň – 115 görnüşi (kömelekler – 3, lişaýnikler – 5, mohlar –2, paporotnikler – 8, gülli ösümlikler hem – 97); 2. Oňurgasyz we oňurgaly haýwanlaryň – 149 görnüş (mör-möjekler – 43, möýşekilliler – 1, mollýuskalar – 1, tegelekagyzlylar – 1, balyklar – 14, süýrenijiler – 20, guşlar – 40, süýdemdirijiler hem 29) girizildi.

Ýurdyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň görnüşlerin den şu aşakdaky görnüşleriň ýagdaýy üns merkezinde saklanýar, ýagny ösümliklerden: gamgyn gandym *(Calligonum triste)*; kiçijik zibera *(Siebera nana)*; Komarowyň atropasy *(Atropa komarovii)*; türkmen selmeligi *(Mandragora turcomanica)*; türkmen epipaktisi *(Epipactis turcomanica)*; alajagaplaň *(Panthera pardus ciscaucasica)*; gulan *(Equus hemionus)*; sugun *(Cervus elaphus)*; sakgally umga *(Capra aegagrus)*; aýrak *(Ovis vignei)*; dag hindi towugy *(Tetraogallus caspius)*; ütelgi *(Falco cherrug)*; sakally garaguş *(Gypaetus barbatus)*; togdary *(Chlamydotis undulata)*; toklutaý *(Otis tarda)*; tegmilli patma *(Phrynocephalus maculatus)*; kiçi we uly amyderýa pilburun balyklary *(Pseudoscaphirthynchus kaufmanni we P. hermanni)* we başgalar.

Ikinji neşir bilen deňeşdirilende ösümlikleriň sanawynyň köpelmegi lişaýnikleriň täze görnüşleriniň girizilmegi bilen şertlendirilýär: Golça görnüşli kladoniýa *(Cladonia pyxidata)*, Bisianyň fissiýasy *(Physcia biziana)*, Düwürtikli parmeliýa *(Parmelia subexasperata)*. Şol bir wagtda hem, ýagdaýy gowulaşan we aýratyn goraga mätäç bolmadyk pes derejeli ösümlikleriň sanawyndan çykaryldy: Gildenbrandyň leptogiýumy *(Leptogium hildenbrandii)*, Oksneriň aspisiliýasy *(Aspicilia oxneriana)* we oýukly teloshistes *(Teloschistes lacunosus)*. Tohumsyz ösümlikleriň mukdary – paporotnik görnüşlileriň sany Müsür marsiliýasynyň *(Marsilea aegyptiaca)* we dermanlyk skrebnisanyň *(Ceterach officinarum)* girizilmegi bilen artdy.

Ýapyk tohumlylar/gülli ösümlikler boýunça soňky ýyllarda ýygnalan maglumatlar Dimonyň ýowşany *(Artemisia dimoana, türkmen dendrostellerasy (Dendrostellera turkmenorum)*, Bathyz pakry *(Cousinia badghysi)*, Nikitiniň alyçy *(Crataegus nikitinii)* ýaly görnüşler boýunça öňüni alyş çäreleriniň geçirilmeginiň zerurdygyny bellemek bilen bu, ösümlikler Gyzyl kitabyň üçünji neşirine girizildi.

Ýurdyň ähli ilatly nokatlarynyň gaz bilen üpjün edilmegi, şäherleriň we köp ilatly nokatlaryň, Aşgabadyň töwereginde we dag eteklerinde tokaý zolaklaryny döretmek we bagy-bossanlyga öwürmek boýunça uly maksatnamalaryň işjeň durmuşa geçirilmegi

netijesinde arça tokaýlary güýçli depginde gaýtadan dikeldilýär. Bularyň hemmesi serwiler maşgalasyndan bolan türkmen arçasynyň *(Juniperus turcomanica)* Gyzyl kitabyň sanawuydan çykarylmagyna ýardam etdi.

Şu neşiriň ikinji tomundaky görnüşleriň sany öňki neşirdäkiden 3 görnüş azdyr. Aleksanor kebeleginiň Türkmenistanda ýaýran *(Papilio alexanor orientalis)* aşaky görnüşiniň ýagdaýynyň we sanynyň gowulanýandygyny göz öňünde tutup, ol üçünji neşire girizilmedi. Şol bir wagtda hem, perdeganatlylar otrýadyna degişli görnüş ýer köwüji gara darakly prioniks arysy *(Prionyx nigropectinatus)* ýitmek howpynyň abanmagyna ýakyn görnüş hökmünde ilkinji gezek bu neşire girizildi. Gyzyl kitabyň ikinji neşirindäki süýrenijilerden eublefar *(Eublepharis turcmenicus )*, zemzen *(Varanus griseus,* kepjebaş *(Naja oxiana)* 3nji neşirden çykaryldy, torjumak patmanyň *(Prynocephalus reticulates reticulates)* aşaky görnüşi ýitmek howpynyň abanmagyna ýakyn görnüş hökmünde 3nji neşire girizildi.

Gündogar ýashan taranynyň *(Abramis brama orientalis)* populýasiýasynyň ýagdaýynyň durnuklaşmagy onuň hem 3-nji neşirden çykarylmagyna ýardam etdi. Şol bir wagtda hem ýyndam balygyň *(Alburnoides bipunctatus eichwaldi)*, kura söweňiniň *(Barbus lacerta cyri)* we turpan balygynyň *(Leuciscus cephalus orientalis)* sanynyň örän azalmagy Gyzyl kitabyň 3-nji neşirine girizilmeginiň möhümdigini ýüze çykardy.

Guşlar klasynyň görnüşleriniň sanawy ep-esli üýtgedi. Müsür hokgarynyň *(Bubulcus ibis)*, adaty syçançy *(Buteo buteo)*, çakyrygyň *(Burhinus oedicnemus)*, gyzylgaş bezziltigiň *(Lobivanellus indicus)*, hüwüniň *(Bubo bubo)*, bramin sarynyň *(Sturnus pagodarum)* sanynyň durnuklaşandygy we ýagdaýynyň gowulaşandygy sebäpli bu neşire girizilmedi. Ýitip giden görnüş hökmünde murgap daşdeşeni *(Picus squamatus)* hem neşirden çykaryldy. Şol bir wagtda hem Gyzyl kitaba aşakdaky görnüşler girizildi: gyzyl petekli gaz *(Branta ruficollis)*; garaördek *(Aythya nyroca)*; uly garaguşjyk *(Aquila clanga)*; kelguş *(Neophronpercnopterus)*; goňur kepderi *(Columba eversmanni)*. Süýdemdirijilere degişli görnüşlerden oklukirpiniň *(Hystrix indica)*, owgan tilkisiniň *(Vulpes cana)* we syçan şekilli homýakjagazyň *(Calomyscus mystax)* ýagdaýynyň durnuklaşmagy bilen üçünji neşirden çykarylmagy guwandyrýar. Gynansakda, soňky 10 ýylyň içinde gum pişiginiň *(Felis margarita)* we Hazar deňziniň endemigi – hazar düwleniniň *(Phoca caspica)* seýrek duşýandygy, göz öňünde tutulyp, iki görnüş hem soňky neşire girizildi.

Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň Düzgünnamasyna laýyklykda, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň wekilleri Tebigaty Goramagyň Halkara Bileleşiginiň sanawyna girizilen seýrek we ýitmek howpy abanýan görnüşler Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň sanawyna (TGHB sanawy) ilkinjin nobatda girizilýär. Emma, milli Gyzyl kitap 10 ýyldan çap edilýär, TGHB-niň sanawy



*Lemanyň çigildemi, Bathyz*



*Köýtendagyň çigildemleri*

görnüşleriň ýagdaýy barada täze maglumatlaryň ýygnamagy bilen yzygiderli, her ýylda täzelenýär. Şonuň üçin hem, TGHB-iň sanawyna girizilen seýrek we ýitmek howpy abanýan görnüşler köplenç milli gyzyl sanawa goşulmany galýar. Mysal üçin, gyzylbaş garamtyl ördek *(Aythya ferina)* 2015 ýylda ýitmek howpynyň abanmagyna ýakyn görnüş (VU) hökmünde TGHB sanawyna girizildi, Türkmenistanda bu adaty görnüş bolup, aw guşy hasaplanýardy. Onuň goragyny üpjün etmek üçin TOHDGM-niň her ýylda ýurtda aw möwsümini açmak baradaky buýrugynda bu guşyň tutulmagyny gadagan edýän ýörite bellikler bar. Şeýle bolsa-da Türkmenistanda gyzylbaş gara ördegiň sany durnukly ýagdaýda galýar, käbir suw howdanlarynda gyşlaýanlarynyň sany has hem artýar. 2018-nji ýylyň ýanwar aýynda Hazar deňziniň kenarýaka suwlarynda 25 müň sanysy, «Altyn asyr» Türkmen kölünde – 4 müňe golaýy bellendi, öňki ýyllardan sany 2 esse köpeldi.

Köýtendagyň dagetekleri we Tallymerjeniň ýerleri çuluklaryň seýrek görnüşleriniň biri bolan – gara depeli tekejyllygyň *(Vanellus gregarius)* uçup geçýän wagtlary iýmitlenýän esasy ýeridir. Bu görnüş ýitmek howpy abanýan görnüş hökmünde diňe bir milli gyzyl kitabyň sanawynda däl-de, eýsem TGHB-niň sanawyna girizilendir. 2015-nji ýylyň oktýabr aýynda 3700 sanysy hasaba alyndy, gyşlamaga uçup geçýän döwürleri olar bu ýerde bir aýa golaý saklandylar. Öňler bu sebitde migrasiýa möwsüminde gara depeli tekejyllyk şeýle uly mukdarda hasaba alynmady, ol seýrek bellenipdi. 2016-njy ýylyň aprel aýynda Köýtendagyň dageteginde we Tallymerjen massiwinde iki hepdäniň dowamynda Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen owadan durnanyň *(Anthropoides virgo)* 2 372 sanysy hasaba alyndy. Ýurdumyzyň çäklerinde bu görnüşiň iň bir köp mukdarda ýyganan ýeridir. Bulardan başga-da, bu ýerde birnäçe ýyrtyjy guşlaryň ýygnanýan ýeridigi hasaba alyndy – sähra bürgüdi *(Aquila nipalensis)* (2015-nji ýylda oba hojalyk meýdanlarynda 12 sanysy bir ýerde görüldi), mazar garaguşy *(Aquila heliaca)*, uly garaguşjyk *(Clanga clanga)*, gök bähri *(Falco peregrinus)*, ütelgi *(Falco cherrug)*. Bu görnüşleriň ählisi Türkmenistanyň Gyzyl kitanyna we TGHB sanawyna girizildi. Şeýle hem bu sebitde soňky 35 ýylyň gözegçiliginde ilkinji gezek ýaz uçup geçýän wagty ak leglegiň *(Ciconia ciconia)* hasaba alynmagy hem şatlykly habardygyny bellemek gerek. Bu görnüşi Türkmenisyanyň haýwanat dünýäsinden ýitdi diýlip hasap edilýärdi.



*Gara depeli tekejyllyk (Vanellus gregarious)*

Umuman, guşlaryň görnüş düzümi soňky 30 ýylyň içinde 436 görnüşe (XX asyryň 90-njy ýyllarynda guşlaryň 376 görnüşi bellenipdi) ýetmek bilen 55 taksondan hem köpeldi. Bu ýagdaýlara bir tarapdan meýdan barlag işleriniň işjeň ýagdaýda alnyp barylmagy we klimatyň üýtgemegi bilen günorta oturymly görnüşleriň aralaşýandygyny beýleki tarapdan usulyýetleriň kämilleşdirilmegini hasaba almak bilen sistematiki çemeleşikleriň üýtgeýändigini hemi görkezmek bolar.

2018-nji ýylyň iýunynda geçirilen barlaglar Gowurdak pes dagetekleriň demirgazyk-günbatar böleginiň (Köýtendag döwlet tebigy goraghanasynyň Hojaburjybelent çäkli goraghanasyna ýanaşyk gerişler) maslykçy *(Neophron percnopterus)*, ütelgi *(Falco cherrug)*, sähra göwenegi *(Falco naumanni)* ýaly bütindünýä möçberinde howp abanýan görnüşleriň esasy ýaşaýan ýeridigini görkezdi, bu ýerde maslykçynyň, sähra göweneginiň 10 sany höwürtgeleýän jübüdi, şeýle hem ütelginiň birnäçe jübüdi hasaba alyndy.

Tebigaty goramak boýunça edaralaryň yzygiderli geçirýän gorag işleriniň netijesinde käbir toýnakly haýwanlaryň tebigatdaky ýagdaýy durnuklaşýar, mysal üçin burma şahly umganyň sany bolsa soňky 10 ýylda 1,5 esseden-de gowrak artyp, sany 800-den gowrak. Çöl tokaýlyklary, şeýle hem daglarda daşky gurşawyň döremegine esasy täsir edýän görnüş bolan türkmen arçasy gaýtadan dikeldilip başlady. Köpetdagyň eteginde paýtagtyň töwereginde we ýurduň beýleki iri şäherleriniň töwereginde 200 müň gektardan-da gowrak meýdanlarda «gök guşaklary» emele getirýän pürli we ýaprakly agaçlaryň, şeýle hem gyrymsy agaçlaryň 90 million töweregi nahallary oturdylyp, emeli tokaý zolaklary döredildi. Bu çäreleriň ählisi haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna oňyn täsirini ýetirýär.

Şeýle bolsa-da, adam tarapyndan ýetirilýän täsirler: mallaryň düzgünleşdirilmäni bakylmagy we öri meýdanlara düşýän agram, toýnakly haýwanlaryň rugsatsyz tutulmagy we olary ynjalyksyzlandyrýan täsirleriň döredilmegi – şol sanda dag tekeleriniň we aýraklaryň sanyny dikeltmekde esasy päsgelçilikleri döredýän sebäpleriň biri bolmagyna galýar. Bu babatda türkmen gulanynyň *(Equus hemionus)* ýagdaýy çylşyrymlylygyna galýar.

Tegmilli patmanyň (Phrinosephalus maculatus) häzirki ýagdaýy hem belli däl, soňky 10 ýylda onuň sany we ýaşaýan ýeri barada hiç hili maglumatlar ýok. Diňe Bäherden etrabynyň Bamy demirgazyk duralgasynyň Ulyşor meýdanynda üzňe ýaşaýan populýasyýasynyň biri hasaba alyndy.

**12-nji maksatlaýyn wezipäni ýerine ýetirmek üçin kabul edilýän çäreler**

Ýylanlaryň ýurtdan çykarylmagynyň gadagan edilmegi, zäherli ýylanlaryň saklanýan serpentariýalarynyň ählisiniň ýapylmagy hem-de olaryň goragynyň güýçlendirilmegi bilen baglylykda Türkmenistanda ýylanlaryň we beýleki süýreniji haýwanlaryň tebigy ýaýran ýerleriniň çäginde olaryň sanynyň dikelmegine oňat şertler döredi. Netijede orta aziýa kepjebaşysynyň *(Naja oxiana)* we göklorsunyň *(Macrovipera lebetina)*, şeýle hem zemzeniň *(Varanus griseus)* sany has artdy, bu bolsa öz gezeginde kepjebaşy we zemzeni Türkmenistanyň Gyzyl kitabyndan (2011 ý.) çykarmaga mümkinçilik berdi.

Keýikleriň *(Gazella subgutturosa)* Hazar deňzindäki Ogurjaly adasynda döredilen populýasiýasyny ýurduň Günorta-Günbatar Köpetdaga degişli ýerlerine gaýtadan ornaşdyrmak işleri alnyp barylýar. Onuň tebigy ätiýaçlyk baş sanyn döredildi, bu bolsa onuň sanynyň durnukly bolmagyna ýardam berer. Geljekde olaryň baş sany alajagaplaňyň we başga ýyrtyjy haýwanlaryň populýasiýasynyň tebigy iýmitlik binýadyny doldurar. Şol bir wagtda hem, Ogurjaly adasyndaky keýikleriň nesil durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, tebigy ýerlerden keýikleriň belli bir bölegi tutulyp, ada goýberilýär.

- 2018-nji ýylyň oktýabr aýynda TOHDGM bilen Beýik Britaniýanyň Guşlary goramagyň patyşalyk jemgyýetiniň (RSPB) hyzmatdaşlygynyň çäginde möhüm ornitologik ýer-Tallymerjene (Lebap welaýatynyň Döwletli, Dostluk etraplary) döwlet çäkli goraghanasynyň statusynyň berilmeginiň zerurlygy barada Esaslandyrylma işlenip taýýarlanyldy. Bu meýdanda 2014–2018 ýý guşlaryň 160 gowrak görnüşi hasaba alyndy, şol sanda oturymly – 10, uçup geçýän we höwürtgeleýän – 41, uçup geçýän we gyşlaýan – 25 we uçup geçýän – 80 gowrak. Gyzyl kitaba girizilen, howp abanýan görnüşlerden bu ýerde duş gelýär: gara depeli tekejyllyk *(Vanellus gregarius)* uçup geçýän wagty 6–8 müňe çenli; kiçi sakar gaz *(Anser erythropus)* gyşyna seýrek, takyk

sany heniz belli däl; buýraly gotan *(Pelecanus crispus)* uçup geçende seýrek (Amyderýa boýunça); gajar *(Aegypius monachus)*, sähra bürgüdi *(Aquila nipalensis)* we mazar garaguşy *(Aquila heliaca)*, uçup geçýän we gyşlan wagty seýrek; togdary *(Chlamydotis undulata)* uçup geçýän wagty örän seýrek we bezbeltek *(Tetrax tetrax)* gyşyna seýrek, ýöne sany köpelýär. Gara depeli tekejyllygyň güýz migrasiýa döwründe Tallymerjen MOÝ-iň demirgazygynda 6–8 müňe çenli sanysynyň ýygnanýandygy ylmy iş saparyň netijesi görkezdi. Öz arealynyň gündogar migrasiýa ýoluny ulanýan gara depeli tekejyllygyň bu ýere ýygnanýan sany 100% – deňdir ýa-da görnüşiň dünýä boýunça ähli populýasiýasynyň 30–35%. Şeýle hem, sebitara ähmiýetli görnüşler hasaba alyndy: esasan hem Amyderýa boýunça uçup geçende gyzgylt gotan *(Pelecanus onocrotalus)*, kaşykburun *(Platalea leucorodia)*, gara leglek *(Ciconia nigra)* we balykçy gyrgy *(Pandion haliaetus)* owadan durna *(Anthropoides virgo)* oba hojalyk ýerlerden we ýarym çöllük ýerlerden uçup geçende bellendi. Ütelgi *(Falco cherrug)* örän seýrek oturymly görnüş, Köýtendag goraghanasynyň Hojaburjybelent çäkli goraghanasyna golaý daglarda höwürtgeleýär.

Umuman, Tallymerjende her ýylda guşlaryň suw-batgalyk toplumyna degişli 20 müňden gowragy Amyderýanyň jülgelerinde we suwly ýerlerde: çal we uly sakar gaz (5000 gowrak), aňk (6000 gowrak), ýaşylbaş (2000 gowrak), esasan hem meýdanlarda; ýaşylbaş uly jünekeýje ördek bilen (3000 gowrak), almabaş ördek (4500 gowrak) we başga käbir ördekleriň görnüşi bilen gyşlaýar. Tallymerjende çal durnalaryň gyşlamagy (*Grus grus)*, 3 müňden gowrak) bu görnüşiň gyşlaýan arealynyň demirgazyk bölegine girýär. Tallymerjen (Zeid we Kelif kölleri bilen bilelikde) BirdLife International görkezijileri A1, A4i, A4iii boýunça möhüm çäk hökmünde bellenen. Bu ýeriň meýdany durnalar üçin ilkinji derejede ähmiýetli ýer bolup Ýerleriň halkara ulgamyna girýär. Ýöne bu ýerlere heniz tebigaty goramak hukuk derejesi berilmedi.

GGPJ bilen hyzmatdaşlygyň çäginde 2016-njy ýylyň tomus aýlary «Türkmenistanda guşlaryň we tutuş biodürlüligiň gorag derejesini gowulandyrmak» taslamasynyň bilermenleri we Bathyz, Gaplaňgyr, Sünt-Hasardag goraghnalarynyň işgärleri bilen bilelikde şu ugurlar boýunça iş sapary geçirildi: Günorta – Gündogar Türkmenistan (Garabil dag baýyrlyklary) we Günorta-Günbatar (Demirgazyk-Günbatar Köpetdag, Kiçi we Uly Balkan). Iş saparynyň maksady – milli Gyzyl kitabyň sanawyna goşulan, derejesi II (EN) – howp abanýan görnüş maslykçynyň sanyny hasaba almak *(Egyptian vulture)*. Şeýle hem, geçilen ýol ugurlarda guşlaryň başga ýyrtyjy görnüşleri hasaba alyndy. Köýtendag goraghanasynda (2016 ý.)



*Türkmen gulany*
*(Equus hemionus)*



*Maslykçy*
*(Neophron perçnopterus)*

RSPB-iň bilermenleriniň geçiren tejribe-okuw sapagynda özleşdirilen usul, ýagny ýyrtyjy guşlary hasaba almagyň usulyýetini ulanmak bilen guşlar sanaldy. Toplanan maglumatlary seljermegiň we işlemegiň esasynda Türkmenistanda maslykçynyň häzirki zaman ýagdaýy barada ylmy makalalar we hasabatlar taýýarlandy. Geljekde howp abanýan bu görnüşiň sanyny anyklamakda gözegçilikleriň geçirilmegi zerurdyr.

2014 – 2015 ýý. AGTÝ boýunça maksatlaýyn wezipelerde görkezilişi ýaly RSPB-niň milli we halkara bilermenleri Bathyz goraghanasyny UNESKO-nyň Bütindünýä sanawyna goşmak üçin hödürnamasyny taýýarlamak maksady bilen işlediler. Netijede, häzirki wagtda adamyň hojalyk işiniň täsirinden goraghananyň iri süýdemdiriji haýwanlaryna düýpli zeper ýetýändigi anyklanyldy: türkmen gulanyna *(Equus hemionus)*, keýige *(Gazella subgutturosa)* we dag goçlaryna *(Ovis orientalis)*. Soňky 25 ýylyň içinde gulanyň sanynyň pese düşmegi bikanun tutulmagy, ynjalyksyzlandyrmak täsiriniň ýetirilmegi, çölleşmek hadysasy, käbir suw çeşmeleriniň guramagy, mallaryň çenden aşa bakylmagy we ýerleriň zaýalanmagy bilen düşündirip bolar. Bathyz goraghanasynda gulanyň sanynyň maglumaty boýunça baş sany 5 müňden (1990 ýyllar) 10–12 çenli (2018 ý.) azaldy. 2018-nji ýylyň ýaz we tomus aýlary Bathyz goraghanasyndan öň gulanlaryň göçürilen beýleki AGTÝ-ine goşmaça iş saparlary gurnaldy (Gaplaňgyr goraghanasy, Köpetdag goraghanasynyň Mäne-Çäçe we Guryhowdan çäkli goraghanalary we Günorta Günbatar Köpetdagyň Tersakan jülgesine. Şeýlelikde, Türkmenistanyň ähli meýdanlarynda häzirki wagtda gulanyň sany 100-e golaý. Bilermenleriň halkara topary tarapyndan türkmen gulanynyň populýaiýasyny gorap saklamak boýunça teklipler bilen milli hereketler meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy TOHDGGM berildi.

Iş saparynyň netijeleri Tersakan jülgesine gorag hukugynyň (goraghana ýa-da çäkli goraghana) bermek boýunça gaýragoýulmasyz çäreleriň kabul edilmeginiň we bu meýdanlarda yzygiderli gözegçiligiň hem-de goragyň geçirilmeginiň zerurlygyny görkezdi.

### 4.4. 13-nji maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli medeni ösümlikleriň we oba hojalyk hem-de öý haýwanlarynyň, şeýle hem olaryň ýabany kowumlarynyň genetiki biodürlüligi goldanýar

Türkmenistan medeni ösümlikleriň we oba hojalyk hem-de, öý haýwanlarynyň şeýle hem olaryň ýabany kowumlarynyň genetiki biodürlüligini goldamak üçin maksatlaýyn wezipäni ýerine ýetirmek boýunça özüniň goşandyny goşýar, bu bolsa ýurtda soňky ýyllarda kabul edilen Türkmenistanyň şu aşakdaky kanunlary bilen düzgünleşdirilýär:

- Tokaý genetiki baýlyklary gorap saklamak Türkmenistanyň Tokaý kodeksinde (25.03.2011 ý.) düzgünleşdirilýär. Tokaý kodeksinde tokaý tohumçylygynyň aýratynlyklaryna degişli düzgünler berilýär, ýagny bu maksat bilen tokaý tohumlaryny etraplar boýunça paýlamak, hemişelik tokaýyň tohum meýdanlaryny we enelik agaç ekilen meýdanlary döretmek, tokaý tohumlaryň tokaýlar gaznasyny döretmek, tokaý ösümlikleriniň tohumlaryny öndürmek, taýýarlamak, işläp taýýarlamak, saklamak, ýerlemek, daşamak we peýdalanmak boýunça beýleki çäreler geçirilmelidir.
- Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» (31.03.2012 ý.) Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda işleri ösümlik dünýäsiniň düzüjilerini kolleksiýalarda we tejribe – synag meýdançalarda hem-de haýwanat dünýäsiniň görnüşlerini emeli gurşawyň şertlerinde (erkin däl), ýagny ýaşaýan tebigy ýerlerinden daşarda – *ex-situ* gorap saklamaga gönükdirilen döwlet botanika baglary we haýwanat baglary ilkinji gezek tebigaty goramak hukuk derejesini aldylar.
- Türkmenistanyň «Ösümlik dünýäsi hakynda» kanuny (04.08.2012 ý.) ýabany ösýän ösümlikleri, olaryň emele getirýän toplumlaryny (populýasiýalaryny), ösümlik

toparlaryny ýa-da beýleki ekilen ösümlikleri öz içine alýan ösümlik dünýäsini goramak, rejeli peýdalanmak we üznüksiz köpeltmek bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

- Türkmenistanyň «Haýwanat dünýäsi hakynda» kanuny (02.03.2013 ý.) haýwanat dünýäsinini goramak, üznüksiz köpeltmek we peýdalanmak babatdaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär we ýaşaýan tebigy gurşawynyň şertlerinde onuň goralyp saklanylmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Kanuna laýyklykda, haýwanat dünýäsini goramak ýaban haýwanlaryň tebigy toparlarynyň bütewiligini aýap saklmak; tebigy erkin ýagdaýynda ýaşaýan haýwnalaryň görnüş dürlüligini aýap saklamak; haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanmaga bolan çäklendirmeleri we gadagan etmeleri kesgitlemek; haýwanat dünýäsiniň obýektlerini soňra tebigata goýbermek bilen emeli taýdan köpeltmek; haýwanlaryň zoologiýa toplamalary we özbaşdak äkidilmegi üçin alynmalaryny çäklendirmek; haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak boýunça çäreleriň esaslandyrylanmagyna gönükdirilen ylmy barlaglary guramak we haýwanat dünýäsiniň obýektlerini goramak boýunça başga talaplaryň berkidilmegi we başga çäreleriň amala aşyrylmagy haýwanat dünýäsini goramak, üznüksiz köpeltmek we peýdalanmak baradaky Türkmenisyanyň kanunyna laýyklykda alnyp barylýar.
- 2011-nji ýylda kabul edilen «Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda» Türkmenistanyň kanuny ösümlikleriň täze sortlarynyň we haýwanlaryň täze tohumlarynyň seleksiýasy boýunça gazananlary babatda işiň hukuk ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, emläk, şeýle hem seleksiýanyň gazananlaryny döretmek, ýüze çykarmak, ösdürip ýetişdirmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan şahsy emläk däl gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Şol bir wagtda hem Kanunda ýabany ösýän miweli baglaryň genetiki gaznasyny ulanmak arkaly döredilýän sortlaryň hukuk taýdan goraglylyk meselesi görkezilmedik. Şeýle hem ähli oba hojalyk ekinleriniň we ýerli sortlaryň genetiki dürlüligini gorap saklamak boýunça anyk çäreleriň toplumynyň işlenip düzülmegi zerur.
- «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak, we rejeli peýdalanmak hakynda» (4.02.2017 ý.) kanunyň esasy maksady medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny hemme taraplaýyn öwrenmek we durnukly peýdalanmak maksady bilen häzirki we geljekki nesiller üçin medeni ösümlikleriniň genofondy hökmünde, olaryň ýabany kowum daşlaryny goşmak bilen, olary gorap saklamak bolup durýar. Kanuna laýyklykda, ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary medeni ösümlikleriň genetiki



*Adaty hoz*
*(Juglans regia)*



*Türkmen armydy*
*(Pyrus turcomanica)*



*Ahal teke bedewi*



*Bir örküçli düýe – arwana (Camelus dromedarius)*

gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýärler; medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak boýunça toplumlaýyn çäreleri amala aşyrýarlar; ösümlikleriň görnüşleriniň we sortlarynyň reintroduksiýasyny guraýarlar; medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryna bolan elýeterliligiň tertibini we olary peýdalanmakdan alnan girdejileri paýlamagyň mehanizmini kesgitleýärler; medeni ösümlikleriň genetiki gorlarynyň kolleksiýalaryny döretmegiň, baýlaşdyrmagyň we peýdalanmagyň tertibini belleýärler; medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda döwlet barlagyny we gözegçiligini amala aşyrýarlar.

Türkmenistanda medeni ösümlikleriň 172 görnüşiniň ýabany kowumlary saklanyp galypdyr, şolardan häzirki zaman ekerançylygynyň esasyny düzýän miweli agaçlaryň we däne kösüklileriň we gök ekinleriň (arpa, dälije mäş, sogan, käşir we başg.) 40 görnüşini goşmak bolar. Olar Orta Aziýa genetiki merkezindäki umumy görnüşleriň sanynyň 69% görkezýär. Medeni ösümlikleriň ýabany kowumlarynyň arasynda endemik görnüşleriň köp sanlysynyň bolmagy diňe Horasan dag ulgamyma ýanaşýan Köpetdaga we Köýtendaga häsiýetli bolup, medeni ösümlikleriň gelip çykmagynda bu genetiki dürlülik merkeziniň ýokary derejede dünýä ähmiýetlidigini subut edýär.

Bu merkez öý haýwanlarynyň görnüş emele gelmeginde gabat gelýän ojak bolup durýar: burma şahly teke *(Capra falconeri)* we sakally teke *(Capra aegagrus)* – öý geçisiniň, *Ovis urugynyň* görnüşleri we aşaky görnüşleri öý goýunlaryny amakda urugbaşydyr. Gadymy döwürlerden bäri türkmen tazylarynyň we türkmen alabaý itleriniň, ahal teke we ýomut atlarynyň hem-de bir örküçli düýäniň – arwananyň ýerli tohumlary köpeldilýär.

Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Ekerançylyk institutynyň hünärmenleri bugdaý *(Triticum L.)*, arpa *(Hordeum L.)* we däneli kösükliler (mäş, nohut, mekgejöwen) ýaly azyklyk ösümlikleriň geljekde önümçilik ähmiýetli täze sortlaryny döretmek we olary önümçilie ornaşdyrmak boýunça seçgi işlerini alyp barýarlar. Tohumlaryň milli genetiki gory «Ак бугдай» muzeýinde bugdaýyň 270 görnüşiniň nusgalyklary toplandy, olardan 42-si gadymy ýerli seçgiden hem-de arpanyň 144 nusgalyk sortlary bar. Türkmenistanyň S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-barlag we tejribe–synag merkeziniň genofondunda miweli agaçlaryň 7-siniň (nar, alma, armyt, garaly, injir, pisse we badam) hem-de üzümiň 409 nusgalyk sortlary (186 aborigen sort nusgalyklary we 223 ýabany ösýän türkmen görnüşleri) bar.

S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Botanika bagy 1929-njy ýylda döredildi, onuň tutýan meýdany 18,5 ga, olardan 12 ga meýdany agaçlar we gyrymsy agaçlar (1200 görnüşi, dürli görnüşi) eýeleýär. Bagyň kolleksiýasynda görnüşleriň, sortlaryň sany 5000 ýetýär, olardan ýalaňaç tohumly ýokary bezeg ähmiýetli ekzotlaryň (sosna, možžewelnik, kiparis) 157 görnüşi we 67 sany şekili we subtropiki we tropiki ösümlikleriň 1196 görnüşi, sortlary (şol sanda suw ösümlikleriň 15 görnüş, we şekilli) bar. Gül-bezeg ösümlikleriň kolleksiýasynda 352 görnüşi we 1109 sortlary hem-de ýerli flora degişli ösümlikleriň 600 görnüşini hem görkezip bolar. Olardan ösümlikler dünýäsiniň ýerli görnüşlerinden relikt, ýitip barýan (Gyzyl kitaba girizilen) görnüşler aýratyn gyzyklanma döredýär. Türkmenistanyň hem-de tejribe alyşmagyň netijesinde dünýäniň başga ýerleriniň ösümlik dünýäsiniň tohumlarynyň genetiki gory (3 000) döredildi. Bu bagyň esasy ylmy-barlag işleri – medeni ösümlikler dünýäsini baýlaşdyrmaga gönükdirilen başga ýerlerden ösümlikleri göçürip köpeltmek we uýgunlaşdyrmakdan, ex-situ goramakdan, şeýle hem ösümlikler dünýäsi baradaky bilimleri ýaýbaňlandyrmakdan we ilatyň ahlayk terbiýesini ösdürmekden ybaratdyr.

Ösümlikler dünýäsinde ösümlikleriň 2 müňden gowragy dermanlyk ösümlikler hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp tomly ylmy ensiklopediýasynda beýan edilýär, olardan 47 görnüşi Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň täze neşirine girizildi (2011 ý.). Bu düýpli ylmy neşir geljekde ýurduň gymmatly ösümlik dünýäsiniň işinde botanika, farmakalogiýa ylmyny ösdürmekde bahasyna ýetip bolmajak uly goşant goşdy.

Türkmenistanyň tokaý hojalyklarynyň ýanynda 14 sany hemişe hereket edýän we 20 golaý wagtlaýyn (1250 ga) nahalhanalar bar. Olar ýylyň dowamynda 20 mln golaý şitilleri we nahallary ýetişdirýärler. 2017-nji ýylda tokaý hojalyklaryň nahalhanalarynda 26,8 ga meýdanda tohum ekiş işleri geçirildi, 4 882, 7 sany şitil oturdyldy, şol sanda pürli agaçlardan 2 318, 3 müň düýp, 2016-njy ýyl bilen deňeşdirilende 49,8 % köp.

BMGÖM/BEG we Biodiversity International tarapyndan maliýeleşdirilen«Merkezi Aziýada agrobiodürlüligi tebigy ýagdaýda (in-situ/on farm) gorap saklamak we durnukly peýdalanamak» (2007–2012 ýý.) sebitara taslamasynyň çäklerinde fermer hojalyklarynda biodürlüligi gorap saklamagy höweslendirmek, hususan-da miweli baglary we olaryň ýabany kowumlaryny gorap saklamak boýunça çäreleri işläp düzmek bilen bagly işler ýerine ýetirildi. Daýhanlaryň arasynda geçirilen durmuş-ykdysady soraglaryň netijesi boýunça ýerli miweli agaçlaryň we olaryň ýabany kowumlary boýunça maglumatlar gory döredildi.



*Türkmenleriň almasy*
*(Malus turkmenorum)*



*Pontiv alycy*
*(Crataegus pontica)*

Maglumatlar gory nar agajy boýunça sebitara okuw merkezinde (Magtymguly YÖM ÖGD), Miweli agaçlar boýunça milli okuw merkezinde (Ekerançylyk instituty), Pisse boýunça milli okuw merkezinde (Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty) saklanýar. Ylmy iş saparynda miweli agaçlaryň we olaryň ýabany kowumlarynyň gymmatly-hojalyk ähmiýeti bolan ýokary sortlary ýüze çykaryldy.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Gün» institutynda 0,1 ga ýerinde ýerli miweli agaçlaryň (üzüm, nar, erik, alma, badam) nusgalyk–görkeziş meýdançasy döredildi. Ekiş materiallary Ekerançylyk instituty we Magtymguly YÖM ÖGD tarapyndan üpjün edildi.

Daýhanlaryň hojalyk ýerlerinde suwarmagyň täze tehnologiýalaryny ulanmak bilen miweli agaçlaryň nahallaryny ekip ýetişdirmek hem-de gaplarda pisseleri ekip ýetişdirmek üçin ýyladyşhanalar döredildi. Özleriniň hojalyklarynda baglaryň we üzümiň düýbüni tutmak üçin nahalhanalar gurnalanda üzümiň ýerli sortlaryndan (monty, gara halyl, iri nohur, giçki Wawilow) 25000 çybyk, almanyň ýerli sortlarynyň (Baba arap ýuwan, Baba arap gyzylja) şitilleri, naryň ýerli sortlarynyň (süýji, türkmen hasylly, gyrmyzy gabyk) çybyklary, ýabany armydyň tohumy ekildi.

Elýeterliligi we düşýän düşewündi paýlaşmagy amala aşyrmak üçin şu aşakdaky ylalaşyklaryň we gollanmalaryň görnüşleri işlenip taýýarlanyldy: däp bolup gelýän bilimleri çap etmezden öň öňünden esaslandyrylan ylalaşyk barada şahadatnama; miweli baglaryň we olaryň ýabany kowumlarynyň üçünji taraplary barada maglumatlar goryny ulanmagyň şertleri boýunça gollanma, barlag maksady üçin genetiki materaillary geçirmek barada ylalalşyk.

## 4.5. 16-njy maksatlaýyn wezipe. 2015-nji ýyla çenli genetiki baýlyklaryň elýeterliligi we olary ulanmakdan alynýan peýdany bilelikde peýdalanmak hakynda Nagoýa Teswirnamasy güýje girdi we hereket edýär

Türkmenistan 1996-njy ýyldan bäri BDK–nyň agzalygyna giren hem bolsa genetiki baýlyklaryň elýeterliligini we olary ulanmak bilen düşýän peýdany deň we adalatly esasda bilelikde peýdalanylmagyny sazlaşdyrýan Nagoýa Teswirnamasynyň Taraplaryna girmeýär. Teswirnama genetiki baýlyklar bilen üpjün edijileriň we peýdalanyjylaryň anyk hukuk taraplaryny we açyklygyny üpjün etmek üçin berk esasyny goýmak bilen Konwensiýanyň üçünji maksadyny amala aşyrmaga ýokary derejede ýardam berýär. Genetiki baýlyklary we özara ylalaşyk şertlerinde şertnamalaýyn borçlary berýän Taraplaryň sazlaşdyryjy talaplaryny we içerki kanunçylygy berjaý etmegini goldamak boýunça anyk borçlar Teswirnamanyň möhüm täzelikleri bolup durýar.

Ýurtda seleksiýanyň gazananlary (öňki böümlerde ýazgysy berlen) bilen ösümlik we haýwanat dünýäsini durnukly peýdalanmak hem-de gorap saklamak babatda birnäçe kanunlar işlenip taýýarlanyldy. Ýaňy-ýakynda kabul edilen Türkmenistanyň «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda» (04.02.2017 ý.) kanuny ösümlik dünýäsine degişli iki topary: medeni ösümlikleriň we ýabany kowumlarynyň genetiki gorlaryny gorap saklamaga we rejeli peýdalanmaga gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, Kanunyň esasy maksady medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny hemmetaraplaýyn öwrenmek we durnukly peýdalanmak maksady bilen häzirki we geljekki nesiller üçin medeni ösümlikleriň genofondy hökmünde, olaryň ýabany kowumlaryny goşmak bilen, olary gorap saklamak wajyp bolup durýar. Olary gorap saklamak azyk, ekologiýa we bioserişde howpsuzlygyny gowulandyrmak üçin möhümdir.

Kanuna laýyklykda, medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda ygtyýarlandyrylan degişli döwlet guramalary medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýärler; medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak boýunça toplumlaýyn çäreleri amala aşyrýarlar; ösümlikleriň görnüşleriniň we sortlarynyň reintroduksiýasyny guraýarlar; medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryna bolan elýeterliligiň tertibini we olary peýdalanmakdan alnan girdejileri paýlamagyň mehanizmini kesgitleýärler; ýuridik we fiziki şahslara medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça usulyýet kömegini berýärler; medeni ösümlikleriň genetiki gorlarynyň kolleksiýalaryny döretmegiň, baýlaşdyrmagyň we peýdalanmagyň tertibini belleýärler; medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda döwlet barlagyny we gözegçiligini amala aşyrýarlar; medeni ösümlikleriň we olaryň ýabany kowumlarynyň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda Türkmenistanyň halkara şertnamalary boýunça döwlet borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini guraýarlar.

2011-nji ýylda kabul edilen «Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ösümlikleriň täze sortlarynyň we haýwanlaryň täze tohumlarynyň seleksiýasy boýunça gazananlary babatda işiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, emläk, şeýle hem seleksiýanyň gazananlaryny döretmek, ýüze çykarmak, ösdürip ýetişdirmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan şahsy emläk däl gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Şol bir wagtda hem, Kanunda ýabany ösýän miweli baglaryň genetiki gaznasyny ulanmak arkaly döredilýän sortlaryň hukuk taýdan goraglylyk meselesi görkezilmedik. Şeýle hem, ähli oba hojalyk ekinleriniň we ýerli sortlaryň genetiki dürlüligini gorap saklamak boýunça anyk çäreleriň toplumynyň işlenip düzülmegi zerur.

Häzirki wagtda Intellektual eýeçiligini goramak Türkmenistanyň milli esasy düzüm böleginiň – infarstrukrurasynyň aýrylmaz bölegidir. Türkmenistan medeni we ylmy-tehniki halkara tejribelere doly hukukly gatnaşyjy hökmünde Intellektual eýeçiliginiň Bütindünýä guramasynyň (IEBG) agzasy bolmak bilen, ýurdyň we daşary ýurtly raýatlaryň hukuklarynyň berjaý edilşini üpjün etmek boýunça borçnamalary öz üstüne aldy.Ýurtda häzirki zaman tehnikalaryň we tehnologiýalaryň getirilmegini üpjün etmekde, şeýle hem daşary ýurtly maýa goýumlaryny çekmekde zerur we möhüm şertler bolup intellektual eýeçiligini goramak ynamdar hukuk esaslary bolup hyzmat edýär.



*Gysga salkymly zirk*
*(Berberis densiflora)*



*Adaty pisse*
*(Pistacia vera)*

Türkmenistanda ýokary derejeli ösümlikleriň 3000 görnüşine golaýynyň bar bolmagy we olaryň köpüsiniň gymmatly hojalyk häsiýetine, şol sanda dermanlyk ähmiýete eýe bolmagy bu wezipeleriň möhümdigini görkezýär. Ýurdyň ylmy-barlag edaralarynyň we seleksionerleriniň ygtyýarnama-patent görnüşinde ösümlikleriň täze döredilen sortlaryny almagynyň netijesinde meýdan, hatarara we bag-ir-iýmiş ekinleriň peýdaly hojalyk ähmiýetini gowulandyrmak boýunça işleri bu ugurlardan üstünlik gazanan önümçiligiň täzelikçileriniň hukuklaryny kanunçylyk esasda berkitmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň genetiki merkezindäki medeni ösümlikleriň köpsanly ýabany kowumlarynyň gelip çykan ýurdy hasaplanýar. Biziň ýurdumyzyň baýlyklarynyň görnüş we genetiki dürlüligi, çöl, kenar-ýaka suw-batgalyk ýeleriň, kölleriň, dag tokaýlarynyň dürli görnüşini, Hazar deňzini we onuň kenarýakalaryny öz içine alýan tebigy ekoulgamlaryň giň çäkleri ýokary derejelere barýar. Türkmenistan miweli baglaryň dürlüliginiň gelip çykyşynda bütindünýä merkezinde sekizinjileriň biri, geljekde hem meýdan, gök ekin, miweçilik, bakja ekinleri we beýleki ösümlikleriň ýabany kowumlarynyň wekilleriniň esasy ojagy bolar, däneli ösümlikler has hem ýokary dürlüligi bilen tapawutlanýar, aýratyn hem bogunly çaýyrlaryň *(Aegilops)*,arpalaryň *(Hordeum)*, süleleriň *(Avena barbata)*, çowdarylaryň *(Secale cereale)* we beýlekiler; soganlaryň görnüşleri hem örän köp *(Allium)*. Adaty hoz, pisse, tut, injir, ýabany ösýän tokaý üzümi, alma we başgalar ýaly 40-dan gowrak görnüşi ýabany kowumlaryň agaç we gyrymsy agaç toparlaryny emele getirýärler we ösümçilikde miweçilikde giňden ulanylýar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň medeni ösümlikleriniň ýabany kowumlary häzirki zaman seleksiýasynda medeni sortlary almakda gymmatly çeşmedir we geljegiň hem ygtybarly genetiki baýlygydyr.

Genetiki baýlyklar täze bilimleri almak, täzeçil çemeleşmelere ýardam bermek, harytlary işläp taýýarlamak üçin ulanylýar, bu bolsa halkyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrar, azyk howpsuzlygy we durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge ýardam berer. Nagoýa Teswirnamasynyň tassyklanmagy we amala aşyrylmagy 2030-njy ýyla çenli döwürde Gün tertibini durmuşa geçirmäge we ösüşi ykdysady, sosial, ekologik nukdaý nazardan netijeli utgaşdyrmak arkaly durnukly ösüşiň maksatlaryny gazanmaga ýardam berer.

Teswirnama genetiki baýlyklaryň ojagy hasaplanýan Türkmenistana genetiki baýlyklara bolan elýeterlilik mümkinçiligini bermek bilen peýda (pul we pul däl görnüşde) görmäge ýardam berýär; ýurt mümkinçiliklerini berkidip biler, Nagoýa Teswirnamasyny amala aşyrmak boýunça kanunçylyk, administratiw we başga çäreleri işläp taýýarlar. Nagoýa Teswirnamasyna gatnaşýan ýurtlara genetiki baýlyklary durnukly peýdalanmak we gorap saklamak boýunça goldanýan çäreleriň amala aşyrylmagy üçin ylmy – tehniki üstünlikleriň, täze tehnologiýalaryň we maliýe çeşmeleriň elýeterli bolmagyna mümkinçilik berýär.

2018-nji ýylyň sentýabr aýynda milli bilermenler Minsk ş. (Belarusiýa) «Nagoýa Teswirnamasyny durmuşa geçirmek üçin çäreleri işläp taýýarlamak» boýunça okuw maslahatyna gatnaşdylar. Bu maslahat BDK-nyň Kätipligi we «Belarusiýa respublikasynda Nagoýa Teswirnamasyny durmuşa geçirmek üçin adam baýlyklaryny, institusional mümkinçilikleri we hukuk ulgamyny güýçlendirmek» baradaky BEG/BMGÖM-iň ähliumumy taslamanyň çäginde Hukuk ösüşi boýunça Halkara gurama tarapyndan gurnaldy. Nagoýa Teswirnamasyna Türkmenistanyň goşulmagy baradaky meselä seretmek üçin Milli ekspertleri tarapyndan esaslandyrylmalar taýýarlanyldy. Häzirki wagtda hem ara-alyp maslahatlaşmak tapgyrynda dur.

## 4.6. 18-nji maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli biologik baýlyklary gadymdan ulanyp gelýän ýerli we oturymly ilatyň tejribelerini, täzeçil adatlaryny, urp-adat, däp-dessur bilimleriniň goldanmagy üpjün edildi

Türkmen halkynyň maddy däl gymmatlyklary nesilden-nesle geçip gelýän we aýawly saklanýan däp-dessurlaryny, tejribelerini we gadymdan gelýän däp-adaty bilimlerini özünde jemleýär. Bu maksatlaýyn wezipäni ýerine ýetirmekde Türkmenistanyň goşandy ilkinji nobatda biobaýlyklary peýdalanmakda gadymdan ulanyp gelýän däp-adaty bilimleriň we tejribeleriň meseleleri goldanýar we milli kanunçylyk tarapyndan goralýar. 2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak hakynda» kanuny güýje girdi, kanun türkmen halkynyň milli maddy däl medeni mirasyny gorap saklamak babatdaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär; raýatlaryň milli maddy däl medeni mirasyň obýektlerine bolan elýeterlilik hukugynyň durmuşa geçirilmegine we her bir adamyň milli maddy däl medeni mirasy aýawly saklamak hakynda alada etmäge bolan borjunyň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir. Bu kanunçylyk nama ÝUNESKO-nyň «Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak hakynda» Konwensiýasynyň ugur alýan düzgünnamalaryna esaslanýar. Kanun medeni mirasyň ýüze çykýan ugurlaryny kesgitledi: Tebigat bilen baglanyşykly başarnyklara we adatlara şu obýektler degişlidir, ýagny milli awçylyk, şeýle hem gylýallaryň tohumçylyk hojalygy, suwy ýygnamagyň we tygşytly ulanmagyň usullary; egin-eşikleri taýýarlamagyň we hojalyk enjamlaryny ýasamagyň usullary; öňden gelýän binagärlik we lukmançylyk (dermanlyk ösümlikleri we ulanmagyň usullary); ýerli ösümlik çig malyndan tebigy boýaglary almagyň usullar bolup, tutuşlygyna tebigata degişli bilimler we där-dessurlaryň ulanylmagydyr.

Türkmenistanyň «*Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda*» kanuny (2011 ý.) ösümlikleriň täze sortlarynyň seleksiýasy boýunça gazananlary babatda işiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, emläk, şeýle hem seleksiýanyň gazananlaryny döretmek, ýüze çykarmak, ösdürip ýetişdirmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan şahsy emläk däl gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Türkmenistanyň ýerli bileleşikleri bolan daýhanlaryň hukuklaryny goramak meseleleri barada umumy we ýörite häsiýetli kadalaşdyryş-hukuk namalarynyň birnäçesi kabul edildi. Şol bir wagtyň özünde, kanunçylyk namalaryň birnäçesi biodürlüligiň esasy aýap saklaýjylary bolan daýhanlaryň tagallalary bilen biodürlüligiň düzüjileriniň gorap saklanmagy we durnukly peýdalanmagy babatda oba hojalygynyň tejribesiniň arasyndaky özara gatnaşyklara baha berilmegini geçirmek üçin laýyk gelmeýär. Ýurtda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak boýunça giň möçberli maksatnamalaryň kabul edilmegi daýhan hojalyklarynyň düzümleriniň üýtgedilmegi göz öňünde tutulýar, emma bu işler ýerli daýhanlaryň täzeçil çemeleşiklere girişmegi üçin olaryň tejribelerine we bilimlerine, başarnyklaryna baha bermezden gönükdirilendir. Ýurtda oba hojalyk ekinleriniň we olaryň ýabany kowumlarynyň ýerli sortlaryny ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan daýhan hojalyklaryň we daýhanlaryň hukuklaryny goramagyň kanunçylyk namalary ýok, sebäbi häzirki gün Türkmenistanda tejribeleri we urp-adat bilimlerini goramak meseleleri esasan hem tebigy çig mal serişdesinden medisina preparatlaryny we haly we keçe ýüplük önümçiligi üçin ösümlikden alnan boýaglary peýdalanmak derejesinde seredilýär.

Asyrlar boýy oturymly ilat dürli ýaşaýyş maksatlary üçin: iýmit we dermanlyk, egin-eşik, öý-öwzardan başlap ekerançylygyň we maldarçylygyň tälimlerini ösdürmek üçin ýerli biologik dürlüligi we ony ulanmagyň usullaryny öwrenipdirler, peýdalanypdyrlar we nesilden-nesile geçiripdirler.





*Türkmen elguşçylary*

Häzirki zaman Türkmenistanyň haýwanat dünýäsini goramagyň gadymdan, uzak wagtlaryň dowamynda synagdan geçen we aýratyn üns berlen usullary elguşlar bilen aw edilmegidir. Elguşlary ulanyp adamlaryň awçylyk bilen meşgul bolmagy çölüň agyr şertlerinde türkmenleriň ýaşaýşynyň we durmuşynyň aýrylmaz bölegi hasaplanypdyr. Elguş bilen aw edilmegi milli miras bolup, gadymdan biziň günlerimize gelip ýeten türkmen halkynyň özboluşly we has belli däpleriniň biridir.

Türkmenleriň elguşlar bilen aw etmeginiň aýratyn häsiýeti awçynyň laçyn bilen arkalaşygynda aw ileri tazylar hem degişli, bu bolsa tebigat bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň gadymdan gelýän we özboluşly sungatydygyny kepillendirýär.

Elguş bilen aw etmek däbi müňlerçe ýyllaryň dowamynda saklanyp galypdyr, guşlary aw etmäge türgenleşdirmegiň usullary nesilden-nesile geçip kämilleşipdir. Asyrlaryň dowamynda elguşlar bilen aw edilende adamlar tarapyndan ýerine ýetirilýän gylyk-häsiýetler, däp-adatlar diňe bir jemgyýetçilik, ahlak terbiýeçilik ähmiýetli bolman, eýsem tebigaty goramakda hem uly goldaw bolupdyr. Elguşlar bilen aw etmegiň ekologik mümkinçilikleri örän ýokary. Tebigaty goramaga gönükdirilen däpleri elguş awçysy eýýäm algyrlaryň jüýjelerini höwürtgeden alýan pursatyndan we guşlary terbiýelemekden başlap ýerine ýetiripdirler.

Elguşlar bilen aw etmek 2016-njy ýylda UNESKO-nyň adamzadyň milli maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşuldy. Şonuň üçin hem Milli elguşlar jemgyýeti Türkmenistanda aw awlamagyň däp bolup gelýän görnüşleriniň goldanmagyn gönükdirilen işleri alyp barmalydyrlar.

Türkmenistanyň oturymly we ýerli ilatynyň gadymy däp-dessurlarynyň bilimlerini, täze kadalaryny we tejribelerini dikeltmek we ýaýratamak meselelerine häzirki wagtda ýerine ýetirilýän we durmuşa geçirilen halkara, sebitara, taslamalar tarapyndan gyzyklanylýandygyny we goldanylýandygyny bellemek gerek.

Türkmenistanda 2012–2017-nji ýyllar aralygynda BMGÖM/Uýgunlaşmak gaznasynyň «Milli we ýerli derejlerde daýhan hojalyk ulgamynda howanyň üýtgemegi bilen bagly ýüze çykýan meselelere jogap çäreler» taslamasy durmuşa geçirildi. Taslamada üç sany synag etraplary alyndy – Garagum, Nohur we Sakarçäge. Olar ýurduň dürli çöllük, daglyk, medeni agro-ekologik sebitinde ýerleşip, olar biri-biri bilen suw üpjünçiligi we oba hojalyk önümçiliginiň gurnalyşy bilen tapawutlanýarlar.

Garagumyň synag sebitinde, çöl zolakda (Bokurdak), suwy aýawly saklamagyň we süýşýän çägeleri berkitmegiň öňden gelýän usullary dikeldildi: 7 sany täze skwajina guruldy, we 6 sany öňden bar bolan guýylarda abatlaýyş işleri geçirildi; 11 sany sardob guruldy we öňden



*Köpetdagda ygallary toplamak*

hereket edýän 4 sanysynyň abatlaýyş işleri geçirildi (süýji suwlary saklamak we ýygnamak üçin ýerasty ätiýaçlyk suwlar); çäge syramalardan goramak üçin gamyş torlar goýuldy we 10 ga çäge alaňlary berkidildi, ýagyş suwy ýygnanan takyrlarda we kaklarda arassaçylyk işleri geçirildi.

Nohurda, daglyk zolakda ekerançylygy we gökçüligi ösdürmäge gönükdirilen toplumlaýyn çäreler göz öňüne tutuldy: suw üçin ätiýaçlyk howdanlar guruldy we abatlaýyş işleri geçirildi; 4 çeşmäniň töwereginde abatlaýyş işleri geçirildi, topragyň erroziýa hadysasynyň öňüni almak maksady bilen dag gaýalarynda arçalar ekildi, üzümiň we badamyň plantasiýalarynyň düýbi tutuldy.

Sakarçäge etrabynda topragyň şorlaşmagynyň öňüni almak maksady bilen işler geçirildi: suwaryş kanallaryň ugurlarynda suw sazlaşdyryjy enjamlar guruldy, zeýakaba-zeýkeş ulgamy arassalandy, topraklar dikeldildi.

Taslama Türkmenistanyň daýhan hojalyklaryna täsirini ýetirýän klimatyň üýtgemegi bilen şertlendirilýän suw ýetmezçiligine milli we ýerli derejede jogap hökmünde suwaryş ulgamynyň we suw üpjünçiliginiň netijeliligi boýunça berk çäreleri kabul etmek arkaly 3 sany agroklimatik zolaklarda durnuklylygyň güýçlendirilmegini göz öňünde tutýar; şeýle hem suwdan peýdalanyjylaryň toparyny döretmäge gönükdirilendir, bu bolsa 30 müňden gowrak daýhana peýda getirer.

Häzirki wagtda Garagumyň öri meýdanlarynda 5 müňe golaý guýy hereket edýär, ýagyş suwlaryny toplamak üçin 600-den gowrak toýundan gurnalan tebigy we emeli desgalar bar, olaryň kömegi bilen 20 mln ga suwlulandyryldy, ol öri meýdanlaryň 70% düzýär. Soňky 30 ýylda çöl ýerlerde öňden bar suw hojalyk desgalaryny gorap saklamak boýunça uly işleriň alnyp barylýandygyny bellemek gerek, bu işler diňe bir agaç bilen berkidilen guýulary sementlenip we betonlanyp ýerini çalyşmak arkaly däl-de, eýsem mallaryň bakylýan ýerine golaý ýerde häzirki zaman täze guýulary we skwažinalary, suw geçirijileri gurmak bilen amala aşyrylýar. Şeýlelikde, hojalyklarda täze guýylaryň gurulmagy bilen hem-de ýerine ýetirilen taslamanyň çäginde öri meýdanlaryň 18 058 ga suwlulandyryldy.

BMGÖM/BEG maliýeleşdirýän Biodiversity International «Merkezi Aziýada agrobiodürlüligi (miweli agaçlary we olaryň ýabany kowumlaryny) tebigy ýagdaýda in-sity/on-farm gorap saklamak we durnukly peýdalanamak» (2007–2012 ýý.) sebitleýin taslamasynyň çäklerinde daýhan hojalyklarynda biodürlüligi gorap saklamagy höweslendirmek, hususan-da miweli baglary we olaryň ýabany kowumlaryny gorap saklamak boýunça çäreleri işläp düzmek bilen bagly işler ýerine ýetirildi. Taslamanyň esasy üstünlikleri şu aşakdaky maksatlaýyn wezipelerden ybarat:

- Miweli agaçlaryň ýerli sortlary we olaryň ýabany kowumlary boýunça maglumatlar gory döredildi;
- Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Gün» instituty tarapyndan 0,1 ga ýerde miweli agaçlaryň ýerli sortlarynyň (üzüm, nar, erik, alma, badam) tejribe-görkeziş meýdançasy döredildi. Nahallar Ekerançylyk institutynyň we Magtymguly YBM tarapyndan üpjün edildi;

Daýhanlaryň hukuklary barada ilatyň habalylygyny ýokarlandyrmak üçin «Miweli baglaryň we olaryň ýabany kowumlaryny ekip ýetişdirýän Türkmenistanyň daýhanlarynyň hukuk bilim derejesini ýokarlandyrmak» barada okuw maksatnamasynyň nusgasy işlenip taýýarlanyldy. Şeýlelikde, çap etmek maksady bilen «Türkmenistanyň daýhanlarynyň däp bolup gelýän (urp-adat) bilimlerini goramak» barada kitapça taýýarlanyldy. Daýhanlaryň däp bolup gelýän bilimleriniň tejribesi, endikleri, usullary barada, anyk mysallaryň esasynda döwlet derejesinde meseleleri çözmekde daýhan bileleşikleriniň ýerine ýetirýän ähmiýetine seredildi we geljekde daýhanlaryň hukuklary boýunça anyk teklipler berildi.

Taslamanyň çäginde, milli derejede geçirilen okuw-maslahatlar boýunça maglumatlar gory döredildi. Taslama durmuşa geçirilen döwründe okuw maslahatynyň 49 sanysy geçirildi, şol sanda hünärmenler, gözegçiler, biohowpsuzlyk boýunça kararlary kabul edýän ýolbaşçylar üçin iňlis dilinde tälim beriji okuwlar we miweli baglary ösdürip ýetişdirmek boýunça daýhanlar hem-de tokaýlaryň tebigy gögerijiligi boýunça tokaýçylar we hünärmenler üçin başga welaýatlara iş sapary gurnalyp okuw-maslahatlary geçirildi. Taslamanyň çäginde geçirilen okuw sapagyna jemi 556 adam gatnaşdy.

Häzirki wagtda goralýan ýerlerde ekologik bilimleriň ýaýradylmagy AGTÝ wezipeleri bilen bir hatarda tebigaty goramakda we ylmy barlaglary geçirmekde uly ähmiýete eýedir. Bu işiň gönükdirilen esasy maksady – tebigaty goramak işlerine jemgyýetçiligiň goldawyny üpjün etmek we goraghanalaryň meýdanlarynyň goralyp saklanmagy üçin AGTÝ-e golaý ýaşaýan ilatyň jogapkärçiligini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Bu babatda ýerli ilatyň tebigaty goramak öňden gelýän däplerini, bilimlerini we tejribelerini ulanmak uly ähmiýete eýedir. Şeýle tejribe Repetek döwlet biosfera goraghanasynda bar. Garagum çölüniň bir bölegine 1927-nji ýylda goraghana derejesi berlip, 1979-njy ýylda biosfera goraghanalaryň halkara ulgamyna goşuldy. Häzirki wagtda ol uly ylmy-barlag merkez. Goraghana biosfera goraghanasy diýlip hukugynyň berilmegi ýabany tebigat bilen sazlaşykly ýaşamaga we durnukly ýörelgelere esaslanyp ýerli ilatyň öňden gelýän bilimlerini, medeniýetini, başarnygyny öz wagtynda ösdürmäge we gorap saklamaga ýardam berdi. Öz dolandyryş işinde goraghananyň administrasiýasy başga gyzyklanýan taraplar Türkmenistanyň Medeniýet ministliginiň maddy däl mirasy gorap saklmak boýunça müdirligi bilen tebigaty goramak we ýerli baýlyklardan peýdalanmak barada ýerli däp-dessurlary, öňden gelýän bilimleri goldamak we dikeltmek, öwrenmek we toplamak meseleleri boýunça ýakyndan hyzmatdaşlyk saklaýar. 2015–2020-nji ýyllar aralygynda goraghananyň maksatnamalarynyň çärelerinde ýerli maddy we maddy däl mirasy öwrenmekde ylmy barlaglary geçirmek meýilleşdirildi, şol sanda öňden gelýän bilimleri we däp-dessurlary; ýerli senetçileri, aşpezçilik hünärini ösdürmek we önümleri gaplamagyň ussullaryny öwrenmek; bazar önümlerini, dermanlyk ösümlikleriň ýygnalyşyny we ulanylyşyny goşmak bilen olary öndürmegiň we döretmegiň usullaryny öwretmek; oturymly göçüp ýaşan ilatyň aýratynlygy we ruhy/medeni gymmatlyklary bilen tanyşmak; ýerli ilaty syýahatçylyk harytlary we hyzmatlary öndürmäge we olaryň ykdysady täsirine baha bermäge çekmek. Şeýle hem, ýerli öz-özüni dolandyryş guramalaryň, hünärmenleriň we alymlaryň, ýerli ilatyň, gyzyklanýan taraplaryň we başga raýatlaryň gatnaşmagynda tälim beriji okuwlaryň, maslahatlaryň, we tematiki aksiýalaryň birnäçesini geçirmek göz öňünde tutuldy.

## 4.7. 19-njy maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli biodürlülik, onuň ykdysady gymmatlylygy we hereket etmegi, derejesi we üýtgemek meýli, şeýle hem netijeleri bilen bagly bilimler, ylmy binýat we tehnologiýalar kämilleşen, bilelikde giňden ulanylýar we nesilden-nesle geçirilýär

Ylmy köptaraplaýyn ösdürmek, onuň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak, jemgyýetiň intellektual mümkinçiliklerini güýçlendirmek Türkmenistanyň ylmy tehniki syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarydyr. Şeýlelikde, döwlet derejesinde ylym ulgamynda şu aşakdaky döwlet maksatnamalary kabul edildi:

- Türkmenistanda 2012–2016-njy ýyllarda ylmy ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasy.
- Türkmenistanda 2015–2020-nji ýyllarda innowasiýa işlerini ösdürmek boýunça döwlet maksatmamasy.
- Türkmenistanda 2017–2021-nji ýyllarda ylmy barlaglary we innowasiýa tehnologiýalaryň netijeli ýokarlandyrylmagyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasy.

2014-nji ýylyň awgustynda kabul edilen Türkmenistanyň «Innowasiýa işi hakynda» kanunynda ýurtda tehnologiýalaryň transferi kanunçylyk esasda berkidilen.

Bu kanuna laýyklykda, tehnologiýalaryň transferi – täze düzgünleri almak (işläp taýýarlamak) çygryndan olaryň iş ýüzünde ulanylmagy çygryna berilmegine gönükdirilen çäreleriň toplumy. Türkmenistana getirilýän tehnologiýalara bolan esasy talaplar olaryň ekologik howpsuzlygydyr. Türkmenistanda tehnologiýalaryň transferi iki ugur bilen amala aşyrylýar – täjirçilik we täjirçilik däl - senagat kooperasiýasy görnüşde, bilelikde kärhanalary döretmek, tehniki goldaw bermek, halkara sergilerini we maslahatlaryny gurnamak, ylmy-tehniki edebiýatlary çap etmek, alymlar, oýlap tapyjylar bilen duşuşyklary gurnamak, daşary ýurtda talyplary aspirantlary okatmak, ylmy we tehniki tarapdan ösen ýurtlar bilen bilen hyzmatdaşlyk etmek.

Türkmenistanyň häzirki ösüş tapgyrynda watanymyzyň tehnologiýalaryny we tehnikasyny işläp taýýarlamak üçin binýatlaryň düýbi tutulýar: häzirki zaman dünýä standartlaryna gabat gelýän Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezi döredildi, onuň binýadynda düýpli we amaly ylmy barlaglar geçirilýär; ýurtda ylmy barlaglara gönükdirilen ylmy ileri tutulmalar kesgitlendi; Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzümi kämilleşdirildi; dünýäniň ösen ýurtlarynyň ylmy barlag edaralary bilen hyzmatdaşlyklar ýola goýuldy; halkara we sebit derejesinde bilimleri we tejribeleri alyşmak amala aşyrylýar; ylmy hünärmenleri taýýarlamak işjeň ýagdaýda amala aşyrylýar, oýlap tapylmalary höweslendirmek üçin zerur şertler döredildi.

Bu babatda ýörite täze ylmy-tehniki binýady döretmek uly ähmiýete eýedir. Nano–, bio, maglumatlar-aragatnaşyk tehnologiýasy, biomateriallar, we biomedisina, molekulýar biologiýa, gen inženeriýasy hem-de nanomateriallary Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkeziniň işine girizilip ösüşlere eýe bolan Türkmenistan üçin täze ugurlardyr. Tehnologiýalar merkezinde senagat, oba we suw hojalyk pudaklarynda, şeýle hem dermanlyk ösümlikler boýunça ylmy-barlaglary geçirilýär we genetiki barlaglary geçirmek boýunça teklipleri goldaýar.

Şeýlelikde, Biotehnogiýalar barlaghanasynyň binýadynda tassyklanan temalaryň çäginde şu aşakdaky ylmy-barlag işleri alnyp barylýar :

- *Derman ösümliklerini biotehnologiýanyň «in vitro» usuly boýunça ösdürmek we onuň immunomodulirleýji häsiýetlerini öwrenmek» (2015–2016 ýý.);*
- *«Biotehnologiýanyň usullary arkaly dermanlyk ösümlikleri köpeltmek we olaryň fiziologik barlaglaryny geçirmek» (2017–2019 ýý).*
- *«Şorlaşan suwarymly ekin ýerleriň duzuny aýyrmagyň we gowaçany takyk ekişe taýýarlamagyň biologiki usullaryny işläp düzmek we önümçilige ornaşdyrmak» (2017–2019 ýý.);*
- *«Oba hojalyk ekinleriň (gowaçanyň we bugdaýyň mysalynda) DNK pasportlaşdyrmagyny amala aşyrmak» (2018–2020 ýý.).*

Tehnologiýalar merkezi ylmy barlaglary geçirmek üçin häzirki zaman enjamlar bilen enjamlaşdyrylan hem bolsa ýokary hünärli ylmy işgärleriň ýetmezçiligi bilen ylmy temalary durmuşa geçirmekde kesgitli kynçylyklary çekýärler. Başga ýurtlaryň ylmy barlag edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň çäginde hünärmenleri taýýarlamak boýunça gysga we uzakmöhletli bilim beriji maksatnamalary, hünär-tälim beriji okuwlaryň geçirilmeginiň zerurlygy ýüze çykýar.

Biodürlüligi gorap saklamak meselelerine ylmy goldawy bermekde Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasy, ÝOM, pudaklaryň instututlary we Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň açylmagy/dikeldilmegi 2009-njy ýylda biodürlüligiň öwrenilmegini, gözegçiligini geçirmäge, ýagaýyna baha bermäge, goralyp saklanmagyny we durnukly peýdalanylmagyny gurnamak üçin ylmy barlaglary ösdürmäge şertleri döretdi.

Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener – tehnologiýalar uniwersitetiniň umumy we amaly biologiýa instituty häzirki wagtda 5 ýyllyk ylmy temalary durmuşa geçirýär:

- *«Altyn Asyr» Türkmen kölüniň sebitiniň ekologiýasyny we biodürlüligini öwrenmek we halk hojalygy üçin teklipleri taýýarlamak» (2016–2020 ýý.);*
- *«Hazarýaka sebitiň we Köýtendagynyň ekologiýasynyň we biodürlüliginiň önümçilik toplumlaýyn öwrenilmegi» (2016–2020 ýý.).*

Tassyklanan ylmy temalara laýyklykda ähli ylmy temalar boýunça ösümlikleriň görnüş düzümini öwrenmek üçin işgärler geobotaniki barlaglary geçirýärler we Türkmenistanyň



*«Altyn Asyr»*
*Türkmen kölüniň zeýakabalary*

ösümlik dünýäsi boýunça maglumatlary ýygnamak üçin her ýylda (ýaz we güýz) yzygiderli meýdan iş saparlaryna gidýärler. Ylmy temalar her 5 ýyldan tassyklanylýar.

Maldarçylyk we weterinariýa instituty şu temalardan ylmy işleri alyp barýarlar:

- *««Altyn Asyr» Türkmen kölüniň sebitinde dowardarçylygy we düýedarçylygy ösdürmekwe öri meýdanlary durnukly dolandyrmak we kesellerden mallary goramak boýunça ylmy esaslary işläp taýýarlamak» (2016–2020 ýý.).*

Ylmy barlaglar, işläp taýýarlamalar, tehnologiýalary geçirmek we täzelikler, bilim bermek, ýaş hünärmenleriň mümkinçiliklerini döretmek we berkitmek dürli halkara taslamalary we maksatnamalary bilen hyzmatdaşlygyň çäginde yzygiderli geçirilýär. Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty (ÇÖHDMI) Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň ylmy barlag edarasy bolup, çöller, biologik dürlülik, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň baýlyklary babatda düýpli we amaly ylmy barlaglary amala aşyrýar. Çölleşmek boýunça ylmy-barlag we taslama institutlaryň güýji bilen halkara bilermenleri bilen bilelikde şu aşakdaky ugurlar boýunça çölleşmäge garşy göreşmek boýunça tehnologiýalaryň asyl nusgasy işlenip taýýarlanyldy:

- Çäge sygynlaryndan we sowrulmalaryndan goranmak üçin süýşýän çägeleri berkitmek we inžener desgalary goramak;
- Fitomeliorasiýa we tokaýlary dikeltmek;
- Öri meýdanlaryň önümliligini ýokarlandyrmak;
- Ýerli çig mallary ulanmagyň hasabyna ösümlikleri ekmek, dikeltmek ýoly bilen çölleri özleşdirmek;
- Atmosfera ygallaryny ýygnamak we toplamak ýoly bilen ýerasty süýji suw goruny döretmek;
- Çölde az sarp etmek üçin gün energiýasyny ulanmak.

Soňky ýyllarda Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi millli instituty tarapyndan şu temalar ýerine ýetirildi we ýetirilýär (2014–2018 ýý.), sol sanda:

– *«Günorta Türkmenistanyň tokaý ekoulgam ösümlikleriniň nematodlaryny we mör-möjeklerini toplumlaýyn öwrenmek» (2012–2015 ýý.).* Geçirilen barlaglaryň netijesinde öňurgasyz haýwanlardan togalak gurçuklaryň (Nematoda) we mör-möjekleriň (Insecta) 23 maşgala we 6 otrýada degişli 83 sany görnüşi anyklanyldy. Pratylenchus pratensis ýaş nahallarda mugthorçylyk edip güýçli zyýan ýetirýär. Barlag geçirilen ýerlerde köp mukdarda çekirtgeler hasaba alyndy – jemi 24 görnüş. Türkmenistanda ilkinji gezek çöl prusynyň, örküçli uly sazak çekirtgesiniň täze ojaklary anyklandy, çekirtgeleriň ýaýraýşy boýunça materiallar ýygnaldy, klimatyň üýgtgeýän şertinde olaryň bioekologiýasy we ösüş aýratynlyklary öwrenildi. Geçirilen barlaglaryň netijesinde zyýanly çekirtgeleriň ojaklaryny anyklamak boýunça gollanma taýýarlandy, olaryň ýaýran ýerleriniň anyk nokatlary boýunça kartalary düzüldi. Bu gollanmalar çapdan çykaryldy we gyzyklanýan guramalaryň arasynda ýaýradyldy.

– *«GIS ulgamyny ulanmak bilen «Altyn asyr» Türkmen kölüniň Baş zeýakabasyna täsirini ýetirýän tebigy we antropogen täsirleri dolandyrmak üçin ýerlere baha bermek we kartalaşdyrmak» (2011–2015 ýý.). Geçirilen barlaglaryň netijesinde* (kosmiki suratlaryň maglumatlaryny ulanmak, ýerlerde hakyky gözegçilikleri geçirmek bilen) maglumatlar toplandy, ol meýdanyň ýagdaýyna gözegçilik geçirmegiň meýilnamalary we ugurlary düzülende, ýerleriň geoekologik ýagdaýyna gözegçilik geçirilende baha bermegiň usullaryny işläp taýýarlamakda, tebigaty goramak çärelerini geçirmekde peýdalanylar. Kosmos suratlarynyň esasynda Baş zeýakabanyň gündogar böleginiň meýdanlary boýunça

(landşaftyň ýagdaýy, ýerleri ulanmagyň kartasy, ösümlik örtüginiň kartasy) tematik kartalar düzüldi. «Altyn asyr» Türkmen kölüniň uzak möhletli täsirini göz öňünde tutmak bilen ýerleriň daş-töwreginde we çöl ekoulgamyň üýtgemek mümkinçilikleri üçin ýörite maglumatlar gorunyň we Baş zeýakaba boýunça GIS-iň döredilmeginiň ugurlary düzüldi.

*«Tebigy ýadygärlikleriň sanawyna landşaftlary we gymmatly tebigy toplumlary goşmak üçin usulyýet çemeleşiklerini kämilleşdirmek» (2014–2016 ýý.).* Ýurdyň AGTÝ has möhüm we olary tebigy ýadygärlikleriň sanawyna goşmak üçin, şol sanda ösümlikler we haýwanat dünýäsiniň görnüşlerinden seýrek we howp abanýan görnüşlere seljerme berildi. Tebigatyň aýan edilen möhüm desgalary üçin käbirleriniň ýazgysy düzüldi. Şeýle hem Zeňňibaba meýdanyna gorag derejesiniň berilmegi barada deslapky teklipler taýýarlanyldy.

*«Garagum çölüniň toýnakly haýwanlaryny we keýikleriň Ogurjaly populýasiýasynyň ýaşaýşa durnuklylygyny barlamak we sugunyň emeli populýasiýasyny döretmegiň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamak» (2013–2015 ýý.).* Bu tema Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Ileri tutulýan taslamalary durmuşa geçirmek boýunça yglan edilen bäsleşiginiň çäginde ýerine ýetirildi. Ilkinji gezek soňky birnäçe onýyllygyň dowamynda Türkmenistanyň, Garagum çölüniň dürli ýerlerini, Murgap-Tejen derýa aralygyny, Bathyzy goşmak bilen çöl ýerlerde toýnakly haýwanlaryň ýaýramagy we sany boýunça gymmatly maglumatlar ýygnaldy. Olaryň sanynyň ösüşine baha berildi we netijede anyklanyldy, Garagumyň merkezi böleginde «Bereketli Garagum» döwlet tebigy goraghanasy döredilenden soňra, onuň meýdanynda jerenleriň sany az hem bolsa häzir ýokarlanyp başlady. Ogurjaly adasyndaky (Hazar goraghanasy) jerenleriň populýasiýasy boýunça geçirilen çäkli barlaglarda olaryň sanynyň artmagy bilen süýji suw ýetmezçiligi we iýmitlik gorunyň ýetmezçiligi bilen kesgitli bir kynçylyklara sezewar bolýandygyny görkezdi. Netijede geçirilen barlaglarda ýagny Murgap, Tejen, Garagum derýalarynyň (öňki Garagum kanaly) kenaraýakalarynda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň töwereginde amyderýa sugunyny göçürmek üçin hiç hili amatly ýeriň ýokdugy anyklanyldy. Toýnakly haýwanlara, esasan hem keýige we gulana ýetýän antropogen täsirleri azaltmak hem-de, Ogurjaly adasynda keýikleriň ýaşaýan ýerlerini gowulandyrmak, şeýle hem «Altyn asyr» Türkmen kölüniň, Murgap, Tejen, Garagum derýalarynyň kenarýakalarynda suguny göçürmek üçin amatly ýerleri döretmek boýunça anyk teklipler berildi.

«Altyn asyr» Türkmen kölüniň zeýakabalarynyň ugrunda süýşýän çägeleri berkitmek usullaryny işläp düzmek we teklipleri taýýarlamak» (2016–2020 ýý.). Meýdan barlaglaryň we ýerleriň şemal, howa we başga materiallaryň esasynda Baş zeýakabanyň we oňa goşulýan ownuk zeýkeşleriň çäge bilen gömülmeginiň öňüni almak, olaryň kenarlaryny fitomelioratiw usullar bilen berkitmek üçin usullar işlenip düzüler.

– *«Tokaý we öri meýdanlary dikeltmegiň usullaryny işläp düzmek» (2016–2020 ýý.).* Tema iki bölümden durýar:

- Zeý-zeýakaba suwlaryny ulanmak bilen adaty pissäni we badamy ekip ýetişdirmek boýunça ylmy-barlaglary geçirmek we önümçilige ornaşdyrmak boýunça ylmy-barlaglary geçirmek;
- Türkmen arçasynyň tohumyny ýygnamak we ekip ýetişdirmegiň tehnologiýasyny işläp taýýarlamak;

Käbir hoz miweli agaçlary ösdürip ýetişdirmek boýunça geçirilýän tejribeleriň netijeleri boýunça, şol sanda duzlulygy dürli derejede bolan zeýakaba-zeýkeş suwlaryny we Garagumyň takyr ýerlerinde ýygnanan ýagyş suwlaryny ulanmak bilen pisse we badam ekip ýetişdirmek boýunça bu ösümlikleriň ösýän ýerlerini giňeltmek maksady bilen teklipler işlenip taýýarlanyldy. Türkmen arçasy Köpetdagda we Balkan daglarynda, daglyk ýerlerde esasy gurşaw emele getiriji agaçdyr. Şeýlelikde, emeli ösdürip ýetişdirmek boýunça uzak wagtlap synag işleri geçirilen hem bolsa göze-görnüp duran netijesi ýok, başga tarapdan



*Hazar düwleni*
*(Phoca caspica)*



*Gyzylgaz*
*(Phoenicopterus roseus)*

onuň tebigy görkezijiligi peselýär. Bu temany ýerine ýetirmegiň çäginde türkmen arçasyny emeli usulda ösdürip ýetişdirmek, onuň tohumyny ýygnamak we taýýarlamak we onuň nahallaryny ösdürip ýetişdirmek boýunça gollanma işläp taýýarlamak meýilleşdirilýär.

– *«Altyn asyr» Türkmen kölüniň we onuň zeýakabalarynyň haýwanat dünýäsiniň görnüş dürlüligini öwrenmek we gorap saklamak boýunça teklipnamalary işläp taýýarlamak» (2016–2020 ýý.).* Ylmy-barlag geçirilýän ýeriň ösümlik we haýwanaat dünýäsi, görnüş düzüminiň üýtgemegi we seýrek we ýitip barýan görnüşleriň sany, şeýle hem haýwanlaryň has gymmatly görnüşleri öwreniler. Çöl zolakda gadymdan geçen bu suw howdanynyň döredilmegi biodürlüligiň baýlaşmagyna uly ähmiýet berýändigini deslapky geçirilen barlaglar görkezdi. Şeýlelikde, bu ýerde dünýä ýüzünde howp abanýan, TGHB-niň sanawyna girizilen Gyzylbaş garamtyl ördegiň *(Aythya ferina)* gyşlaýanlarynyň sany artýar. «Altyn asyr» Türkmen kölüni Ramsar konwensiýasynyň halkara ähmiýetli suw-batgalyk ýerleriniň sanawuna goşmak baradaky teklipler üçin resminamalary taýýarlamak işleri alnyp barylýar.

– *«Klimatyň üýtgeýän şertlerinde Hazar deňziniň biologik dürlüligini öwrenmek we gorap saklamak» (2016–2020 ýý.).* ÇÖHDMI ylmy temasyndan başga-da Hazar döwlet tebigy goraghanasy hem Hazar deňziniň günorta-gündogar böleginiň suw-batgalyk guşlarynyň ekologiýasyny öwrenmek boýunça tema ýerine ýetirilýär. Soňky iki ýylda guşlaryň gyşky sanawy boýunça geçirilen barlaglarda deňziň türkmen bölegine guşlaryň 200 müňe golaýynyň gyşlamaga galýandygy anyklanyldy (öňler käbir ýyllarda 500–600 müňe golaýy hasaba alnypdy). Şol bir wagtyň özünde soňky 20 ýylyň içinde sebit üçin täze görnüşleriň hasabyna biodülüligi baýlaşdy, täze görnüşlerden: Uly çalymtyl çarlak *(Larus hyperboreus)*, uzynguýruk gögümtil jikjiki *(Stercorarius longicaqudus)*, gyzylbaşly togan *(Lanius senator)*, platatumşyk *(Uragus sibiricus)*, ak torgaý *(Calcarius lapponicus)*, akegin süleçi *(Emberiza auriola)*. 2014–2017 ýyllarda geçirilen barlaglaryň netijesinde Hazar deňziniň gündogar kenarýakasynda çarlaklaryň 8 görnüşiniň höwürtgeleýändigi bellenildi: gülegen çarlak *(Larus cachinnans)*, garabaş çarlak *(L. ichthyaetus)*, kepderi pisitnli deňiz çarlagy *(L. genei)*, sakaw çarlak *(Hydroprogne (Sterna) caspia)*, alaburun çerik *(Thalasseus sandvicensis)*, gara çüňk çerik *(Gelochelidon nilotica)*, derýa çerigi *(Sternahirundo)* we kiçi çerik *(S. albifrons)*. Gülegen çarlak bilen garabaş çarlagyň höwürgteleýän ýeri diňe Ogurjaly adasynda bellenildi. Hazaryň aýratyn goralýan ýerinde goraghananyň ylmy işgärleri hazar düwleniniň sanyna gözegçilik işlerini geçirýärler. Şunuň bilen baglylykda, «Hazar deňziniň türkmen böleginde hazar düwlenini gorap saklamak we yzygiderli gözegçilik geçirmek üçin teklip berilýän ýerleri» (2010) taslamasyny bellemek bolar. Bu Ogurjaly adasy – günorta çeti; Uly Osuşnoý adasy – Hazar goraghanasynyň goralýan ýeriniň çäginde ýerleşýär; Düwlenler adasy – ol ýeri daglyk,

daşlyk, gaýalyk. Alymlar düwlenler üçin geljekde Uly Osuşnoý we Düwlenli adanyň ýerlerini ýörite goralýan ýer hökmünde yglan edilmegini maksada laýyk hasaplaýarlar. Ogurjaly adanyň günorta zolagyny (düwleniň ýatagy) Ogurjaly çäkli goraghanasynyň düzümine goşmak mümkin (çäkli goraghananyň araçägi bilen günorta zolagynyň arasy 1500m), Düwlenli meýdançasynda täze goralýan ýeri döredip bolar. Hazar döwlet goraghanasynyň alymlary ýat aralaşan görnüş-küreklije mnemiopsisiň *(Mnemiopsis)* sany boýunça gözegçiligi alyp barýarlar.

Dürli halkara taslamalar we maksatnamalar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň çäginde ylmy barlaglary geçirmek, işläp taýýarlamalar, tehnologiýalary we täze tejribeleri girizmek, hünär bilim bermek, goraghanalaryň ýaş işgärleriniň mümkinçiliklerini berkitmek we döretmek boýunça yzygiderli işler geçirilýär. Bu babatda GGPJ/RSPB halkara ekspertleri uly ýardam berýärler.

Soňky ýyllarda (2015–2018 ýý.) RSPB bilen hyzmatdaşlygyň çäginde Köýtendag goraghanasynyň binýadynda halkara bilermenleriň gatnaşmagynda ýyrtyjy guşlary hasaba almagyň usulyýeti boýunça Türkmenistanyň ähli goraghanalarynyň ylmy bölümi üçin bilim hünärini ýokarlandyrmak okuwy geçirildi. Netijede, goraghanalaryň ylmy bölüminiň işgärleri tebigy şertlerde ýyrtyjy guşlaryň görnüşlerini kesgitlemegi öwrendiler, bu usullar meýdan işleri geçirilende we «Tebigat ýyl ýazgysy» ýazylanda örän möhümdir.

Şeýle hem, RSPB bilen hyzmatdaşlygyň çäginde «Türkmenistanda guşlaryň we tutuş biodürlüligiň gorag derejesini gowylandyrmak» taslamasynyň halkara we milli bilermenleri bilen goraghananyň işgärleri üçin bilelikde Bathyz, Gaplaňgyr, Sünt-Hasardag goraghanalarynda, Günorta-Gündogar (Garabil dag baýyrlygy) Köpetdagda we Günorta-Günbatar Köpetdagda (Demirgazyk-Günbatar, Kiçi we Uly Balkan) ylmy iş sapary gurnaldy. 2017-nji ýylyň aprel aýynda Demirgazyk-Günbatar Türkmenistan (Uzboý aňyrsy etrap) göz öňünde tutulyp, 2018-nji ýylyň maý-iýun aýlary Merkezi Garagumda, Gaplaňgyrda, Gündogar Köpetdagyň dagetek ýerleri, Bathyzda, Günbatar Köpetdagda ylmy iş saparlary geçirildi. Ylmy iş saparynyň maksady MOÝ/IBA hem-de ýyrtyjy guşlar boýunça gözegçilik geçirmek, aýratyn hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna II(EN) derejede (2011) girizilen howp abanýan maslykçy *(Neophron percnopterus)* boýunça gözegçilikleri geçirmekden ybaratdyr. TGHB gyzyl sanawy boýunça bu görnüş EN derejede bellenilýär. Ähli toplanan maglumatlara seljerme bermek we üstünde işlemek bilen, Türkmenistanda maslykçynyň ýagdaýy boýunça Dolandyryş meýilnama işlenip düzüldi. RSPB bilen hyzmatdaşlygyň çäginde geljekde maslykçynyň hasaba alynmagynyň we Ýewropada, Ýakyn Gündogarda we Afrikada maslykçyny goramagyň Dolandyryş meýilnamasyny işläp taýýarlamak zerur.

2016–2018 ýý. GGPJ/RSPB halkara bilermenleriniň we ÇÖHDMI işgärleriniň bilelikde MÖÝ/IBA we ýurudmyzyň suw howdanlarynda suwda ýüzýän guşlaryň gyşlaýan wagtlary sanyny hasaba almak boýunça maglumatlary ýygnamak we gözegçilik geçirmek boýunça ylmy barlag iş sapary geçirildi. Ýewraziýada durnalary öwrenmek we goramak boýunça Iş toparynyň (ÝDÖGIT) wekilleriniň gatnaşmagynda Lebap welaýatynda çal durnalaryň we gazlaryň (çal we uly sakar gaz) hasabyny almak işleri geçirildi.

Şeýle hem 2014–2016-njy ýyllarda RSPB bilen hyzmatdaşlygyň çäginde «Türkmenistanyň tutuş biodürlüliginiň we guşlarynyň gorag hukugyny gowulandyrmak» taslamasy boýunça halkara we milli bilermenleriň Köýtendag goraghanasyna iş sapary gurnaldy. Köýtendag goraghanasy boýunça meýdan ylmy barlaglaryň maglumaty ylmy hasabatda doly berildi (A report of RSPB – supported scientific research at Koytendag State Nature Reserve, East Turkmenistan, iňlis dilinde), geljekde çap etmek üçin ylalaşmaga berildi. Hasabatda barlaglaryň ähli görnüşleri boýunça geljekde geçirilmeli işler üçin teklipler işlenip düzüldi we berildi.

Köýtendagda geçirilen ylmy ekspedisiýanyň netijesinde esasy ylmy açyşlaryň netijeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

_Gidrologiýasy:_ Hojapil obasyna golaý ýerde suwy akyp duran we dürli karst ýerasty kölüň barlygy anyklanyldy; ýerasty köl bilen meýdany 4,400 m$^2$ golaý täze gowak hem anyklanyldy, şeýlelikde bu uly ýerasty köl diňe bir Türkmenistanda däl-de eýsem öňki SSSR-iň içinde hem uly köl hasaplanýar; desganyň meýdanynda üç sany üznüksiz gidrologik ulgamy bar.

_Ösümlik dünýäsi:_ ösümlikler baradaky edebiýatlara düýpli synyň geçirilmegi we gysga wagtda geçen iş saparlarynda geçirilen barlaglaryň netijesinde tassyklandy: desganyň meýdanlarynda ýokary derejeli ösümlikleriň 982 görnüşi, ösýär, olardan 48 görnüş endemikler; 10 görnüş Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna (2011) girizildi we bu desgada ösýän 3 görnüş: adaty hoz – *Juglans regia* (NT), pisse – *Pistacia vera* (NT) we buhara badamy *Amygdalus bucharica* (VU) TGHB-niň Gyzyl sanawyna goşulan.

_Oňurgasyzlar:_ 2015-nji ýylyň ylmy ekspedisiýasynda ylym üçin 2 sany düýbünden täze görnüşler anyklanyldy:

- Içýanyň görnüşi – *Mesobuthus scorpion* (degişli topary, otrýady häzirki wagtda kesgitlenilýär)
- Möýüň täze görnüşiniň – Heser spider tapylmagy tassyklanyldy (onuň ýazgysy häzirki wagtda beýan edilýär).

Edebiýat maglumatlarynyň syny boýunça anyklanyldy:

- Türkmenistan, şol sanda desga üçin hem oňurgasyzlaryň endemik 19 görnüşi.
- dünýä ýüzünde howp abanýan görnüş Sähra süýri çekirtgesi *(Sago pedo)* (VU), (Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizildi, derejesi EN)
- Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna (2011) girizilen görnüşlerdeň 5 sanysy goşmaça bellendi – Gerşlek çekirtge *(Saxetania cultricollis)* (VU), Wyžžyldawuk Antia tomzagy



*Möý*
*(Heser stoevi)*



*Içýan*
*(Mesobuthus gorelovi)*

(*Anthia mannerheimi)* (Rare), Fedçenkonyň wyžžyldawuk tomzagy (*Carabus (Axinocarabus) fedtschenkoi)* (Rare), Doliniň şyrkyldawuk tomzagy (*Melanotos dolini)* (Rare) we Garlyk dadrany (*Melanoides kainarensis)* (VU).

<u>Gowaklaryň haýwanat dünýäsi:</u> 2015-nji ýylda geçirilen barlaglaryň netijesinde ylym üçin täze 9 sany görnüş anyklanyldy:

leňňejiň 2 görnüşi – *Gammarus sp.n.* ‘Garlyk’ we *Gammarus sp. n.* ‘Köýten’; Gapgotan gowagynda *Plusiociampa sp* we aýak guýrujaklylar *(Collembola)*, möý *(Arachnida)* we tomzak *(Coleoptera)*; Kyrkgyz gowagynda aýak guýrujaklylar; Gülşirin gowagyndaky görnüşiň köpaýaklylara degişli bolmagy mümkin.

- Ilkninji gezek *Gammarus subaequalis* hasaba alyndy.
- şeýle hem 3 sany öň hasaba alynmadyk tomzaklaryň görnüşlerinden Gapgotan gowagynda şu görnüş tapyldy – *Bembidion (Ocyturanes) dyscheres, Eremosphodrus (Rugisphodrus) dvorshaki we Cymindis (Paracymindis) asiabadense kryzhanovsky.*
- Toplanan maglumatalara seljerme berilmeginiň dowam etdirilmegi Gapgotanda troglobiotiklerden kürekaýakly leňňeçleriň *(Troglobiotic cyclopoid)* täze görnüşini kesgitlemäge mümkinçilik berer.
- 2012 ý. maý aýynda Gapgotan gowagyndaky kiçiräk suwly ýerde tomzaklar ýygnaldy, ol Xestodium urugyna degişli täze görnüş bolmagy mümkin, 2015-nji ýylda geçirilen barlaglarda olaryň bir sanysy hem tapylmady.




*Köýtendag, Hojapilde tapylan täze görnüşler (Gammarus)*

<u>Balyklar:</u> *2015-nji ýylda desganyň meýdanynda balyklaryň 10 görnüşinden* 7-si hasaba alyndy.

- Endemik görnüş köýtendag köryalaňaç balygynyň *Nemacheilus starostini* (VU) 8 sanysy anyklanyldy.
- Köryalaňaç balyk boýunça barlagyň 2 sany täze tehniki usullary ulanyldy – balyklaryň ýaşaýan ýerinde (in-situ) suwuň aşagynda balyklara uzakdan gözegçilik geçirmek usuly ulanyldy we barlaglary geçirmäge elýetrli bolmadyk ýerlerde köryalaňaç balygyň barlygyny anyklamak üçin DNK üçin nusgalyklar toplandy. DNK nusgalygyny anyklamagyň usulyýeti boýunça goşmaça işleriň geçirilmegi talap edilýär.

<u>Ýerde-suwda ýaşanalardan:</u> desga üçin iki sany täze görnüş hasaba alyndy:

- *Bufo (Pseudepidalea) variabilis* Hojapil, 2014 ý.
- *Bufotes oblongus* Suw oýugyň ýerinde, 2015 ý.

*Guşlar*

- Köýtendagda ýaşaýan resmi taýdan anyklanan guşlaryň 229 görnüşinden 2012-nji ýylyň maý aýyndan 2016-njy ýylyň mart aýyna çenli 154 görnüşi hasaba alyndy.
- Türkmenistan üçin 2 sany täze görnüş bellendi–gimalaý gajary (kumaý) (*Gyps himalayensis)* we adaty koel (*Eudynamys scolopaceus)*.
- Goraghanada belli 8 sany ähliumumy howp abanýan görnüşlerden 5-sanysy hasaba alyndy. Bu ütelgi *(Falco cherrug)*, maslykçy *(Neophron percnopterus)* we sähra bürgüdi *(Aquila nipalensis)* (olaryň ählsi EN derejesinde – ýitip barýan görnüşler), şeýle hem sakally garaguş *(Gypaetus barbatus)* we gajar (*Aegypius monachus* (ikisi hem seýrek görnüşler).
- 11 sany bioma çäklendirilen görnüşlerden 10 sanysy hasaba alyndy: çil käkilik (*Ammoperdix griseogularis)*, Sary petekeli jikjiki *(Parus flavipectus)*, çyparboýun jikijiki (*Parus rufonuchalis)*, hindi aldawajy (*Phylloscopus griseolus)*, ak boýun bilbil *(Irania gutturalis)*, garaboýun çekeýik (*Oenanthe finschii)*, gara çekeýik (*Oenanthe picata)*, arça paltatumşugy (*Mycerobas carniceps)*, süleçisi (*Emberiza stewarti)*.
- Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizlilen (2011 ý.) görnüşlerden goraghananyň çäginde hasaba alnan 17 görnüşden 13 görnüş boýunça maglumatlar toplandy: – gara leglek *(Ciconia nigra)*, sähra göwenegi *(Falco naumanni)*, ütelgi *(Falco cherrug)*, gök bähri *(Falco peregrinus)*, çyparbaş laçyn *(Falco pelegrinoides)*, sakally garaguş, maslykçy *(Neophron percnopterus)*, gajar *(Aegypius monachus)*, ýylançy gyrgy (*Circaetus gallicus)*, sähra garaguşy *(Aquila rapax)*, bürgüt, *(Aquila chrysaetos)*, gyrgypisint garaguş *(Hieraaetus fasciatus)* we jennet uzynguýruk siňekçisi *(Terpsiphone paradisi)*.

*Süýdemdirijiler*

- 1995-nji ýyldan bäri goraghananyň işgärleriniň her ýyldaky gözegçiliginiň netijesi görkezdi: burma şahly tekäniň *(Capra falconeri)* sany 69-dan 2013-nji ýylda 882 çenli ýokarlandy we aýragyň *(Ovis orientalis)* 164-den 250 çenli, ýabany doňzuň sany 250 çenli, şeýle hem 2010 ý. 320 çenli hasaba alyndy. Köýtendagdaky burma şahly tekäniň dünýä ýüzi boýunça alnanda populýasiýasynyň iň bir günbatar we üzňe populýasiýasynyň ýaýran ýeridir.



*Köňtendagyň biodürlüligini öwrenmek boýunça GGPJ/RSPB halkara bilermenleriniň Köňtendag döwlet goraghanasynda ylmy iş sapary*



*Bathyz döwlet tebigy goraghanasynyň biodürlüligi boýunça gözegçilikleri geçirmek üçin surat gapanlary ulanmak (2015 ý.)*

Surat gapanlar bilen alnan suratlaryň deslapky seljermesi şu aşakdakylar:

- Geçigaplaňyň *(Lynx lynx)* köpelýändigi tassyklanyldy. Merkezi Aziýada bu görnüşiň ýaýran ýerleril barada örän az maglumatlar bar.
- Möjegiň *(Canis lupus)* barlygy barada örän köp deliller bar.
- Ownuk ýyrtyjylaryň sähra pişiginiň *(Felix silvestris lybica)*, tilkiniň *(Vulpes vulpes)*, sakartorsugyň (*Meles (meles) canescens)*, şeýle hem samyrlar maşgalasyndan kesgitlenmedik görnüş, mümkin samyryň *(Martes foina)* barlygy barada örän köp deliller bar.
- Towşanyň *(Lepus tolai)* we okly kirpiniň *(Hystrix indica)* barlygy barada örän köp maglumatlar bar.
- Geçigaplaňyň we möjegiň, ikisiniň hem sanynyň köp bolmagy we görkeziji hökmünde aýrak ýaly toýnaklylaryň sanynyň durnuklylygyna bagly bolup ekoulgamda «ýyrtyjy we pida bolan jandaryň» saklanyp galmagydyr.

Biodürlüligi gorap saklmak babatda ýurduň hünärmenleriniň mümkinçilikleriniň berkidilmegi boýunça wezipeleri çözmek üçin ýokary okuw mekdepleriniň bilim maksatnamalarynda ekologiýa gönükdirilen derslere aýratyn orun berilýär. Umumy bilim berýän ugurlardan ähli hünärler boýunça okuw meýilnamalarynda dersleriň esasy bölümleriniň biri «Ekologiýa we daşky gurşawy goramak». Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň pudagara meňzeş bilim maksatnamalaryna dürli göwrümde şu dersler girizildi: «Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsi», «Tebgatdan peýdalanmagyň esaslary», «Tokaýçylyk we tokaýlary köpeltmek», «Türkmenistanyň Dermanlyk ösümlikleri», «Tebigatdan peýdalanmagyň ykdysadyýeti», «Ekologiýa gözegçiligi» we başg. Berilýän bilimiň esasyny ykdysadyýetiň ekologiýa bilen şertlendirilýän, ýagny ekologik hyzmatlaryň düşünjesi we durnukly ösüş, tebigy baýlyklary, ekoenergetikany, suw baýlyklaryny dolandyrmak we başga meseleler öwredilýär.

# 5. GOŞMAÇA MAGLUMATLAR

## 5.1. Gender deňliginiň meseleleri

Dünýäniň syýasy, ykdysady we hukuk giňişligine üstünlikli goşulmak bilen, Türkmenistan häzirki günde, giň, köp taraply ugurlar boýunça, halkara hyzmatdaşlyga çuňňur aralaşmak bilen hukuk gorag ulgamynda maksada gönükdirilen uly işleri alyp barýar, olardan iň möhümleriniň hataryna gender deňliginiň üpjün edilmegi bellenilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukularynyň, ýörelgeleriniň umumy kabul edilen kadalaryna laýylykda, «erkekler we aýallar üçin deň hukuklary we azatlyklary döretmek we jyns aýratynlygy boýunça hiç hili çäklendirmeleri goýbermezlik» döwletiň esasy ileri tutulmalarynyň biri hökmünde ykrar edilendir. Türkmenistan adam hukuklary boýunça BMG-niň ýolbaşçy ýörelgelerini we umumy kabul edilen kararlarynyň gelip çykýan halkara borçnamalaryny hökmany suratda berjaý edýär. 1997-nji ýylda biziň ýurdumyz Zenanlar babatda hukuk kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek baradaky Konwensiýany (CEDAW), 2009-njy ýylda bolsa onuň Goşmaça teswirnamasyny tassyklady. Şeýle hem Türkmenistan aýallaryň ýagdaýy boýunça IV Bütindünýä maslahatynyň (1995) Pekin Jarnamasyna we Platformasyn goşuldy. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň Milli maksatnamalary Durnukly Ösüş Maksatlary (DÖM) bilen özara baglanyşykly, onda bolsa gender deňligi aýallaryň we çagalaryň saglygynyň goragy boýunça wezipeler, bilim, jynslaryň arasyndaky deňligiň ýaýbaňlandyrylmagy, aýallaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi bilen bagly bolan esasy maksatlaryň biri hökmünde kesgitlenilendir.

2015-nji ýylda ýurtda täze «Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklaryny we deň mümkinçiliklerini üpjün etmegiň döwlet kepillendirmesi hakynda» Kanun kabul edildi we «2015–2020-nji ýyllarda Türkmenistanda gender deňligini üpjün etmek boýunça hereketleriň milli maksatnamasy» işlenip taýýarlanyldy. Jemgyýetçiligiň daşky gurşaw boýunça maglumatlara elýeterligi we karar kabul etmeklige gatnaşmagy hem-de adyl kazyýetlige elýeterlik baradaky Orhus konwensiýasynyň 1999-njy ýylda tassyklanmagy ýurtda ekologiýa syýasatynyň amala aşyrmaga çekmek maksady bilen daşky gurşawy goramak meselelerine baglylykda kararlar kabul edilende aýallaryň gatnaşmagy üçin täze mümkinçilikler döredildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasy we ähli tebigaty goramagyň kanunlary ekologik maglumatlary almaga zenanlara elýeterligi kepillendirýär. Ýurduň döwlet standartyna ýörite madda goşuldy «Türkmenistanda hojalyk we beýleki meýilleşdirilen

işleriň daşky gurşawa ýetirýän täsirine baha bermek (DGTBB)» we onda DGTBB düzgüninde jemgyýetçiligiň gatnaşmagyny we DGTBB boýunça ekologiýa meselelere elýeterligi göz öňünde tutuldy, bularyň ählisi Orhus konwensiýanyň talaplaryna laýyk gelýär. Erkekleriň we aýallaryň hukuklary, umumy gender meseleleri birnäçe kanunçylyk namalarda bar, olardan:

- Türkmenistanyň «Aýallaryň deňhukuklygynyň döwlet kepillikleri hakyndaky» kanuny (2007 ý.);
- Türkmenistanyň Maşgala kodeksi (2012 ý.);
- Ilatyň durmuşy goraglylygy hakyndaTürkmenistanyň kodeksi (2012 ý.).

Aýallaryň ekologiýa jemgyýetçilik guramasyna maliýe goldawyny bermek üçin Daşky gurşawy goramak boýunça milli hereketler meýilnamasynda (TDGHMM) jemgyýetçilik ekologik hereketleri we daşky tebigy gurşawy goramak babatda anyk netijeleri gazanmaga gönükdirilen taslamalary ýerine ýetirmek üçin döwlete dahylsyz guramalara berilýän kiçi grantlar ulgamynda göz öňünde tutuldy.

Türkmenistan adamyň hukuklar boýunça düýpli halkara resminamalaryň birnäçesini tassyklamak we öz üstüne alan halkara borçnamalaryny berk gözegçilikde saklamak bilen adam hukuklaryny goramakda milli ulgamda özgertmeleri dowam edýär we dünýä bileleşiginiň öňünde alan borçlaryny yzygiderli durmuşa geçirýär. Erkekleriň we aýallaryň deň hukukly meseleleri we aýallaryň giň hukuklaryna ygrallygy bilen meşgullanýan dolandyryş gurama – Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň Adam hukuklary we demokratiýa milli instituty, ol 1996-njy ýylda döredildi.

Türkmenistanda zenanlaryň saýlawy üçin ýüzleý kadalar (kwota) ýok, ýöne ýurdyň syýasy durmuşyna olaryň gatnaşygynyň hakyky mümkinçilikleri şu aşakdaky maglumatlaryň üsti bilen subutlandyrylýar: Türkmenistanyň Mejlisinde (Parlament) deputatlaryň saýlawunyň 5-nji çagyryşynyň jemi boýunça (2013 ý. 15-nji dekabr), 33 zenan saýlandy, umumy deputatlaryň sanynyň 26,4%, bu ortaça dünýä möçberi boýunça alnanda (22,8%). Ýerli öz-özüni dolandyryş saýlanan wekilleriň arasynda zenanlar welaýat derejesinde 16,67%; 20,21% şäher we etrap derejesinde hem-de oba hojalygynda 18,68%. Ykdysadyýet bilen meşgullanýanlaryň içinde zenanlaryň paýyna 2013-nji ýylda 44% deň boldy. Zenanlar döwletiň dolandyryş işine we daşary syýasat işine gatnaşýar. Türkmenistanyň iri we orta kärhanalarynyň işgärleriniň arasynda (2014 ý. ýagdaýyna çenli) ortaça ýurt boýunça alnanda işleýän zenanlar 40 göterimi eýeleýär. Zenanlaryň umumy sanynyň 38,7 göterimi bilim ulgamynda, 14,8 göterimi saglygy saklaýyş we hyzmatlar ulgamynda, 10,7 göterimi gaýtadan işleýän senagatda işleýär. Türkmen zenanlarynyň täze ugurlar telekeçiligi ösdürmäge gatnaşmaklarydyr. FAO-nyň goldamagynda Minsk şäherinde (25–26.02.2016 ý.) geçirilen duşuşykda bilermenleriň çykyşlary diňlenip sebitiň ähli ýeri, şol sanda Türkmenistan üçin möhüm meseleler anyklanyldy. Ilkinji nobatda bu statistiki maglumatlara degişli – sebitiň ýurt derejesinde mysal üçin oba ýerleriniň we agrar pudagyň, daşky gurşawy goramak we biodürlüligi gorap saklamak babatda gender meselelerini ösdürmäge täsirini ýetirýän ýeke-täk statistiki platforma ýok. Genstat-Region binýady döredildi, ýagny her ýylda Türkmenistanyň döwlet statistiki işleriniň maglumatlary berilýän statistiki meýilnamasyna laýyklykda, tebigaty goramak babatynda hem işler görkezilmeýär.

BMG-niň ýurdyň ilat sanynyň gaznasy babatda (UNFPA, United Nations Population Fund (UNFPA) ol zenanlaryň hukuklaryny höweslendirmek, gender deňligine ýardam bermek, adam hukuklary, şol sanda GEDAW boýunça halkara şertnamalar boýunça özüniň borçnamalaryny ýerine ýetirmek bilen Türkmenistanda adam hukuklarynyň milli ulgamyny goldamakda ol 20 ýylyň dowamynda Türkmenistanyň Hökümetiniň strategik

hyzmatdaşy bolup hyzmat edýär. Köp ýyllaryň dowamyndaky hyzmatdaşlykda döwletimiz gender deňliginiň meselesi boýunça ýuwaş-ýuwaşdan we yzygiderlikde neijeleri gazandy. Olaryň hatarynda gazanylan üstünlikler soňky kabul edilen 2016–2020-nji ýyllarda Türkmenistanda gender deňliginiň meseleleri boýunça milli hereketler meýilnamasy – ol ýaşaýşyň ähli ugurlary boýunça gender meseleleri hasaba almak we gender deňligini öňe sürmek üçin gural bolup hyzmat edýän resminamadyr. Milli kanunçylygy üpjün etmek babatynda we ony degişli halkara standartlaryna gabat getirmekde UNFPA gender täsirleri hasaba almak bilen ösüş babatda strategiýalaryň, maksatnamalaryň we kanunlaryň hakyky maglumatlaryna esaslanyp işlenip düzülmeginde tehniki goldaw bermegi dowam edýär. UNFPA-nyň şeýle hem gender deňligini üpjün etmek boýunça Milli hereketler meýilnamasynyň netijeli gözegçiligini amala aşyrmak üçin dolandyryş mehanizmleri we milli kanunçylygy berkitmekde Hökümetiň işi üçin uly mümkinçiliklere eýedir. UNFPA şeýle hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeperiniň bilim maksatnamalarynda, uniwersitetleri, orta mekdepleri we Türkmenistanyň Prezdentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň döwlet gullugy akademiýasyny goşmak bilen gender meselelerini utgaşdyrmaga goldaw bermegini dowam edýär.

Zenanlary mümkinçiligini ýurtda üstünlikli durmuşa geçirmek üçin döwlet, ýerli derejelerde, ýerli administrasiýanyň, ýerine ýetiriji häkimietiň, jemgyýetçilik guramalaryň we ýerli bileleşikleriň wekilleri hökmünde kararlaryň kabul edilýän işlerine olary işjeň çekmek zerurdyr. Şeýle hem daýhan hojalygynyň derejesinde ýer we suw baýlyklaryny dolandyrylmagynda aýallary çekmek zerurdyr, bu bolsa oba ýaşaýjylary üçin okuw amaly maglumatlary geçirmek ýoly bilen amala aşyrylar. Bu işleri Oba hojalygy we daşky gurşawy goramak ministrligi we Suw hojalyk döwlet komiteti ulgamynda, ýa-da jemgyýetçilik guramalaryň taslamalarynyň çäginde daýhanlaryň meýdan mekdebini ýa-da ýörite maglumat-bilim beriji okuwlary döretmek arkaly amala aşyrmak mümkin. Gender çemeleşikleri barada hünärmenleriň (şol sanda kararlary kabul edýän adamlar) habarlylygyny ýokarlandyrmak bilen aýal-gyzlary çekmek boýunça işleriň utgaşykly alnyp barylmagy wajyp. Ilatyň habarlylygyny ýokarlandyrmak boýunça işleriň dowam edilmegi zerur, esasan hem hem zenanlaryň hukuklary boýunça oba ýerlerinde, şeýle hem oba hojalygyny ýöretmek üçin öňde baryjy az çykdajyly tehnologiýalary ýa-da maliýe, suw, ýer serişdeleri ýaly olaryň dürli çeşmelere elýeterliligini gowulandyrar. Jemgyýetçilik guramalary we serişdeler merkezleri oba ilatynyň bilim derejesini ýokarlandyrmakda alnyp barylýan işlere goldaw berip bilerler.

# GOŞUNDYLAR

## 1-nji goşundy. Degişli web-saýtlardan goşmaça maglumatlary we gowy nusgalyk tejribeleri ýygnamak boýunça halkara maglumatlara salgylanmak:

| | |
|---|---|
| Taraplaryň Konwerensiýasy boýunça maglumatlar | www.cbd.int/iyb/doc/prints/cbd-sustain-en.pdf |
| BDK-nyň Biohowpsuzlyk boýunça Kartahen protokoly | www.cbd.int/convention/convention.shtml |
| BDK-nyň genetiki baýlyklar boýunça Nagoý Protokoly | www.cbd.int/convention/cops.shtml |
| BDK-nyň biohowpsuzlyk boýunça aralyk mehanizmi | www.cbd.int/biosafety/about.shtml |
| BDK Aralyk mehanizmi | https://www.cbd.int/abs |
| Biodürlüligiň meselesi boýunça müňýyllyklaryň öňündäki ekoulgama baha bermegiň jemleýji nutugy | www.cbd.int/biosafety/bch.shtml |
| TGHB-niň Ýitmek howpy abanýan ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleriiň Gyzyl sanawy | www.cbd.int/chm |
| BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy (UNEP) | www.millenniumassessment.org/en/Synthesis.aspx |
| BMG-niň Klimatyň üýtgemegi hakyndaky Çarçuwaly Konwensiýasy (BMGKÜÇK) | www.iucnredlist.org |
| BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş boýunça Konwensiýasy (ÇGGK) | www.unep.org |
| BMG-niň Azyk we oba hojalyk (FAO) | http://unfccc.int/2860.php |
| Ýabany haýwanat dünýäsiniň we ösümlik dünýäsiniň ýitmek howpy abanýan görnüşleriniň halkara söwdasy hakyndaky Konwensiýasy (CITES) | www.unccd.int |
| Suw-batgalyk ýerler hakyndaky Ramsar Konwensiýasy | www.fao.org |
| Göçýän görnüşler hakyndaky Konwensiýa | www.cites.org |
| Drinking Water, Biodiversity and Development/ Good Practice Guide Booklet | www.ramsar.org |
| Biodiversity, Development and Poverty Alleviation/ International Day for Biological Diversity 2010 Booklet | www.cms.int |
| Ecosystem Goods and Services in Development Planing / Good Practice Guide Booklet | https://www.cbd.int/development/doc/cbd-good-practice-guide-water-booklet-web-en.pdf |
| The Biodiversity Finance Initiative – BIOFIN | https://www.cbd.int/doc/bioday/2010/idb-2010-booklet-en.pdf |
| Ecosystem Goods and Services in Development Planning / Good Practice Guide Booklet | https://www.cbd.int/development/doc/cbd-good-practice-guide-ecosystem-booklet-web-en.pdf |
| The Biodiversity Finance Initiative – BIOFIN | https://www.biodiversityfinance.net |

## 2-nji goşundy. PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLARYŇ SANAWY


1. O.Annamuhamedow, H.Hançaýew, Ý.Kepbanow, S.Weýsow, A. Şadurdyýew. Türkmenistanda öri meýdanlary we örüde bakylýan maldarçylyk. Aşgabat ş. Ylym, 2014-nji ýyl – 132 s.
2. B.A. Arzumanow, Ýe.A.Butkow, M.K.Turdiýewa, K.I.Baymetow, A.A.Ýushew. Merkezi Aziýanyň miweli we hoz-miweli ösümlikleriniň ösümlik serişdeleri we olaryň ýerli assortimenti düzmekde tutýan orny. Bioversity International. Rim. Italiýa.2015-nji ýyl.
3. Hazar deňzi. Daşky gurşawyň ýagdaýy. Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň we «KASPEKO» taslamasyny dolandyrmak we utgaşdyrmak býürosynyň Sekretariýatynyň çykyşy. 2011-nji ýyl.
4. Ý.Kepbanow, B.B. Ballyýew Türkmenistanda tebigaty goramak işini gurnamak. Aşgabat 2018-nji ýyl – 323 s.
5. Ý.Kepbanow. Türkmenistanda tokaýlary hukuk taýdan dolandyrmagyň aýratynlyklary – Kitapda: LegalAspects of European Forest Sustainable Development. Proceedings of the 14th International Symposium Minsk, Republic of Belarus 19–21 September 2012 Minsk, IUFRO, 2012.
6. Ý.Kepbanow. Türkmenistanda öri meýdanlaryny durnukly dolandyrmak. (Türkmenistanyň «Öri meýdanlary barada» kanunynyň esasy düzgünleri). Aşgabat, GIZ, 2017-nji ýyl.
7. BMG-niň maglumatlara, jemgyýetçiligiň çözgütleri kabul etmäge we daşky gurşawa degişli soraglarda adalatlylygyň elýeterligi boýunça konwensiýasy (ulanmak üçin gollanma) Aşgabat, Türkmenistanyň Döwlet Çaphana Gullugy, 2013-nji ýyl.
8. Türkmenistanyň döwlet tebigy goraghanalarynyň taryhy. 2017–2018 ýý.
9. A. Markandiýa, Ýe. Strukowa, O.Güýçgeldiýew, Ekoulgamlar hyzmatlary, baha bermek usullary we Türkmenistanda ulanmagy. Gollanma. Aşgabat 2014-nji ýyl.
10. 2020-nji ýyla çenli Milli tokaý Maksatnamasy. Aşgabat 2013-nji ýyl.
11. 2018–2023-nji ýyllar aralygynda biodürlüligi gorap saklamak boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasy. Aşgabat 2015-nji ýyl.
12. 2017-nji ýylda Türkmenistanda Daşky gurşawy goramak we tebigy serişdelerden peýdalanmak. Statistiki ýygyndy. Aşgabat 2018-nji ýyl.
13. Daşky gurşawa degişli soraglarda adalatlylygyň elýeterliligine bolan hukuk. BMG-niň ÝYK «Maglumatlara, jemgyýetçiligiň çözgütleri kabul etmäge we daşky gurşawa degişli soraglarda adalatlylygyň elýeterligi» barada konwensiýasyny Türkmenistanda ulanmak boýunça Gollanma. Aşgabat, «Orhus–merkezi», 2014-nji ýyl.
14. Türkmenistanyň aýratyn goralyp saklanýan ýerlerini 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Maksatnamasy. Ýyl ýazgylary. Aşgabat, 2014-nji ýyl.
15. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda kabul eden Rezolýüsiýasy. 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş babatynda Gün tertibi.
16. Suw serişdeleri bilen bagly ekoulgam hyzmatlaryna ykdysady taýdan baha bermek boýunça Gollanma. Almaty: OO «Ost–XXI asyr». 2013-nji ýyl. – 40 s.
17. E.A.Rustamow, B.Ýe.Božko, A.A.Şerbina. Türkmenistanyň awçylyk serişdeleri we olaryň durnukly ulanylşy. Ýyl ýazgylary. Aşgabat, 2018-nji ýyl.

18. E.A.Rustamow. Türkmenistanyň ornitofaunasynyň konspekti, görnüş 2018-nji ýyl. – Kitapda.: Gerpetologiki we ornitologiki gözlegler: häzirki zaman nukdaýnazarlar. Ylmy ýygyndy. Sankt-Peterburg – Moskwa. 2018-nji ýyl.

19. E.A.Rustamow, D.R. Uelş, M.Brombaher. Türkmenistanyň esasy ornitologiki ýerleri. Aşgabat 2009-njy ýyl.

20. 2011–2020-nji ýyllar aralygy biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça strategiki meýilnama we biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça Aýtide kabul edilen ýörite maksatlar. Biodürlülik hakyndaky Konwensiýasy. BDK taraplarynyň çözgütleri. Websaýt: www.cbd.int

21. 2015–2020-nji ýyllar aralygy biodürlüligi gorap saklamagyň Strategiýasy. Ýyl ýazgylary. Aşgabat, 2015- nji ýyl.

22. Klimatyň üýtgemegi barada BMG-niň Çarçuwaly konwensiýasy boýunça Türkmenistanyň üçünji milli Habarnamasy. Aşgabat, Ylym, 2017-nji ýyl-158 s.

23. Türkmenistan we gender usuly. Halkara oba hojalyk žurnaly №3, 2017-nji ýyl.

24. Türkmenistan. BMG-niň biodürlülik barada konwensiýasynyň çözgütlerini milli derejede ýerine ýetirmek boýunça Bäşinji hasabat. Aşgabat, 2015-nji ýyl. Web-saýt: www.cbd.int

25. Ýer serişdelerini durnukly dolandyrmak. Ýagdaýy seljermek we ösüşiň mümkinçilikleri. Aşgabat, 2011- nji ýyl.

26. Tokaý ekoulgamlaryny durnukly dolandyrmak. Türkmenistanyň oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň ÇÖHDMI. Aşgabat, 2017-nji ýyl.

27. Merkezi Aziýa boýunça «Merkezi Aziýada Suw hyzmatdaşlygy» atly halkara ylmy-amaly konferensiýasy. Türkmenistanda suw serişdelerini dolandyrmakda zenanlaryň orny. R.P.Berkeliýewa. Türkmenistan// Gazagystan Respublikasy, Almaty. 2014-nji ýyl.

28. A.A.Şestopal, E.A. Rustamow. Türkmenistanyň ýerde we suwda ýaşaýan we süýrenijiler faunasynyň konspekti, görnüş 2018-nji ýyl – Kitapda: Gerpetologiki we ornitologiki gözlegler: häzirki zaman nukdaýnazarlar. Ylmy ýygyndy. Sankt-Peterburg – Moskwa. 2018-nji ýyl.

29. Türkmenistanda we Özbegistanda elguşyň (sähra pigalisa) migrasiýasynyň esasy tapgyry (Vanellus gregarious). Pol Donald we başgalar. Rýabkow. № 38. 2016-njy ýyl.

30. Beýik Britaniýa Patyşalygyň Guşlary goramak jemgyýetiniň ýardamlygynda Köýtendag Döwlet Goraghanasynda geçirlen ylmy gözlegler boýunça hasabat – Gündogar Türkmenistan. Welch G., Stoew P. (Eds.) 2018-nji ýyl.

31. Repetek Döwlet Goraghanasy (Türkmenistan). Döwürleýin Barlaglaryň Hasabaty 2005–2014-nji ý.ý. UNESCO. 2016. Web-saýt: www.unesco.org/mab

32. Taslama «Türkmenistanyň gurak sebitlerinde oba hojalygy bilen meşgullanýan ilatyň klimatyň täsiri bilen bagly duemuş-ykdysady ýagdaýlarynyň durnuklylygyny üpjün etmek».

33. ESVAL 2014. Tebigat we ykdysadyýet. Türkmenistanda ekoulgam hyzmatlaryna baha bermegiň netijeleri. Tehniki hasabat. Aşgabat 2014-nji ýyl.

## 3-nji GOŞUNDY. Suratlar


1


2


3


4


5


6


7


8


9


10

1. Ýeroýulanduz çöketligi, Bathyz; 2. Gajar *(Aegypius monachus)*;
3. Keýikler *(Gazella subgutturosa)*
4. Körýalaňaç balyk – Türkmenistanyň endemigi *(Nemacheilus (Noemacheilus) starostini)*;
5. Ýeroýulanduzda alajabarsyň yzlary *(Panthera pardus)*; 6. Jakmontyň arumy *(Arum jaçquemontii)*;
7. Teneçir *(Dragonfly sp.)*; 8. Çalasyn suwulgan *(Eremias velox velox)*;
9. Тюльпан *(Tulipa)*; 10. Gyzylgaz *(Phoenicopterus roseus)* Mihail adasynda.

## GYSGALTMA

ABŞ – Amerikanyň Birleşen Ştatlary

AGTÝ – aýratyn goralýan tebigy ýerler

AOG/FAO-niň azyk we oba hojalyk guramasy

AHEG – Araly halas etmek gaznasy

BD – biologik dürlülik

BDK – BMG-niň biodürlülik baradaky konwensiýasy

BDK YTTMKG – Biodürlülik konwensiýanyň ylym, tehnika we tehnologiýa maslahatlary boýunça kömekçi guramasy

BEG – Bütindünýä ekologik gaznasy

BGMSHM – biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýa we hereketler meýilnamasy

BMG – Birleşen Milletler guramasy

BMG ÇGGK – BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasy

BMG DGM/UNEP – BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça maksatnamasy

BMGIG/ UNFPA – BMG-niň ýurduň ilaty boýunça gaznasy

BMG ÖM – BMG-niň Ösüş maksatnamasy

BMGSÖG – BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy

BMGBYMG/ UNESCO – BMG-niň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy

BMG ÝYK/UNECE – BMG-niň Ýewropa ykdysady topary

BMG/KÜÇK – BMG-niň Klimatyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasy

ÇÖHDMI – Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty

DB – daýhan birleşikleri

DDJG – döwlete dahylsyz jemgyýetçilik guramalary

DGG – daşky gurşawy goramak

DGGHMM – Daşky gurşawy goramak boýunça hereketleriň milli meýilnamasy

DGGŞFE – Daşky gurşawy goramak boýunça Şweýsariýanyň federal edarasy

DGTBB – daşky gurşawa ýetýän täsirlere baha bermek

DÖDK – Durnukly ösüş boýunça döwletara topary

DÖM –Durnukly ösüş maksatlary

Döwletiýaçýer – döwlet ätiýaçlyk ýerler

EHT – ekoulgam hyzmatlaryna tölegler

EBSA/DEBÄÝ – deňziň ekologik we biologik ähmiýetli ýerleri

EYB – ekoulgam ykdysadyýeti we biodürlülik

EYR – Eýran Yslam Respublikasy

ECARO – Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça TGHB-niň sebitara bölümi

ESPO – BMG-niň serhetüsti bilen bagly daşky gurşawa ýetýän täsirlere baha bermek baradaky konwensiýasy

GIZ – Halkara hyzmatdaşlyk boýunça Germaniýa jemgyýeti

GIS – geografik maglumatlar ulgamy

GÖO – genetiki özgerdilen organizmler

GÝM – Görnüşleriň ýaşaýyş maksatnamasy

HMHM – Milli Hazar hereketler meýilnamasy

HMM – Herketleriň Milli meýilnamasy

HJ – hojalyk jemgyýeti

HÖHG – Hukugy ösdürmek boýunça halkara gurama

IEBG – Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy

KHBS – köpçülikleýin habar beriş serişdeleri

MASEM – Merkezi Aziýanyň sebitara ekologik merkezi

MASRB – Merkezi Aziýanyň Sebitara Ramsar başlangyjy

MH – milli hasabat

MOÝ/IBA – möhüm ornitologik ýerler

NDGI – Netijeli dolandyrmakda gözegçilik usulyýeti

NTBI – Norwegiýanyň tebigat barlaglary instituty

PT – Hazar deňziniň meseleleri boýunça Türkmenistanyň pudagara topary

Ramsar-konwensiýasy – esasan hem suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan ýerleri hökmünde halkara ähmiýeli suw-batgalyk ýerler baradaky konwensiýasy

RJÖA – Raýatlyk jemgyýetiň ösüş assosiýasiýasy

SSSR – Sowet Soýuzynyň Sosialistik respublikasy

TABBJ – Türkmenistanyň awçylar we balykçylar birleşen jemgyýeti

TDU – Magtymguly adyndaky türkmen döwlet uniwersiteti

TTGJ – Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýeti

TGHB-niň/IUCN – Tebigaty goramagyň halkara bileleşigi

TOHU – S.Nyýazow adyndaky Türkmen döwllet oba hojalyk uniwersiteti

TOHDGGM – Türkmenistanyň oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi

TÝ BAM – Türkmenistanda ýörite bellenen aw meýdanlary

TSHDK – Türkmenistanyň suw hojalyk döwlet komiteti

UG – Uýgunlaşmak gaznasy

YBI – ylmy barlag işleri

YÖM – ylmy önümçilik merkezi

ÝB – Ýewropa Bileleşigi

ÝBDOAÝB – Ýer baýlyklaryny dolandyrmak baradaky Orta Aziýa ýurtlarynyň başlangyjy

ÝDÖGIT – Ýewraziýada durnalary öwrenmek we gorap saklamak boýunça iş topary

ÝHÖHSK/CITES – Ýabany haýwanlaryň we ösümlikleriň howp abanýan görnüşleriniň halkara söwdasynyň konwensiýasy

ÝTBG – Ýabany tebigatyň Bütindünýä gaznasy

ÝHHG – Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy

Ýokary okuw mekdepleri

CEDAW – Aýallar babatda kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak baradaky konwensiýasy

CMS – Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerini gorap saklamak boýunça konwensiýasy

In-situ – görnüşleriň tebigy ýerlerinde goramak

ex-situ – görnüşleri tebigy ýerlerinden daşarda goramak

# MAZMUNY

GIRIŞ....8

1. 6-njy milli hasabatyň işlenip taýýarlanyşy ....11

2. Biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýa
we hereketler meýilnamasy ....14

3. Biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýanyň we hereketler
meýilnamasynyň ýerine ýetirilişini seljermek we baha bermek ....17

3.1. I-nji maksat. Biodürlülik bilen bagly tebigaty goramak kanunçylygynyň
ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirmek ....17

3.1.1. 1-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanyň tebigaty goramak
babatda kanunçylygynyň ähli talaplaryny göz öňünde tutýan
kanunçylyk namalary (şol sanda düzgünler we kadalar) täzelener ....17

3.1.2. 2-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli biodürlüligiň goralyp saklanmagyny
üpjün etmek üçin maddy-tehniki binýadyň we tejribe alyşmagyň
guramaçylyk düzümi, şeýle hem kanunçylyk boýunça pudagara
gatnaşyklar gowulanar ....19

3.2. II-nji maksat. Adam täsiri astyndaky ýaşaýyş ýerleriniň (öri meýdanlary,
sürüm ýerleri, suw ýataklary, tokaýlar, awlaglar) we biodürlüligiň
durnukly peýdalanylmagy ....22

3.2.1. 3-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda tebigy öri
meýdanlary durnukly dolandyrmak boýunça uzakmöhletleýin
maksatnamany işläp taýýarlamak we kabul etmek ....22

3.2.2. 4-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda tokaý hojalygyny ösdürmekligiň esasy düzgünlerini durmuşa geçirmek ....................................25

3.2.3. 5-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli biodürlüligiň meselelerini degişlilikde göz öňünde tutýan Türkmenistanyň suw serişdlerini (baýlyklaryny) tygşytly peýdalanmak boýunça maksatnamany işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek .........................................29

3.2.4. 6-njy wezipe: 2023-nji ýyla çenli suw we biologik serişdeleri (baýlyklary) rejeli peýdalanmaklygy işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek .........................................................................33

3.3. III-nji maksat Senagatyň gazyp alynýan pudagyny ösdürmekde ykdysadyýet bilen biodürlüligiň arasyndaky deňagramlylygy saklamak ........................................39

3.3.1. 8-nji wezipe: 2022-nji ýyla çenli gazyp alynýan pudaklarynyň daşky gurşawa täsire baha bermekliginiň we ekologiýa taýdan dolandyrmagynyň çäklerinde gözegçiligi güýçlendirmek we biodürlüliligi gorap saklamak boýunça kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň binýadynyň gowulandyrylmagy ......................................39

3.3.2. 9-njy wezipe: 2023-nji ýyla çenli ykdysadyýetiň biodürlülige güýçli derejede täsir edýän pudaklaryndan alynýan girdejileriň hasabyna biodürlüligi gorap saklamaklygy maliýeleşdirmegiň usulyny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak ...............................................45

3.4. IV-nji maksat. Tebigatyň goraglylygyny we biodürlülikden alynýan durmuş-ykdysady peýdany ýokarlandyrmak üçin aýratyn goralýan tebigy ýerleri ösdürmek ....................................................................................................50

3.4.1. 10-njy wezipe: 2023-nji ýyla çenli aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny dolandyrmagyň netijeliligi has ýokarlandyrylar ..............................50

3.4.2. 11-nji wezipe: 2030-njy ýyla çenli ýitmek howpy astyndaky görnüşleriň 95%-ni öz içine alýan we möhüm ekologik wezipeleri (suw ýataklaryny goramak, topragyň zaýalanmagyna garşy göreş, çölleşmegiň öňüni almak we başg.) üpjün edýän aýratyn goralýan tebigy ýerleriň, şol sanda milli tebigy seýilgähleriň, tebigat ýadygärliklerinin, tebigy çäkli goraghanalaryň meýdanyny 10-12% giňeltmek ...........................53

3.4.3. 12-nji wezipe: 2023-nji ýyla goralýan tebigy ýerleriň ulgamy durmuş-ykdysady taýdan kesgitli, şol sanda ekologik syýahatçylyk we ekoulgam hyzmatlary bilen baglylykda dürli peýdalary getirýär ..........................................................................................56

3.5. V-nji maksat. Biodürlüligiň hem-de ekoulgam hyzmatlaryň möhümligi we artykmaçlyklary bilen bagly meselelere düşünmeklik we habarly bolmaklyk ...........................................................................................................60

3.5.1. 13-nji wezipe: 2023-nji ýyla çenli jemgyýetçiligiň, şol sanda çözgütleri kabul edýän wezipeli adamlaryň biodürlüligiň we ekoulgam hyzmatlarynyň möhüm ähmiýeti (pul görnüşinde aňladylan) barada habarlylygyny ýokarlandyrmak ..........60

4. Aýtide kabul edilen biodürlüligi gorap saklamak we peýdalanmak boýunça dünýä ähmiýetli maksatlaýyn wezipeleri ýerine ýetirmekde milli goşandyň beýany ..........70

4.1. 9-njy maksatlaýyn wezipe. 2023-nji ýyla çenli ýat görnüşler we olaryň aralaşmagynyň esasy ýollary kesgitlendi we toparlara bölündi, esasy görnüşler kadalaşdyrylýar ýa-da ýok edilýär, olaryň ornaşdyrylmagynyň ýa-da getirilmeginiň öňüni almak üçin olaryň aralaşýan ýollaryny kadalaşdyrmak boýunça çäreler geçirilýär ..........70

4.2. 10-njy maksatlaýyn wezipe. Bütewiligini we kadaly hereketini goldamak maksady bilen, 2015-nji ýyla çenli howanyň üýtgemegi ýa-da ummanlaryň suwunyň turşamak hadysasynyň täsirine sezewar bolýan merjen adalaryna we beýleki durnuksyz ekoulgamlara adamyň işjeňliginiň (antropogen) köpsanly täsirleri iň pes derejä çenli azaldylar ..........72

4.3. 12-nji maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli howp abanýan belli görnüşleriň ýitmeginiň öňi alnar, olaryň, hususan-da, sany has azalýan görnüşleriň goralyp saklanmak derejesi goldanylar we gowulanar ..........75

4.4. 13-nji maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli medeni ösümlikleriň we oba hojalyk hem-de öý haýwanlarynyň, şeýle hem olaryň ýabany kowumlarynyň genetiki biodürlüligi goldanýar ..........80

4.5. 16-njy maksatlaýyn wezipe. 2015-nji ýyla çenli genetiki baýlyklaryň elýeterliligi we olary ulanmakdan alynýan peýdany bilelikde peýdalanmak hakynda Nagoýa Teswirnamasy güýje girdi we hereket edýär ..........84

4.6. 18-nji maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli biologik baýlyklary gadymdan ulanyp gelýän ýerli we oturymly ilatyň tejribelerini, täzeçil adatlaryny, urp-adat, däp-dessur bilimleriniň goldanmagy üpjün edildi ..........87

4.7. 19-njy maksatlaýyn wezipe. 2020-nji ýyla çenli biodürlülik, onuň ykdysady gymmatlylygy we hereket etmegi, derejesi we üýtgemek meýli, şeýle hem netijeleri bilen bagly bilimler, ylmy binýat we tehnologiýalar kämilleşen, bilelikde giňden ulanylýar we nesilden-nesle geçirilýär ..........91

5. Goşmaça maglumatlar ....................................................................................................101

5.1. Gender deňliginiň meseleleri ....................................................................................101

GOŞUNDYLAR .....................................................................................................................104

1-nji GOŞUNDY. Goşmaça maglumatlary toplamak we nusgalyk tejribeler boýunça degişli web-saýtlardan halkara maglumatlara salgylanmalar ........................104

2-nji GOŞUNDY. Peýdalanylan edebiýatlaryň sanawy ..........................................................105

3-nji GOŞUNDY. Suratlar .....................................................................................................107

Gysgaltmalar .........................................................................................................................109

## Türkmenistan
## BMG-niň Biologik dürlülik hakyndaky Konwensiýasynyň çözgütlerini ýerine ýetirmek boýunça altynjy Milli hasabat – iki kitap, türkmen we rus dillerinde taýýarlandy

**6-njy Milli hasabaty taýýarlamaga gatnaşdylar:**

J. Saparmyradow Türkmenistanyň Oba hojalyk we Daşky gurşawy goramak ministrliginiň daşky gurşawy goramak we meteorologiýa müdirliginiň başlygy, Ş.B. Karryýewa, Biologik dürlülik baradaky konwensiýanyň YTTMKG-nyň bilermeni; J.H. Annaçaryýewa biodürlülik boýunça milli bilermeni, G. Gurbanmämmedowa ÇÖHDMI-iň uly ylmy işgäri, biodürlülik boýunça milli bilermeni; A. Rotaru Biologik dürlülik boýunça halkara maslahatçy.

**Redaktor:** J. Saparmyradow

**Edebiýat redaktorlary:** A. Ýennik (rus dili), J. Akyýewa (türkmen dili)

**Terjime eden:** A. Potaýewa (türkmen dili)

**Kompýuter bezegçi-dizaýner:** Roman Agaew

**Suratlaryň awtorlary:** G. Amanow, H. Deltşew, P. Jons, B. Zimmerman, Ş. Karryýewa, G.M. Gurbanmämmedowa, A. Potaýewa, E. Rustamow, B. Sket, P. Stoýew, R. Orazaliýew, J. Uelç, S. Fateýew, J. Holden, A. Şerbina, A. Eýeberdiýew.

***Kitabyň daşyndaky suratlar:***
*aýraklar (Ovis ammon); çyryş (Eremurus); owgan tilkisi (Vulpes cana); zemzen (Varanus griseus caspius); alajabars (Panthera pardus saxicolor); dinozawlaryň belentligi (Koytendag); keyik (Gazella subgutturosa); Amyderýa.*